TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**MAHMYT ZAMAHŞARY**

# ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY

**أبو القاسم محمود بن عمر جارالله الزمخشرى**

## ر بيع لأبرا ر

## II

**Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Kakajan Janbekow**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 820/89(100-87)**
**Z23**

**Z23 Zamahşary M.**
Ýagşyzadalaryň bahary, II jilt, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004, 320 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Bekiýew A.R., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**G. Guzuçyýewa,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda we gönüden-göni tabşyrygy esasynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XI-XII asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly köp jiltli eseri. Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň ruhy gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgalarynyň biridir.*

*Pähim-paýhaslardan, öwüt-nesihatlardan, nakyllardyr atalar sözlerinden ybarat bolan bu eser biziň ruhy dünýämiziň has hem gözelleşmegine hyzmat eder. Kitap eseriň Stambulda saklanýan golýazma nusgasy esasynda türkmen diline terjime edildi.*

**TMMMM №012**

**TDKP №78** **2004** **KBK84.35(5)**

© Zamahşary M., II jilt, 2004 ý.
Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Janbekow K., terjime, çapa taýýarlama, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň***

***taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*». Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# ON ALTYNJY BAP

## SYLAG-SERPAÝ ETMEK, HAÝÝR IŞE ÇYKDAJY ETMEK HEM ONUŇ ÖWEZINI DOLMAK WE ŞULARA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Bir gezek Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna Hebeşi[1] hökümdarynyň adamlary myhmançylyga gelýärler. Muhammet alaýhyssalamyň özi olara hyzmat etmäge başlaýar. Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleri oňa:

— Eý, Resulalla, sen otur, myhmanlara biziň özümiz hyzmat ederis — diýenlerinde, Muhammet alaýhyssalam:

— Olaryň hökümdary hem meniň egindeşlerime şeýle hyzmat edipdi — diýip jogap berýär.

* * *

Ibn Apbas[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Isa alaýhyssalam beni ysraýyl taýpasynyň arasyna baryp: «Eý, beni ysraýyl! Adamlara zulum-sütem etmäň, zulumkeş adama-da sylag-hormat bildirmäň, halat-serpaý ýapmaň. Zulumkeşe hormat goýan adamyň mertebesi Allanyň huzurynda pese düşer» diýdi diýýär.

---

[1] Hebeşistan — Efiopiýa

[2] Abdylla ibn Apbas ibn Abdylmuttalyp — meşhur hadys alymlarynyň biri.



*Çary Amangeldiýewyň çeken natýurmorty.*

* * *

Ýezit ibn Halyt Abasy şeýle diýýär:

Doganymyň gözlerinde malu-dünýä höwes bar,
Bu höwesiň aşyklary günbe-günden bolýar har.

Doganymy bu dertden, saplamaga çäräm ýok,
«Çeni bilen ber» diýip, dileg edýän senden Hak.

* * *

Hajyp ibn Zerara şeýle diýýär:

Meniň ýagşy işlerimiň bilinmese gadyry,
Dilim lal acar, dymar, islemerin hödüri.

* * *

Bir adam Hezreti Alynyň öýüniň gapysyny kakyp dileg edýär. Hezreti Aly ýanynda oýnap ýören iki ogluna:

— Baryň ejeňizdäki alty dirhemi getiriň — diýýär.

Hezreti Alynyň sözlerini eşiden Patma:

— Ol puly un satyn almak üçin goýduk ahyryn — diýýär.

Hezreti Aly:

— Allatagalanyň çäksiz baýlygyndan umyt etmän, sadaka çykarmaýan adamyň imany güýçsiz bolýandyr — diýýär we alty dirhemi-de dileg bilen gelen adama berip goýberýär.

Şol gün bir adam düýe satmak üçin Hezreti Alynyň ýanyna gelýär. Hezreti Aly onuň düýesini bir ýüz kyrk dirhem berip satyn alýar we we şol günüň özünde hyrydar tapyp, satyn alan düýesini iki ýüz dirheme satýar. Ol gazanan altmyş dirhemini Patma eltip berýär. Patma Hezreti Alydan:

— Bu näme? — diýip soraýar.

Onda Hezreti Aly:

— Bu Allatagalanyň seniň kakaňa beren sözi, ýagny kimde-kim gowy, haýyr iş etse oňa şol eden haýyr işi üçin on esse ýa-da şonuň ýaly haýyr gaýdyp gelýändir — diýýär.

* * *

Awzagynyň[1] ýanyna goňşusy gelýip:

— Bu gün baýramçylyk, meniň bolsa öýde iýer ýaly zadym ýok — diýýär.

Awzagy aýalyndan:

— Seniň ýanyňda näçe puluň bar? — diýip soraýar.

Ol:

— 20,5 dirhem bar — diýip jogap berýär.

Onda Awzagy:

— Getir barysyny, duldegşir goňşyň aç otyrka, biziň dok oturmagymyz gelşiksizdir — diýýär we özüniň 20,5 dirhemini dileg bilen gelen goňşusyna berip goýberýär.

Goňşusy gidýärem welin onuň gapysy kakylýar. Awzagy gapyny açsa, bir garry adam dur. Ol adam:

— Men seniň kakaň guludym. Ol ölenden soň gidip gazanç etdim we saňa 20,5 dinar getirdim. Şu puly al-da meni azat et — diýýär.

Awzagy onuň beren 20,5 dinaryny alyp, oňa:

— Şu günden şeýläk sen azat — diýýär. Soňra bolsa aýalyna:

— Görýäňmi Allanyň edýän zatlaryny, seniň her bir dirhemiňi dinara öwürdi we bir bendäni gulçulykdan azat etdi — diýýär.

[1] Abdyrahman ibn Amr ibn Muhammet Awzagy. 157-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kim-de kim saňa erbetlik etse, oňa gowulyk bilen jogap ber» diýýär.

* * *

Ýene-de Hezreti Aly: «Haýyr-yhsan etmeýän, sadaka paýlamaýan adam Allatagalanyň rehmetinden umydyny üzsin we haýyr-yhsan edilmegine garaşmasyn» diýýär.

* * *

Bir gezek Şapygy[1] Müsürde köwüş ussasynyň ýanyndan geçip barýarka, elinden gamçysy gaçýar. Köwüş ussasy ýerinden böküp turup, gamçyny ýerden galdyrýar. Ol gamçynyň gumuny süpürip, ony Şapyga uzadýar. Şapygy ýanyndaky hyzmatkärinden:

— Ýanyňda näçe pul bar? — diýip soraýar. Ol:

— Ýigrimi dinar bar — diýip jogap berýär. Onda Şapygy:

— Pullaryň baryny oňa ber we seniň etmeli işiňi edenligi üçin ötünç sora — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Daşy hem gelen tarapyna zyňmalydyr. Kä halatda şer işe şer bilen jogap bermeli bolýar» diýýär.

* * *

Buzurgmehrden:

— Seniň iň lezzet alýan zadyň näme? — diýip soranlarynda, ol:

---

[1] Muhammet ibn Idris Şafygy — musulman dininiň Şapygy mezhebiniň mugallymy.

— Mynasyp adama halat-serpaý ýapmak meniň üçin iň lezzetli zatdyr — diýip jogap berýär.

* * *

Isgenderden[1]:

— Seni şatlandyrýan zat näme? — diýip soranlarynda, ol:

— Maňa bir ýagşylyk eden adama ýüz ýagşylyk bilen jogap bermek, meniň üçin uly şatlykdyr — diýip jogap berýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adamlary ýaman, erbet işlerden saklaň we şol bir wagtda özüňiz hem erbet işlerden daşda duruň» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Hassyn:

Dost-ýarlara hemişe ediler sylag-hormat,
Duşman gelse münüler gylyç syryp ýyndam at.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Ýagşy adama hatda ol hebeşili gara gul bolsa-da, gowy gatnaşyk ediň, adyl boluň. Ýaman, zalym adama hatda ol kuraýyşly[2] azat adam bolsa-da, hakykaty aýdyň we adyl bolmagyny talap ediň» diýýär.

* * *

Anuşirwan ölüminiň öň ýanynda egindeşlerine: «Haýyr-yhsan iş edip, sogapdan başga zada garaşmaň. Ýamanlyk

[1] Dünýäni basyp alan makedoniýaly Isgender.
[2] Kuraýyş — Muhammet alaýhyssalamyň tiresi.

edene-de ýagşylyk bilen jogap beriň» diýýär we bu sözleri mazaryna ýazmagy emr edýär.

* * *

Jahyz[1]: «Ýamanlyk edene ýagşylyk bilen jogap berýän adam Allanyň ýanynda ulu sylag-derejä eýedir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Şer işler günä eltýändir. Günä iş edýänleriň barjak ýeri dowzahdyr. Haýyr-yhsan işler sogaba eltýändir. Sogap iş edýänleriň barjak menzili jennetdir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kesekä ýagşylyk ediň, şonda öz ahyretiňiz gowy bolar» diýýär.

* * *

Bir şanyň weziri bolupdyr. Ol her gün şanyň ýanyna salama gelende, salam berenden soňra: «Ýagşy adam sylag-serpaýa, hormata mynasyp bolsun, ýaman adamyň bolsa niýetine düweni öz başyna gelsin» diýer eken. Şanyň ýakyn adamlarynyň biri bu weziri ýigrener eken, oňa görübilmezçilik eder eken. Ol adam bir gün weziri myhmançylyga çagyrýar we sarymsakly nahar hödür-kerem edýär. Soňra ol adam şanyň ýanyna baryp: «Seniň weziriň seni adamlaryň arasynda masgara etdi. Ol halkyň arasynda seniň agzyň porsy diýen gürrüňi ýaýradýar» diýip, weziriň üstüne ýalan töhmet atýar. Ertesi wezir ýene-de şanyň ýanyna salama gelýär. Emma ol bu gezek sarymsagyň ýaramaz ysy gelmesin diýen niýet bilen

[1] Amr ibn Bahr Jahyz.

agzyny donunyň ýakasy bilen ýapýar. Şa bolsa onuň beýle etmegini özüniň agzynyň porsudygy üçin edýändir diýip pikir edýär. Onuň wezirine gahary gelýär we jelladyna haty elten adamynyň kellesini alyp, derisine saman dykmagy emr edip, hat ýazýar. Hata möhürini basyp, weziriň eline berýär. Bu şanyň bir adaty bardy. Ol kimdir birini sylaglamak islese, ony sylaglamak hakyndaky haty öz eli bilen ýazardy. Weziri ýamanlan adam şanyň öz eli bilen hat ýazandygyny görüp, şa weziri sylaga ýazandyr öýdýär we weziriň ýanyna baryp:

— Meniň özüm seniň hatyňy alyp gideýin we näme berilse ony saňa getirip beräýerin — diýýär. Wezir onuň diýeni bilen razylaşýar we haty oňa berip, özi öýüne gaýdýar. Weziri ýamanlan adam bolsa haty jellada eltip berende, jellat ol hatda näme ýazylan bolsa şony hem ýerine ýetirýär. Ertesi güni wezir adatdakysy ýaly şanyň gaşyna salama gelýär. Şa ony görüp haýran galýar we ondan:

— Seniň bilen düýnki adamyň arasynda näme bolup geçdi — diýip soraýar. Wezir:

— Ýok, hiç zat bolanok, ýöne düýn ol meni myhmançylyga çagyrdy we sarymsakly nahar hödür etdi. Şol sebäpli seniň ýanyňa gelenimde, agzymdan sarymsagyň ysy gelmesin diýip agzymy donum bilen ýapdym — diýýär.

Şa onuň aýdanlaryny diňläp, birnäçe wagt bir nokada seredip oýlanyp oturýar-da:

— Seniň salama geleniňde, ýagşy adam sylaga-hormata, ýaman adamyň niýeti öz başyna gelsin diýeniň dogry bolup çykdy — diýýär we ol wezirine halat-serpaý ýapyp, örän köp pul peşgeş berýär.

* * *

Medaýyny[1] şeýle diýýär: «Günleriň birinde bir adamyň Sapa we Merwe[2] aralygynda eşekli aýlanyp ýörendigini gördüm, soňra bolsa ol adamyň öýüne eşeginiň gapdalynda pyýada ýöräp barýandygyny gördüm. Men ondan:

— Näme üçin beýle edýäň? — diýip soranymda, ol:

— Men adamlaryň ýöräp geçmeli ýeri bolan Sapa we Merwe aralygynda ýarawsyzlygym sebäpli, eşegime münüp aýlandym. Indi bolsa halym gowulaşdy we eşege münülmesiz ýerde münenimiň öwezini dolmak üçin, adamlaryň ulagly geçýän ýerini pyýada ýöräp geçmek isleýärin — diýdi».

* * *

«Abu Müslim Hulany[3] yslam dini üçin aglaýar» diýip, emewiler halypasy Mugawyýa habar berýärler. Ol Abu Müslim Hulanyny ýanyna çagyryp:

— Sen Käbäniň daşyndan aýlanyp, yslam dini üçin aglaýarmyşyň diýip eşitdim. Şol aýdylýan dogrumy? — diýip soraýar.

Abu Müslim:

— Hawa, diýip soňra ondan — Seniň adyň näme? — diýip soraýar.

Ol:

— Mugawyýa — diýip jogap berýär.

Onda Abu Müslim:

---

[1] Aly ibn Muhammet ibn Abdylla Abu Hasan Medaýyny. Ol 135-nji hijri ýylynda Basrada dogulýar we şol ýerde önüp-ösýär . Soňra Bagdada göçýär. Ol öz döwrüniň meşhur taryhçysy hökmünde tanalýar. Ol pygamber we onuň aýalydyr egindeşleri hakynda örän köp rowaýat toplaýar. Ol 225-nji hijri ýylynda Bagdatda aradan çykýar.

[2] Mekgedäki iki sany dagyň adydyr. Haj edýänlere ýedi gezek bu iki dagyň arasynda ylgamak parzdyr.

[3] Abdylla ibn Sawp Hulany. Ol 62-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

— Eý, Mugawyýa! Haýyr iş etseň sogap, şer iş etseň hem günä gazanarsyň. Sen bütin ömrüňe ähli ýer ýüzündäki adamlara haýyr-yhsan edip, ýekeje adama hem zulum etseň, şol ýeke adama eden zulmuň günäsi ähli sogabyňdan agyr geler diýip gorkýaryn. Meniň yslam dini üçin aglamagymyň hem sebäbi şoldur — diýýär.

Onuň bu sözleri Mugawyýa örän güýçli täsir edýär. Mugawyýa gözüne ýaş aýlap, ol adama halat-serpaý edýär.

* * *

Hasan ibn Aly[1] goňşularyndan bir adama müň dirhem bermegi emr edipdir. Onda ol adam:

— Eý, pygamber zürýady, eden haýyr işiň üçin, seni Taňry ýalkasyn. Seniň bu ýagşylygyňy men neneň gaýtararyn — diýýär.

Hasan:

— Seniň şu dilegiň özi hem meniň üçin uly peşgeşdir — diýýär.

[1] Hasan ibn Aly ibn Abu Talyp.

# ON ÝEDINJI BAP

## SAMSYKLYK, KEMAKYLLYK, SÖZLÄNDE SÄWLIK GOÝBERMEK, ÝALŇYŞLYK, HATA WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muaz ibn Jebel[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Siz edýän işleriňize doly akyl ýetirip etmelisiňiz. Bu dünýede iki zada ýagny samsyklyga we maly-dünýä bolan söýgä garşy göreşmek örän kyndyr» diýýär.

* * *

Bir adam Omar ibn Hattabyň ýanynda otyrka sözünde ýalňyşýar. Onda Omar oňa: «Seniň we Amr ibn Asyň häsiýetiniň meňzeşdigine şaýatlyk edýärin» diýýär.

* * *

Bir hadys diňlän adam Awzagydan[2]:

— Hadysda ýalňyş zat bolup bilermi? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Ýok, sebäbi Muhammet alaýhyssalam Allanyň gudraty bilen hiç haçan ýalňyşmaýar — diýip jogap berýär.

---

[1] Muaz ibn Jebel — Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleriniň biri.

[2] Abdyrahman ibn Amr Awzagy — Şam iliniň ymamy.

* * *

Sehl ibn Abdylla[1]: «Adamlaryň ylymsyzlyk, nadanlyk bilen Allatagala ybadat etmegi haramdyr» diýýär.

* * *

Alymyň nadanlykdan üstün çykmagyndan ylmyň nadandan üstün çykmagy has gowudyr.

* * *

Bir adam dört zatda ýalňyşlyk goýberýän eken. Ol gürrüň edilmedik zady eşidýär, eşitmedik zadyny ýatlaýar, ýatlamadyk zady hakynda ýazýar, ýazmadyk zady hakynda-da gürrüň berýär eken.

* * *

Mamun Semamadan[2]:

— Bela nämedir? — diýip soranda, ol:

— Ylymly adamlaryň üstünden samsyk hökümdaryň höküm sürmegidir — diýip jogap berýär.

Mamun:

— Sen ony nireden bilýärsiň — diýip soranda, ol:

— Maňa danalygy Harun Reşit öwretdi — diýip jogap berýär.

* * *

Dawut ibn Aly Yspyhany hakynda Naşii[1] şeýle diýýär:

---

[1] Abu Muhammet Sehl ibn Abdylla ibn Ýunus Testeri — Sopy alymlarynyň biri. 200-nji hijri ýylynda Ahwazda Huzystanda eneden doglup, 273-nji hijri ýylda ýa-da 283-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Abu Muyn Semama ibn Aşras Numeýri Mutezilileriň uly alymlarynyň biri. Ol Harun Reşit we onuň ogly Mamuna ýakyn adamlaryň biri bolupdyr. Ol 213-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

Nadanlygyň bilmän nadanlyk etdiň,
Sen bilmeýän zadyň bilýänsirediň.

* * *

Aristotel: «Akyl eýeleri öz aralarynda tiz düşünişerler. Emma samsyk adam bilen ne akylly, ne-de samsyk düşünşip biler. Muňa mysal, göni agajy göni agajyň ýanynda goýsaň, ikisi deň gelip, dogry durarlar. Emma egri agaç bolsa ne göni agaç bilen, ne-de egri agaç bilen dogry durar» diýýär.

* * *

Bir çarwa ogluna: «Ýagyr eşek bolgun, wagşy möjek bolgun, öý goraýan it bolgun, emma nadan adam bolmagyn» diýýär.

* * *

Halyl[2]: «Ýalňyşlygyň iň erbedi bilgeşleýin ýalňyşmakdyr» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Eger-de biziň aramyzda ýalan, ýalňyş sözleýänler bolmasa, dogry sözliniň gadry bilinmezdi» diýýär.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) nyşana atýanlaryň gabadyndan geçip barýarka, olaryň biriniň

---

[1] Naşii Ekber Abdylla ibn Muhammet Anbary Abu Apbas. Asly Anbarly. Ömrüniň köp bölegini Bagdatda ýaşaýar, soňra Müsüre göçýär we 293-nji hijri ýylynda aradan çykýar. Ol alym we şahyr bolupdyr.

[2] Halyl ibn Ahmet Farahy.

oky nyşana degmän, nyşananyň ýanyndan geçip gidýär. Mergenleriň biri ýaňky nyşana dogry atyp bilmedige:

— Ýalňyşdyň, hata goýberdiň — diýýär.

Muny eşiden Omar:

— Nyşana atanda ýalňyşsaň hiç, esasy zat gürläniňde, durmuşda özüňi alyp baranda ýalňyşmasaň bolar — diýýär.

* * *

Bir adamyň biderek gürrüňleri Omar ibn Abdyleziziň[1] maňzyna batmaýar. Onuň bu ýagdaýyny duýan janpenasy ol adama:

— Tur ýeriňden, sen möminleriň emirini birahatlandyrdyň — diýýär.

Onda Omar:

— Seniň ol adamy kowmagyň meni has-da birahatlandyrdy — diýýär.

* * *

Bir oglan kakasyndan:

— Eý, kaka! Ramadylylar[2] diýip kimlere aýdylýar? — diýip soraýar. Ol adam bu topar hakynda hiç bir zat bilmänden soňra, ýüzüniň ugruna:

— Oglum, küle peşew edýänlere ramadylylar diýilýär — diýip jogap berýär.

* * *

Bir adam Hasan Basrydan:

— Men donumyň içinde sessiz ýel goýberýän welin, ýöne şol bolýarmyka? — diýip soraýar. Onda Hasan:

---

[1] Emewi halypasy Omar ibn Abdyleziz.

[2] Biz ramadylylar diýip atlandyrylýan topara duşmadyk. Arap dilinde ramady diýip kül reňke aýdylýar.

— Seniň edýäniň dogry welin, Allatagala musulmanlaryň içinde saňa meňzeşleri köpeltmäwersin — diýýär.

* * *

Samsyk adama edep-ekram öwretmek, oňa tälim bermek, hasyl bermejek daşly ýere tohum taşlan ýalydyr.

* * *

Asmagy[1] Käbede bir adamyň: «Eý zil jelal wel ikram» diýip, doga edýändigini eşidip:

— Sen näçe ýyl bäri doga edýärsiň? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Men ýedi ýyl bäri Allatagala doga-dileg bilen ýüz tutýaryn, emma şu wagta çenli soraýan zadym ýerine ýetmedi — diýýär.

Onda Asmagy:

— Heýde doganyň başynda hata goýberseň, dilegiň ýerine ýetermi? Indiki gezek: «Eý, züljelal wel ikram» diý, şonda seniň dilegiň hökman ýerine ýeter — diýýär.

* * *

Bir gezek Ahmet Hanbalyň ogly Abdylla[2] namazda bir aýaty, ýagny: «Seni ýaradan Allanyň ady bilen oka» diýmegiň ýerine ýalňyşyp, «Ýaradylan Allanyň ady bilen oka» diýip okaýar. Onda oňa uýup namaz okap duranlaryň biri:

— Seniň kakaň Gurhan adamyň ýazan kitaby däl-de, Allatagaladan inendir diýse, sen Allatagalanyň özi ýaradylandyr diýýärsiňle — diýýär.

---

[1] Abdylmälik ibn Karyp Asmagy.

[2] Abdylla ibn Ahmet ibn Muhammet ibn Hanbal Şeýbany. Ol 213-nji hijri ýylynda Bagdatda eneden doglup, 290-njy hijri ýylynda dünýäden ötýär. Ol örän köp hadys bilýän adam bolupdyr. Onuň « Zawaýid » atly kitaby bar. Bu kitapda on müňe golaý hadys jemlenendir.

* * *

Abu Ubeýda[1]: «Maňa kakam «Hat ýazanyňda ýalňyşmazlyk seniň bu hünäri kämil derejede öwrenendigiň subutnamasydyr» diýdi» diýýär.

* * *

Sagyt ibn Selim[2]: «Bir gezek Harun Reşidiň ýanyna bardym. Ol bir mesele barada kätibine buýruk ýazdyrýardy. Haçan-da, ol gürlände ýalňyşyp ugrasa, ýadanlygyny duýup, işinden el çekip dynç alýardy» diýýär.

* * *

Abu Ubeýda: «Hiç haçan mejlisde adamyň ýalňyşyny aýdyjy bolmaň. Ol siziň maslahatyňyza gulak goýmaz, üstesine-de sizi duşman tutunar» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Öz islegin özi bilmese adam,
Seň islegiň oňa ýetirmez hiç gam.

* * *

Bir gezek Halyt ibn Safwan suwa düşünmek üçin hammama baranda bir adam ony tanap, ogluna dana-dana gürlänsiräp:

---

[1] Abu Ubeýda Muammer ibn Musenna.

[2] Sagyt ibn Selim ibn Kuteýba ibn Müslim Bahyly. Ol Apbasylylar döwletiniň serkerdeleriniň biri. Mansur ony Ybraýym ibn Abdylla ibn Hasanyň üstüne Basra ýörişe ugradýar. Sagyt ýeňiş bilen dolanyp gelýär. Harun Reşidiň döwründe 172-nji ýylda Mosula häkim bellenýär. Soňra 180-nji hijri ýylynda Jezirä, 182-nji ýylda Ermeniýa, 191-nji ýylda Marguşa häkim bellenýär. Mamunyň Merwde halypalyk eden döwründe Sagyt onuň ýanynda iň ýakyn maslahatçysy bolýar. Ol hadys köp bilýän alym adam bolupdyr.

— Eý oglum, hammama gelseň, el-aýagyňy ýagşy edip ýuwgun — diýýär.

Ol ýene Halyt ibn Safwana seredip:

— Häzirki zamanda biziň ýaly danalar az-az galdy — diýýär welin, Halyt ibn Safwan:

— Eý Allam, şeýle adamlary azaldanyň üçin bihasap şükür — diýýär.

* * *

Bir dana: «Nadan adam arzuw edende-de biderek zatlar hakynda arzuw eder» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Adamlaryň arasyndaky duşmançylygyň köpüsi nadanlykdan başlanýandyr» diýýär.

* * *

Buzurgmehrden[1]:

—Näme üçin samsyklyga garşy göreşip bolanok — diýip soralanda, ol:

— Kör adamyň bu dünýäni görüp bilmeýşi ýaly, samsyk adam hem dogry ýerine ýetirmeli zatlary bolmalysy ýaly kabul edenok. Şonuň üçin hem samsyklyga garşy göreşip bolanok — diýýär.

* * *

Bir adam Halyt ibn Safwandan:

— Eger-de men düýşümde biri bilen urşup, soňra huşumda-da onuň bilen uruşsam nähili bolar? — diýip soraýar.

Onda Halyt:

---

[1] Pars danasy.

— Şeýle etseň, seniň adam şeklindäki eşek boldugyň bolar — diýýär.

* * *

Serkerdeleriň biri Abu Müslime[1] ýüz tutup durka sözünde ýalňyşýar. Abu Müslim ondan:

— Gepleşigiň düzgünlerine üns bereňokmy? — diýip soraýar.

Onda ol:

— Üns berseň gepleşikde ulanýan sözleriň azalýarmyşyn — diýýär.

Onda Abu Müslim gahar bilen:

— Seniň öýüň köýsün! Köp we ýalňyş gürläniňden az, emma dogry gürläniň müň esse gowudyr — diýýär.

* * *

Bir garry adam aýaklaryny biri-birine urup çapak çalýardy. Ol elidir aýaklary bilen edip bolmajak geň hereketler edýärdi. Adamlar onuň ýaly geň hereketler edip bilýän we şol bir wagtda-da şeýle samsyk adamy görmändiler.

* * *

Samsyk, nadan adama subutnamanyň derkarlygy ýokdur. Subutnamalar onuň üçin gury sözdür.

* * *

Attaby[2]: «Akmaklaryň mejlisi akylyň kesellemegidir» diýýär.

---

[1] Apbaslylar döwletini esaslandyryjy Abu Müslim Horasany.

[2] Gülsüm ibn Amr Attabydyr.

* * *

Bir dana: «Eger bir nadan parasatly gürläp oturan bolsa, derrew güne seret, megerem gün günbatardan dogan bolsa gerek» diýýär.

* * *

Bir dindar: «Gürläniňde goýberilen ýalňyşlygy şolbada düzedip bolar. Emma durmuşda goýberilen säwligi düzetmek kyndyr» diýýär.

* * *

Abu Eswet Duweli[1]: «Akylly, alym adama ezýet berjek bolsaň, ony samsyk, nadan adam bilen söhbetdeş edäýmeli» diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Musa Aşgary[2] Omar ibn Hattaba hat ýollaýar. Omar haty okap, hatda ýalňyş bardygyny görýär we Abu Musa:

— Kätibiňe gamçy urdur — diýip, hat ýollaýar.

Abu Musa Omaryň hatyny okap, Omara jogap hat goýberýär. Ol Omara:

— Seniň kätibiň goýberen hatalaryny görüp, men öz kätibime gamçy urmazlyga kasam etdim — diýýär.

---

[1] Zalym ibn Amr ibn Sufýan ibn Jendel Duweli Kennany. Alym, şahyr, dindar, serkerde we belli emirleriň biri. Alynyň halypalyk eden döwründe Basra häkim bellenýär we tä Aly öldürilýänçä şol ýeri dolandyrýar. Örän gowy goşgular ýazypdyr. Onuň soňky goşgulary Mugawyýa bagyşlanypdyr. Ol 71 ýaşyň içinde 69-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Abu Musa Aşgary Abdylla ibn Kaýs.

* * *

Bir çarwa bazara girýär. Ol ähli täjirleriň ýalňyş gürleşýändigini görüp: «Eý, Allam, bular ýalňyş gürleseler-de, gazanç etmäni-hä başarýarlar» diýýär.

* * *

Bir gezek Müslime ibn Abdylmälik esgerleriniň birinden:

— Adyň name? — diýip soraýar.

Esger:

— Abdalla — diýip jogap berýär.

Müslime ibn Abdylmälik:

— Kakaň ady name? — diýip soranda:

Esger:

— Abdirahman — diýip jogap berýär.

Müslime ibn Abdylmälik:

— Özüniň we kakasynyň adyny dogry aýdyp bilmeýän adam jeza çekmäge mynasypdyr — diýýär we ol esgere gamçy urmagy emr edýär.

* * *

Welit ibn Abdylmälik anna güni metjitde wagyz edende köplenç ýalňyşýardy. Ol bu gezekki wagyzda-da ýalňyşdy welin, onuň dogany Süleýman: «Raýatlar onuň diýişi ýaly etmeseler bolýa-la» diýdi.

* * *

Bir adam Hasan Basra:

— Men iň dile çeper adam — diýýär.

Hasan Basry:

— Beýle diýme! — diýýär.

Onda ol adam:

— Hany bir söz aýt. Men saňa ussatlygymy görkezeýin — diýýär.

Emma ol şu sözleri aýdanda ýalňyşlyk goýberýär. Hasan Basry:
— Sen eýýäm ussatlygyňy görkezdiň — diýipdir.

* * *

Ibn Semmäk:[1] «Akylly adamyň mekirligi, samsyk adamyň bolsa samsyklygy, başga adamlara zyýany ýetmese has gowudyr» diýýär.

* * *

Bir adam Hasan Basrydan:
— Eger-de gürläniňde birden ýalňyşaýsaň, näme etjek — diýip soranda, ol:
— Men birden ýalňyşlyk goýberilýän ýaşdan geçdim — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gün Welit ibn Ýezit[2] küşt oýnap otyrka, onuň ýanyna sakyf tiresinden bir adam gelýär. Welit küşt tagtasyny bir gapdalda goýup, ol adam bilen gürleşmäge başlaýar. Gürrüňiň arasynda ol adamdan:
— Sen Gurhan okaýarsyňmy? — diýip soraýar.

---

[1] Muhammet ibn Subeýh Ajaly.

[2] Welit ibn Ýezit ibn Abdylmälik ibn Merwan. Ol 88-nji hijri ýylynda eneden dogulýar. Kakasynyň dogany Hyşam ibn Abdylmälikden soňra 125-nji ýylda halypa bolýar. Ol 1 ýyl we 3 aý halypa bolup döwleti dolandyrýar. Welidiň humar oýunlaryna gyzygýany üçin halk ony tagtyndan agdaryp, Ýezit ibn Welit ibn Abdylmäligi ykrar edýärler. Welit bu wagt Iordaniýanyň gündogaryndady. Ony Ýezidiň egindeşleri 126-njy hijri ýylynda Nugman ibn Beşiriň köşgünde tutup kellesini alýarlar. Welidiň kellesi Damaska getirilýär we metjidiň bir çüňkünden asyp goýulýar. Onuň kellesinden akan gan metjidiň diwarynda Mamunyň halypalyga gelen döwrüne 215-nji hijri ýylyna çenli durýar. Mamun gan degen diwary ýykyp täzeden gurmagy emr edýär. Welit emewileriň edenli, batyr, akylly ýigitleriniň biridi. Aýdym-saza, şygra uly üns beripdir. Bir ýere gidende öňünde dep çalmagy emr eder eken.

Ol adam:

—Ýok! Eý, möminleriň emiri, Alladan ant içýärin, gündelik işlere meşgul bolup, meniň Gurhan okamaga hiç wagtym galmaýar — diýýär.

Welit:

— Fykh ylmyndan başyň çykýarmy? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Ýok — diýip jogap berýär.

Soňra Welit:

— Heý, goşgulardan bir beýt bir bilýärsiňmi? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Hiç zat bilemok — diýýär we birden onuň gözi Welidiň ýanynda duran küşt tagtasyna düşýär. Ol Welide:

— Şany gora — diýýär.

Welidiň ýanynda oturan Abdylla ibn Mugawyýa[1]:

— Seniň esasy bilmeli zatlary bilmän küşt biläýşiňi — diýýär.

Onda Welit:

— Gapyl, kes sesiňi, ony hem bilmese näme etjek — diýýär.

* * *

Günä işler uly bir gala bolsa, ýalňyşlyk bu galanyň açarydyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Kör adam gözi görmän ýalňyşlyk goýberse, gözli adam köplenç bilip ýalňyşlyk edýär» diýýär.

---

[1] Onuň şol döwürdäki haýsy Abdylla ibn Mugawyýadygy mälim däl.

* * *

Harysa ibn Gaddany[1] şeýle diýýär:

Bilmezlikden öldürseň, dogryňy aýtgyn mydam,
Bilmeýän zadyň özgä, ündemegin eý, adam.

Ylyma dalaş edýän sanardan köpdür heniz,
Adam ömri gysgadyr soňuna ýetmez hergiz.

* * *

Bir akyldar: «Samsyk, nadan adam gymmat bahaly zadyň gymmatyna, onuň nepisligine düşünmez. Aýlawly, çeper gürrüňlere diňe pähimli, düşbi adam akyl ýetirip biler» diýýär.

* * *

Geň hem täsin wakalar kitabyndan: «Nadan adam bolmadyk wakalary özünden toslap, başgalara gürrüň berýär. Soňra şol gürrüňlere özi hem ynanýar».

* * *

Akyl bilen danalyk ýatdyr samsyk-nadana,
Parasatlyk berler peder ynamyn ödäne.

* * *

Kimdir biriniň ýüreginde erbetlik, görüpçilik bolmasa, onda onuň akly-huşy ýerindedir.

---

[1] Harysa ibn Bedr ibn Huseýin Gadany Temimi. Pygamber alaýhyssalamy gören adamlardan. Beni temimiň tanymal adamlarynyň biri. Ol Omar, Aly, Mugawyýa we onuň ogly hakynda ýatlamalar ýazypdyr. Ahwaz tarapda hawaryjlara ýolbaşçylyk edipdir. Soňra yzyna Basra gämide dolanýar we 65-nji hijri ýylynda gämi gark bolup wepat bolýar.

* * *

Ibn Abu Leýla[1]: «Bir gezek Şamda syýahat edip ýörkäm Damaskyň bazarynda bir adam hammalyň göterip barýan ýükünden oňa bildirmän bir nar ogurlady. Soňra ol adam alan naryny ýolda dilegçilik edip oturan gedaýa sadaka berdi. Men nar ogurlan adamyň ýanyna baryp, oňa: «Seniň nary ogurlap almagyň erbet işdir. Emma ogurlan naryňy gedaýa sadaka bereniň üçin, saňa on sogap ýazylýandyr diýdim» diýýär.

* * *

Musulmanlar Muhammet alaýhyssalamyň agasy Amr ibn Hyşama[2] «Abu Jähl (iň bir nadan) diýýärdiler. Ol yslam dinine, pygambere garşy çykandygy üçin bu lakama eýe boldy. Yslam dini gelmezden öň kuraýşylar oňa «Abu Häkäm» (dana, parasatly) diýip ýüzlenýärdiler.

* * *

Hassan şeýle diýýär:

Külli Kuraýyş oňa «danalaň danasy» diýdi,
Allatagala oňa Abu Jähl lakamyn berdi.

* * *

Hasan ibn Säbit Ensary şeýle diýýär:

Adam akyllymy ýa-da ol nadan,
Köpçülikde dili edýändir aýan.

---

[1] Abdyrahman ibn Abu Leýla Bilal Ensary. Omaryň halypalyk eden döwründe eneden dogulýar. Omar, Osman, Aly we olaryň egindeşleri hakynda köp rowaýatlar gürrüň berýär. 82-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Amr ibn Hyşam ibn Mugyra Mahzumy Kuraýşy. Jahylyýet döwründe kuraýyşlaryň iň baý we tanymal adamlarynyň biri bolupdyr. Yslam dini ýüze çykandan soň, pygamberiň we musulmanlaryň iň ganym duşmanyna öwrülýär. 2-nji hijri ýylynda Bedr söweşinde öldürilýär.

* * *

Abdylla ibn Apbas[1] bir dosty bilen gürrüňdeş bolanda onuň örän ýalňyş gürleýändigine üns beripdir. Abdylla ibn Apbas ol dostynyň guly arap dilinde gürlände diýseň köp ýalňyş goýberýändigini we dostynyň gürlemegine-de şol gulyň täsiriniň ýetendigini bilip, dostuna köp pul töläp bu guly satyn alypdyr. Günleriň birinde Abdylla şaýatlary çagyryp ol guly azat edýär. Guluň öňki eýesi bu habary eşidip, Abdylladan onuň näme üçin beýle edendigini soranynda ol: «Meniň saňa nebsim agyryp, ony senden satyn aldym. Seniň günüňe düşmezlik üçin bolsa, ony azat etmäge mejbur boldum» diýýär.

* * *

Eksem ibn Saýfy: «Bilgeşleýin nadanlyk bilen höküm edýän alymyň öýi köýsin» diýýär.

* * *

Adamlaryň bir topary Agmaşyň ýanyna gelip, hadys gürrüň bermegini sorapdyrlar. Agmaş olardan:

— Bu gün hepdäniň haýsy güni? — diýip soranda, olaryň biri:

— Ýaşgün — diýip jogap berýär.

Ol bu sözi aýdanda hata goýberýär. Agmaş olara:

— Muhammet alaýhyssalamyň hadyslaryna dogry düşünmek üçin, ilki dogry gürlemäni öwreniň. Ondan soňra hadys aýtmagymy talap ediň — diýýär.

* * *

Bir gün Hajjaç kätibiniň ýazan hatyny okap ýalňyş tapýar we kätibiň barmagyny çapmagy emr edýär.

---

[1] Abdylla ibn Apbas Abdylmuttalyp.

* * *

Emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziziň diwanynyň bir işgäri Omara hat ýollaýar. Omar bu haty okap, örän köp ýalňyşlyk goýberilendigini görüp, ol kätibi getirip, gamçy urmagy emr edýär.

* * *

Musa diýen bir çarwa metjide namaz okamaga girýär. Ol namaza duranda elindäki haltajygy ýanynda goýýar. Ymam namazda Musa pygamber baradaky aýaty okaýar. Ol:

— Eý, Musa! Ýanyňdaky näme?— diýip soraýar.

Çarwa Musa haltajygyny ymamyň ýanyna oklap goýberýär. Ymam:

— Alladan ant içýärin sen jadygöýsiň — diýýär.

* * *

Bir dana adam: «Käbir oduň suwuň ýüzünde-de ýanyşy ýaly, käbir samsyk, nadan mejlisiň edebini saklamagy başarýar» diýýär.

* * *

Uzak gürlemek nadanyň nadanlygyny aýan edýär. Akylly adam hiç haçan manysyz we köp gürlemez.

* * *

Bir gezek Seýhan ibn Hüseýin Muhammet ibn Salamyň[1] öýünde bolýan mejlise gatnaşýar. Bu ýerde dil ylmy bilen gyzyklanýanlar ýygnanýardy. Seýhan olar bilen söhbetdeş bolup otyrka ýalňyşýar. Muhammet ibn Salam ony bir çete çagyryp: «Özüň dil ylmynyň ussady bolup ýalňyş goýberseň,

---

[1] Muhammet ibn Salam ibn Ubeýdylla Jahmy dil ylmynyň ymamy. 150-nji hijri ýylynda Basrada eneden dogulýar we 232-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

onda mejlisde oturanlaryň gözünden düşersiň. Olar ylym öwrenmek üçin bize gol berýärler ahyryn» diýýär.

* * *

Günleriň birinde gijäniň bir wagty bir serhoş adam Awkas Mahzumynyň[1] öýüniň ýanynda aýdyma hiňlenýär. Mekgäniň kazysy Mahzumy onuň sesine öýünden çykýar we serhoşa: «Gijäniň içinde uly ili örüzip, haram işlere baş goşup şerap içdiňmi?» diýip soraýar. Serhoş öňünde kimiň durandygyna we özüne nämäniň garaşýandygyna göz ýetirip kazydan ötünç soraýar we gaýdyp beýle işe baş goşmajakdygyna ant içip, toba edýär. Kazy onuň günäsini geçip jeza bermekden boşadýar.

* * *

Bir gezek Halyt Safwan emewiler halypasy Abdylmälik bilen gürleşip otyrka ýalňyşlyk goýberýär. Onda Abdylmälik oňa: «Sözde ýalňyşmaklyk meniň ýüzümdäki peşehordamdan hem erbetdir» diýýär.

* * *

Bir adam emewiler halypasy Süleýman bilen gürleşip otyrka, ýalňyşlyk goýberýär. Onda Süleýman oňa: «Owadan parçadan tikilen dona ýama salanda ýamanyň dony gelşikden gaçyryşy ýaly seniň gürleýşiň hem arap diliniň owadanlygyny gaçyrýar» diýýär.

* * *

Halyt Safwan bir adama halypalaryň ýaşaýşy hakynda gürrüň berip otyrka ýalňyşýar. Onda ony diňläp oturan adam: «Seniň özüň-ä halypalar hakynda gürrüň berýärsiň. Seniň

[1] Abu Halyt Muhammet ibn Abdyrahman ibn Hyşam Mahzumy. Mekgäniň kazysy. 169-njy hijri ýylynda wepat bolýar. Awkas lakamy oňa boýny gysga bolany üçin berilýär.

gürläniňde goýberen ýalňyşlygyňy halypalaryň hyzmatkärleri hem goýbermezdi. Seniň özüň arap dilini bir bilýärsiňmi?» diýýär.

* * *

Jahyz bir gezek: «Eger kimdir biri narjis[1] gülüni ysgasa onuň akly durlanar, nepesi tämizlener» diýýär.

* * *

Gurhany ýalňyş okamak günädir.

* * *

Ähli ýaramaz işleriň we ýaramaz endikleriň gözbaşy nadanlykdyr.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Nadan bolsa ene-atanyň biri,
Hökman ýeter balasyna täsiri.

* * *

Şagby bir adamdan:
— Sen kimlerden? — diýip soraýar.
Ol adam:
— Benu Abdylladan — diýýär.
Onda Şagby:
— Eger sen hakykatdan hem beni Abdylladan bolýan bolsaň, tiräňiziň adyny dogry aýtmagy başarardyň — diýýär.

---

[1] Narjis — narsiss, ysly gülüň ady.

* * *

Zübeýir ibn Bekkar şeýle gürrüň berýär: «Bir gezek Mutawekkiliň ýanyna baranymda, ol maňa Abdylla ibn Mugtaz bilen duşuşmagy maslahat berdi. Men Abdyllanyň ýanyna baranymda, onuň ýaş oglandygyny görüp haýran bolup durdym. Abdylla meniň name üçin beýle hala düşendigime düşünip şeýle diýdi:

Owadanlyk ýüzde, gözde, gaşdadyr,
Akyl ýaşda däldir, akyl başdadyr.

Men ol oglan bilen gürrüňdeş bolup, onyň hakyky akyl eýesidigine göz ýetirdim».

* * *

Bir dana: «Arap dilinde gürläniňde ýalňyş goýbermejek bol, sebäbi bu dilde ýalňyşlyk goýberseň, Gurhany ýalňyş okarsyň. Gurhany ýalňyş okamak, külli günädir» diýýär.

* * *

Sewwada: «Bilenini ile öwretmedik nadandyr» diýýär.

## ON SEKIZINI BAP

## AKMAKLYK, JYNLYLYK, SAMSYKLYK, GAM-GUSSALYK, GYSSANMAÇLYK, SABYR-TAKATLYLYK WE DEREKSIZ IŞLER BILEN MEŞGUL BOLMAK HAKYNDA

Enes[1] (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle gürrüň berýär: Bir gün pygamber alaýhyssalam ýolda gidip barýarka bir adam çalt-çalt ýöräp onuň ýanyndan geçip gidýär. Başga bir adam Muhammet alaýhyssalam bilen deňleşip:

— Ýaňky geçip giden adam jynlydyr — diýýär.

Pygamber ol adama:

— Sen oňa jynly diýdiňmi? Jynly adam günäkär däldir. Onuň jynlylygy näsaglygydyr — diýýär.

* * *

Isa alaýhyssalam: «Näsaglardan köre, kere seredip, olara şypa etdim. Akmagy bejerjek bolup özüm näsagladym» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Akmaklykdan başga derdiň bardyr däri-dermany.

[1] Enes ibn Mälik — pygamberiň hyzmatkäri.

Akmaklara şypa etmek näsagladar bu jany.

* * *

Şureýih[1]:

— Ýarym akmakdan akmak haýyrlydyr — diýýär.

Onda adamlaryň biri:

— Ýarym akmak nähili bolýar? — diýip soranda, Şureýih:

— Akyly ýerinde bolup, bilip akmaklyk edýän adam — diýip jogap berýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Köp adamlarda samsyk gylyklar bardyr. Emma olaryň birnäçesi bu gylygy ret etmegi başarýarlar» diýýär.

* * *

Ahnaf[2]: «Eger-de men bir sagat akmak adam bilen otursam, şol bir sagatdaky söhbetdeşlik meniň aklyma ýeterlik derejede täsir edýär» diýýär.

* * *

Mubarrad[3]: «Basranyň golaýynda Hazkal diýilýän ýerde dälileri bejermek üçin ýörite dälihana bardy. Dälileri bu ýerde daňyp saklaýardylar. Araplarda kim-de kim üýtgeşik hereket

---

[1] Şerih ibn Harys Kindi. Ol kazy wezipesinde işläp 78-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Ahnaf ibn Kaýs Sagdy Temimi.

[3] Muhammet ibn Ýezit ibn Abdylakbar Sumaly Azady Abu Apbas Mubarrad. Öz döwründe Bagdatda ymam bolan adam. 210-nji hijri ýylynda Basrada eneden bolup, 286-njy hijri ýylynda Bagdatda wepat bolýar. Mazanydan we Abu Hatym Sistanydan tälim alýar.Ol dile çeper, alym, hadyslardan, dini meselelerden örän gowy baş çykarýan adam bolupdyr.

ediberse, oňa: «sen edil Hazkaldan gelen ýaly-la» diýýärdiler» diýýär.

* * *

Bir diwanadan:

— Basrada näçe sany däli bar bolsa bize sanap bersene! — diýenlerinde, ol:

— Gowusy men akyly ýerindäki adamlary sanaýyn, şonda çalt gutararyn — diýýär.

* * *

Bir çarwa:

— Seniň ýüz müň dirhemiň bolup, özüň hem akmak bolsaň, her kimem seniň ýüzüňe «sen akmak» diýip dursa, näme ederdiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Meniň onça pulum bolsa, men akmak-da bolsam, maňa hiç kim akmak diýmäge milt edip bilmez — diýýär.

* * *

Bir gezek iki akmak saparda ýoldaş bolýarlar. Olaryň biri beýlekisine:

— Gel bolsady ekeli, şeýle etsek, ýol tiz öner we barmaly ýerimize nähili baranymyzy duýmarys — diýýär we bolsady ekmäge başlaýar:

— Meniň bir süri goýnum bolsa, men we meniň maşgalam goýnuň süýdüni içerdik, ýüňünden eşik edinerdik, eti bolsa bize huruş bolardy — diýýär.

Onda beýleki bir akmak:

— Meniň bir süri möjegim bolsa, men olary seniň goýunlaryňy daramak üçin goýbererdim — diýýär.

Onda birinji akmak:

— Seniň öýüň köýsün! Seniň beýle etmegiň saparda ýoldaş bolan adamyň etjek işimidir — diýip dawa başlaýar.

Olaryň jedeli güýçlenip, tas urşa ýazmaga golaýlaşýar. Onda olar özleriniň dawasyny öňünden ilkinji çykan adama çözdürmegi maslahat edýärler. Olaryň öňünden eşegini iýdip gelýän bir garry adam çykýar. Onuň eşeginiň arkasynda içi baldan doly iki küýze bardy. Ol iki akmak ýaşula bolan wakany gürrüň berýärler. Garry adam olaryň gürrüňini diňläp bolandan soňra küýzeleriň agzyny açyp baly çägä dökýär. Soňra bolsa olara:

— Eger-de siziň ikiňiz baryp ýatan akmak bolmasaňyz, şu balyň çägä dökülişi ýaly meniňem ähli ganym ýere dökülsin — diýýär-de we ýoluny dowam etdiriberýär.

* * *

Bekr ibn Mugtemir[1]: «Eger adamyň akly dokuz bölekden durýan bolsa, bir işiň başyny tutmak üçin onuň bir bölegi akmaklyk bolmalydyr. Sebäbi akylly adam bir işi başlamak üçin köp oýlanyp, ölçerip-dökýändir. Akmak bolsa soňuny seljermän, ur-tut işe girişýändir» diýýär.

* * *

Jabyr ibn Abdylla[2] şeýle gürrüň berýär: «Gadym zamanlaryň birinde bir adam meýdana eşegini otlatmak üçin çykarýar welin, asman bulutlaşyp, ýagyş ýagmaga başlaýar. Ýagyşdan soňra meýdan gök ota bürelýär. Ol adam eşeginiň otlap ýörüşini synlap: «Eý, Allam! Seniň hem eşegiň bolsa şu wagt men ony-da bakardym» diýýär. Onuň sözleri pygamberlere baryp ýetýär. Olar Alladan ol adama jeza bermezligini soraýarlar. Onda Allatagala: «Men bendelerime

[1] Bekr ibn Mugtemir — Mamunyň kätibi.
[2] Jabyr ibn Abdylla Ensary pygamber alaýhyssalamyň egindeşleriniň biri.

olaryň aklyna görä jeza berýändirin. Şonuň üçin ol adama jeza bermegimi soramaň» diýýär.

* * *

Wehp ibn Munebbih: «Eger adam çagasy akmak edilip ýaradylmadyk bolsa, ol günä işleri edip soňundan hem ýaşaýyşdan lezzet alyp ýaşap bilmezdi» diýýär.

* * *

Öz eden işini seljerip, dogry ýoldan ýörän akylly adam we öz eden işini seljermedik däli adam jennetidir. Däli edýän işine akyl ýetirip bilmeýändigi üçin, onuň günäsi ýokdur.

* * *

Haýwanlaryň içinde düýä «jennetiň maly» diýýärler. Sebäbi düýe dilsiz-agyzsyz we ezýetsiz maldyr.

* * *

Akmaklaryň mejlisine düşmek hatarlydyr. Emma ondan sag-aman baş alyp çykmak ýeňişdir.

* * *

Akyly ýerindäki adama «kalby sagdyn» diýilýär. Jennetdäki musulman bendelerine-de şeýle diýip ýüzlenilýär.

* * *

Bagdadyň ilaty samsyk, akmak hereket eden adama: «Dagdan gaçan ýaly» ýa-da «Horasanly» diýerdiler. Emma Bagdadyň öz ilatynyň hem akmaklary ýeterlikdi.

* * *

Bir gezek Sagt ibn Abu Wakkas Omar ibn Hattaba hat ýollaýar. Ol özüniň hatynda bir adamda Muhammet alaýhyssalama sowgat berlen altyn gulply altyn sandygyň bardygyny, ol sandygy açdyrmaýandygyny we satmakçy bolýandygyny, haçan-da olar bu sandygy satyn almakçy bolanlarynda örän köp pul talap edendigini habar berýär. Omar ibn Hattap Sagt ibn Abu Wakkasa bu sandyk näçe durýan hem bolsa satyn almagy emr edýär. Sagt ibn Abu Wakkas ol adam bilen ylalaşyp bu sandygy satyn alýar. Ol sandygy açyp görende, onuň içinden ýüpek mata çykýar. Sagt ýüpek matany açýar welin, onuň içinden bir gutujyk çykýar.Sagt gutyjygy açyp gorse, içinde pars dilinde ýazylan bir hat bar. Sagt pars dilini bilýan adam tapyp bu haty okadyp görýär. Hatda: «Sakalyňy bir gezek ugruna daramak müň gezek tersine daranyňdan haýyrlydyr» diýip ýazylgydy. Sagt hatdaky ýazylan sözleri Omar ibn Hattaba ýetirýär. Omar Sagdyň hatyny okap, oňa jogap hat ýazýar. Ol hatynda: «Eý, Sagt! Hatda ýazylyşy ýaly edip gör. Eger aýdylýany dogry bolsa, onda sandygy satanyň alan puly halaly bolsun.Eger hatda aýdylýan ýalan bolsa söwdany yzyna gaýtar» diýip ýazýar. Sagt hatda ýazylan sözleriň dogrydygyny barlap görýär.

* * *

Adam alaýhyssalam ölmeziniň öň ýanynda zürýatlaryna: «Ähli işe baş goşmazdan ozal ýagşy oýlanyň, pikirleniň. Şeýle etseňiz meniň düşen günüme düşmersiňiz» diýýär.

Muhammet alaýhyssalam: «Musulman mynapyk ýaly ikiýüzli bolman, doly akyl ýetirip, bir sözli bolmalydyr» diýýär.

* * *

Harysa ibn Bedr Gaddany şeýle diýýär:

Adamyň arzuwdan doly ýüregi,
Şol bolmasa bolmaz durmuş geregi.

Zuriýaseteýin[1]: «Çalt tutaşan ot çalt hem sönýändir. Gyssanmaç edilen iş hem kemçiliksiz bolmaz» diýýär.

* * *

Ibn Mukaffa[2]: «Kim-de kim özüne degişli däl zatlara burnuny soksa, özüne degişli bolmadyk belany öz başyndan inderer» diýýär.

* * *

Zuheýr Baby[3] hassa halda ýatyrka, ony soramaga gelen bir kişi ondan:

---

[1] Abu Apbas Fazyl ibn Sehl Sarahsy Mamunyň weziri we onuň diwanynyň iş dolandyryjysy. 154-nji hijri ýylynda Saragtda eneden bolýar. Ol Mamuna ýaş wagty entäk Mamun halypa bolmazyndan öň sataşýar. Öň otparaz bolup, Mamunyň elinde 190-njy hijri ýylynda yslam dinini kabul edýär. Mamun halypalyga gelende oňa wezirligi we harby serkerdeligi ynanýar. Ol halypalykda iki wezipäni syýasy we harby wezipäni eýeländigi üçin oňa Zuriýaseteýin (iki ýolbaşçy wezipäniň eýesi) diýen lakam berilýär. 202-nji hijri ýylynda Mamun bilen Saragtdan Bagdada gidip barýarka, hammamda suwa düşünýärkä bir topar adam tarapyndan öldürilýär. Mamun onuň ölümine diýseň gynanýar. Sebäbi ol Mamunyň ýakyn ýardamçysy we maslahatçysydy. Abu Apbas Mamunyň öýlenen gyzy Buran bint Hasan ibn Sähiliň kakasynyň doganydy. Abu Apbas akylly, başarjaň, dile çeper dindar we adyl adamdy.

[2] Abdylla ibn Mukaffa.

[3] Abu Abdyrahman Zuheýr ibn Nagym Baby Ajaly Sistany. Onuň Baby nisbeti (degişlilik ady) asly Derbentli bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Derbendiň Babul-Abwap (gapylaryň gapysy) diýen lakamy bolupdyr. Ömrüniň ahyrynda Basra göç edýär. Ylymly we dindar adam bolupdyr. Ol Mamunyň halypalyk eden döwründe wepat bolýar.

— Maňa hiç zat wesýet etjek dälmi? — diýip soraýar.

Onda Zuheýr oňa:

— Allanyň seni dünýäni unudyp, gaflat ukusynda ýatyrkaň janyňy almagyndan häzir bol — diýýär.

* * *

Bir adam aýalyna:

— Men seniň üçin iň söýgüli adamdyryn — diýmekçi bolup:

— Men seniň üçin iň nadan adamdyryn — diýýär.

Onda ol aýal:

— Wah, sen diňe meniň däl, uly iliň öňünde nadan ahyryn — diýýär.

* * *

Gyssanan, howlugan adam uýada galar.

* * *

Bir gün Ibn Omar[1] egindeşleri bilen otyrka bir çarwa olaryň oturan ýerine girip, sen-men ýok Ibn Omaryň dulugyna şapbat çalýar. Ibn Omaryň egindeşleri Wafyt ibn Abdylla[2] ýerinden böküp turup, çarwany tutýar we urmakçy bolýar. Onda Ibn Omar: «Her bir kowumyň şular ýaly dälisi bolmasa, ol kowumyň gowy adamlarynyň gadry bolmazdy» diýýär we çarwa degmezligi emr edýär.

* * *

Mutarryf: «Iň akylly adam hem Allatagalanyň ylmynyň öňünde samsykdyr» diýýär.

---

[1] Abdylla ibn Omar ibn Hattap.

[2] Wafyt ibn Abdylla hadys gürrüň beriji.

# ON DOKUZYNJY BAP

## KINAÝALY GÜRLEMEK, JAÝDAR JOGAP BERMEK, ÖZGÄNIŇ SÖZÜNE GARŞY ÇYKMAK, ÖZ DIÝENIŇI TUTMAK, DAWA, JEDEL WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) oýnap ýören oglanlaryň ýanyna ýakynlaşanda Abdylla ibn Zubeýrden[1] başga oglanlar ony görüp, düw-dagyn bolup gaçýarlar. Omar Abdylla ibn Zubeýrden:

— Sen näme üçin gaçmadyň? — diýip soraýar.

Onda ol:

— Meniň senden gaçar ýaly, seniň öňüňde ýazykly eden işim ýok. Eger saňa ýol bermek üçin bir gapdala çekileýin diýsemem, bu ýol ikimize-de darlyk etmez — diýýär.

* * *

Bir ýehudy Hezreti Ala:

— Siziň pygamberiňiz dünýeden ötenden soň, siziň araňyzda düşünişmezlikler başlady — diýýär.

Onda Hezreti Aly:

---

[1] Abdylla ibn Zubeýr ibn Awwam.

— Biziň aramyzdaky düşünişmezlik pygamberimiz dünýeden ötensoň başlan bolsa, siz öz pygamberiňize entek dirikä:

— «Bize Allaňy görkez» diýip, öz närazylygyňyzy bildirdiňiz ahyryn — diýýär.

* * *

Bir adam başga bir adamy Hezreti Alynyň ýanyna getirip:

— Bu adam düýşünde meniň ejem bilen hylwatda bolupdyr — diýýär we oňa jeza bermegini soraýar.

Onda Hezreti Aly:

— Sen bu adamy günde duruz-da, saýasyny gamçyla — diýýär.

* * *

Bir adam Japar ibn Muhammede[1]:

— Allanyň bardygyna näme deliliň bar? Ýöne maňa ýeri, asmany ýaradanyndan başga subutnama getir — diýýär.

Japar ol adamdan:

— Gämä münüp gördüňmi? — diýip soraýar.

Ol:

— Hawa — diýip jogap berýär.

Japar:

— Şon-da güýçli gaý turup, size gark bolmak howpy abandymy? — diýip soraýar.

Ol:

— Hawa — diýýär.

Japar:

— Gämiçileriň sizi halas eder diýen pikiriňizden umydyňyz üzüldimi? — diýip soraýar.

---

[1] Japar Sadyk ibn Muhammet Bakyr ibn Aly ibn Zeýnelabydyn ibn Hüseýin ibn Aly. Hezreti Alynyň neberelerinden.

Ol:

— Hawa — diýip jogap berýär.

Japar:

— Siz hemme zatdan umydyňyzy üzen hem bolsaňyz kimdir birinden kömek isläp dileg edensiňiz. Şondan soň hem bir ýerden kömek gelip halas bolansyňyz. Siziň dileg bilen ýüzleneniňiz we şondan soňra size kömek eden Allatagalladyr — diýýär (Gurhanyň «Isra» süresiniň 67-nji aýatynda we «Nahl» süresiniň 53-nji aýatynda bu hakynda aýdylýar).

* * *

Bir adam başga bir adama:

— Gürrüňleşip oturmak nähili özüne çekiji zat — diýýär.

Onda ol adam:

— Gürrüňleşip oturmak işsiz, boş adamlara mahsus zatdyr — diýýär.

* * *

Bir adam Hezreti Alydan:

— Gündogar bilen günbataryň arasyndaky uzaklyk näçedir? — diýip soraýar.

Onda Hezreti Aly:

— Gündogar bilen günbataryň arasyndaky uzaklyk günüň dogup batýan wagtyna çenli geçýän ýoluna deňdir — diýýär.

* * *

Bir çarwa Mugawyýanyň ýanynda bir zat hakynda gürrüň berip otyrka, Mugawyýanyň donuny çöwre geýendigini görüp, gürrüňini bölýär. Mugawyýa çarwadan:

— Näme gürrüňiňi böldüň ýa-da ýalan sözleýärsiňmi? — diýip soraýar.

Onda çarwa:

— Ýok, ýalan sözlämok, sebäbi ähli ýalan söz seniň donuňda giz-lenipdir — diýýär.

Mugawyýa özüne syn edip ýylgyrýar-da:

—Bu howlukmaçlygyň işidir, howlukmaçlyk şeýtandandyr — diýýär.

* * *

Iki adam çöl-beýewanda gidip barýarkalar, olaryň biri aýdyma hiňlenip soňra ýoldaşyndan:

— Nähili, aýdym aýdyşym boljakmy? — diýip soraýar.

Onda onuň ýoldaşy:

— Hiç neneň däl, edil şu ýerlerde diňleseň boljak — diýýär.

Bir gezek Hajjaç ýolda keseki ýurtly bir aýal bilen ýoldaş bolýar. Hajjaç ol aýala söz gatýar. Ol aýal Hajjaça jogap hem bermeýär, ýüzüne hem seretmeýär. Hajjaç ondan:

— Sen näme üçin maňa seretmeýärsiň? — diýip soraýar.

Onda ol aýal:

— Allatagalanyň nazar salmadyk adamyna men näme üçin seredeýin — diýýär.

Ol Hajjaçyň zalymlygyny göz öňünde tutupdyr.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) Abu Merýem Hanafa[1]:

— Alladan ant içýärin, ene topragyňy söýmeýänçäň men seni gowy görmerin — diýýär.

Abu Merýem:

— Sen maňa seniň meni gowy görmegiň üçin ene topragy söýmegi emr edýärsiňmi? — diýip soraýar.

---

[1] Abu Merýem Hanafy Seluly. Ol öň yslamy kabul etmezden ozal Museýleme Kezzabyň egindeşleriniň biridir. Ýemäme söweşinde Zeýt ibn Hattaby öldüripdir. Soňra yslam dinini kabul edýär we ýagşy adamlaryň hataryna goşulýar.

Omar:

— Ýok — diýýär.

Onda Abu Merýem:

— Seniň meni gowy görmedigiň bilen maňa hiç zat bolmaz. Diňe zenan maşgala erkek adamyň gowy görmegine mätäçdir — diýýär.

* * *

Hajjaç wepat edenden soň onuň sakçylar gullugynyň başlygy Ýezit ibn Abu Müslim Süleýman ibn Abdylmäligiň ýanyna baryp:

— Eý, möminleriň emiri! Size hyýanat we dönüklik edeniň öýi köýsin. Maňa iş ynansaňyz başym üstüne ýerine ýetirerin. Kemsidilsem pese gaçmaryn. Özüni uly tutanyň, tekepbiriň öňünde özümi kiçeltmerin — diýýär.

Onda Süleýman ibn Abdylmälik oňa:

— Hajjajyň dowzahda kemsidilýändiginden habaryň barmy? — diýende, Ýezit ibn Abu Müslim:

— Eý, möminleriň emiri beýle diýme! Hajjaç siziň üçin köşkler gurup, münberlerde hutba aýtdyrdy. Siziň üçin halkdan salgyt ýygnap, ençe-ençe pitneleri ýatyrdy. Eger kyýamat güni Hajjaç dowzahda direlse, onda seniň kakaň onuň sag tarapynda, doganyň çep tarapynda direler — diýýär.

* * *

Günleriň birinde Mugawyýa ogly Ýezidiňkä[1] myhmançylyga barýar. Olar gijäniň bir wagtyna çenli gürleşip oturanlaryndan soňra, Mugawyýa öz otagyna ýatmaga gidýär. Gije Mugawyýanyň gulagyna ýakymly owaz eşidilýär. Ol ertesi turup:

---

[1] Ýezit ibn Mugawyýa ibn Abu Sufýan.

— Agşam kim aýdym aýtdy — diýip soraýar.

Ýezit oňa:

— Agşamky aýdym aýdan Ibn Hasyrdyr — diýýär.

Onda Mugawyýa:

—Ol aýdymçynyň şirin owazy halat ýapylmaga mynasypdyr — diýipdir.

* * *

Bir gezek Nasyr ibn Seýýar[1] ýolda gidip barýarka Abu Hindä[2] duşýar. Abu Hindi serhoş ýagdaýdady. Nasyr Seýýar Abu Hindä:

— Sen arak, şerap içip, özüňi abraýdan düşürýärsiň — diýýär.

Onda Abu Hindi:

— Men şeýdip özümi abraýdan düşürmedik bolsam, Horasanyň emiri sen bolmazdyň — diýýär.

* * *

Bir adam Ibn Omardan:

— Muhammet alaýhyssalam namaz okap oturan wagty eýlesine-beýlesine garanjaklardymy? — diýip soranda, Ibn Omar:

— Muhammet alaýhyssalam namazdan başga wagt hem eýläk-beýläk garanjaklap oturmany halamazdy — diýip jogap berýär.

---

[1] Horasanyň emiri Nasyr ibn Seýýar.

[2] Abdylla ibn Rabyga ibn Şibs ibn Rabyga Riýahy. Oňa Abdyl Mömin hem diýilýärdi. Abu Hind onuň lakamy. Ol Emewiler we apbaslylar döwletiniň köşk şahyry bolýar. Dile çeper, alym we dana adamdy. Emma şerap içmegi diýseň gowy görerdi. Bir gezek Horasana gidýär we ol ýer görnünden turup, Sistanda watan tutunýar. Onuň köp goşgusy şeraby wasp etmek hakyndadyr.

* * *

Günleriň birinde Mugawyýa Sagsagy[1] gürrüňdeşlige çagyrýar. Sagsag gürlände aljyraýar, ony der basýar. Mugawyýa oňa:

— Aljyrama, özüňi tut. Seniň sözleriň bugaryp başlady — diýýär.

Onda Sagsag:

— Gürrüňdeşlikde aljyramak gowudyr. Gürleýän adamyň aljyramagy onuň ýalan sözden daş bolup utanç-haýaly adamdygynyň alamatydyr — diýip jogap berýär.

* * *

Bir garry kempir adamsyna:

— Halal we gowy aýalyň barka sen näme üçin zyna edýärsiň — diýip soraýar.

Onda ol kempiriň adamsy:

— Halal diýeniňe hä diýeýin welin, gowy diýeniň bilen ylalaşmaryn — diýýär.

* * *

Bir adam hyzmatkärine:

— Nahar getir we gapyny gulpla — diýýär.

Onda hyzmatkär:

— Hojaýyn, ilki gapyny gulpla, soňra nahary getir diýseň dogry bolar — diýip, onuň ýalňyşyny düzedýär.

Onda ol adam:

[1] Sagsag ibn Suhan ibn Hajar ibn Harys Abdy Kufa şäherindäki Abdylkaýs tiresiniň hormatly adamlarynyň biri. Akylly, dana, şahyr adam bolupdyr. Alynyň egindeşi. Soňra bolsa Mugawyýanyň ýanynda az wagt hyzmat edýär. Mugawyýanyň emri bilen Jezirä ugradylýar we şol ýerde 60-njy hijri ýylynda wepat bolýar. Başga çeşmelerde ol Kufada wepat bolýar.

— Men seni ylymlylygyň üçin azat edýärin — diýip, ol hyzmatkärini gulçulykdan azat edýär.

* * *

Bir gezek Harun Reşit bilen Isa ibn Japar[1] ikisi oýun oýnap ýörkäler, olaryň ýanyna Ýezit ibn Mezit Şeýbany[2] barýar. Harun Reşit oňa:

— Sen Isa bilen bile bol — diýýär.

Ýezit ibn Mezit onuň bu diýenini kabul etmeýär. Harun Reşit:

— Sen näme Isa bilen bolasyň gelenokmy? — diýip soraýar.

Onda Ýezit ibn Mezit:

— Eý möminleriň emiri! Meniň oýundan boýun gaçyrýanymyň sebäbi Isa däldir. Men şu oýun hem bolsa seniň garşyňa oýnasym gelenok — diýýär.

* * *

Bir gezek Sokratdan:

— Seniň aýdýan sözleriňi kabul etmeseler näme etjek? — diýip soranlarynda, ol:

---

[1] Isa ibn Japar ibn Abu Japar Mansur. Ol Harun Reşidiň ogly Muhammet Eminiň gyz dogany Zübeýdäniň ogludyr. Muhammet Eminiň kömegi bilen Basra, Ahwaza, Ýemämä we Sinde häkim bellenýär. Muhammet Eminiň dogany Mamuna ýazan hatyny Horasana alyp gidýär. Muhammet Emin Mamundan halypalygy ogly Musa ibn Muhammet Emine tabşyrmagy talap edýär. Emma Mamun onuň diýeninden boýun gaçyrýar. Ibn Kuteýbanyň “Bagdat taryhy” kitabynda « Isa ibn Abu Japar 181-nji hijri ýylynda wepat boldy » diýip aýdylýar.

[2] Ýezit ibn Mezit ibn Zaýyda Şeýbany. Ol apbaslylar döwletiniň serkerdeleriniň biri we Ermeniýanyň we Azarbeýjanyň häkimi. Ol batyr, edermen adamdy. 185-nji hijri ýylynda Azarbeýjanda wepat bolýar.

— Maňa meniň sözlerimi kabul etmekleri däl-de, diňlemekleri ýeterlikdir. Meniň sözlerimi diňlän adam owal-ahyry bu sözleri özüne sapak ediner — diýýär.

* * *

Apbasylar halypasy Mansur pygambersireýän bir adama:

— Megerem sen ähli nadanlaryň pygamberi — diýýär.

Onda ol adam:

— Eý möminleriň emiri! Hak aýdýaň. «Her kim özüne meňzeşi tiz tanar» diýleni dogry eken — diýýär.

* * *

Bir gezek Halyt Kasry Ibn Müsenna:

— Sen näme meni görüp guluň gaçyşy kimin gaçdyň — diýýär.

Onda Ibn Müsenna oňa:

— Dogry aýdýaň, ýaňy men ýatmazdan öň bir gyrnak bilen boldum. Megerem şonuň täsiri ýeten bolsa gerek — diýýär.

* * *

Bir gezek Isgender Zülkarneýin ogluna gahary gelip:

— Eý Hajjamaň ogly[1] — diýýär.

Onda Isgenderiň ogly:

— Seniň aýdýanyň dogry welin, ejemiň bu sözlere hiç hili dahyly ýok — diýýär.

* * *

Bir çarwa ogluna:

—Eý, köpek ogly — diýip ýüzlenýär welin, ogly oňa:

— Kaka sen ahyry özüňi tanamany öwrenipsiň — diýýär.

---

[1] Hajjama — dürli gurallaryň kömegi bilen adamyň bedenindäki hapa gany alyjy tebip aýal.

** * **

Bir patyşa wezirinden:

— Bendäniň haýsy häsiýeti ony ekläp biler? — diýip soranda, wezir:

— Onuň akly — diýýär.

— Eger akly bolmasa näme?

— Edep-ekramy, ugurtapyjylygy.

— Bu diýýänleriň hem bolmasa näme?

— Onda ony gara güýji eklär — diýýär.

Patyşa:

— Eger onuň güýji hem bolmasa näme? — diýip soranda, wezir:

— Onda ol adamyň bu dünýäde ýaşamagynyň hajaty hem ýokdur — diýýär.

* * *

Emewi halypasy Abdylmälik bir çarwadan:

— Düýäni sagyp durkaň süýdi kesilse taýak bilen ursaň näder? — diýip soraýar.

Onda çarwa:

— Ýa-ha süýtden dolan gaby ýa-da düýani sagyp duranyň äňini döwdürersiň — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Köp gürleýän köp ýalňyşýandyr» diýýär.

* * *

Ybraýym Mosully Harun Reşide aýdym aýdyp berýär. Harun Reşit oňa:

—Seniň bu ýakymly owazyň üçin seni Alla ýalkasyn — diýýär.

Onda Ybraýym Mosully:

—Allatagala meni seniň eliň bilen ýalkasa kem bolmazdy — diýýär.

Harun Reşit oňa ýüz müň dirhem bermegi emr edýär.

* * *

Bir gezek Abu Abdyrahman Hanapy ýanyna bir adam alyp Basranyň häkiminiň mejlisine gidýär. Ol adamyň gözi çaşydy we ýüpekden köýnek geýipdir. Häkim ol adamy görüp, Abu Abdyrahmana:

— Sen bu adamy nireden tapdyň? — diýýär we nökerlerine ol adama otuz gamçy urmagy emr edýär.

Abu Abdyrahman häkimiň beýle etmeginiň sebäbini soranda, häkim:

— Otuz gamçynyň on bäşisi ýüpek köýnek geýendigi üçin, on bäş gamçy-da gözi çaşylygy üçin — diýýär.

Onda Abu Abdyrahman häkime:

— Erkek adamlara ýüpek geýmek haramdygy üçin on bäş gamçy urmagy emr edeniňe düşünýän welin, gözi çaşydygy üçin on bäş gamçy urjak bolmagyň Allanyň eden işine garşy çykdygyň bolar — diýýär.

Häkim diňe on bäş gamçy urmagy emr edýär.

* * *

Kufada bir adam beni ysraýyl hakynda ýalan sözlemegi gowy görer eken. Adamlar ondan:

— Gurhanda ýatlanyp geçilýän beni ysraýylyň sygrynyň ady näme? — diýip soranlarynda, ol ýüzüniň ugruna:

— Hantama — diýip jogap berýär.

Onda adamlar:

— Sen ol hakynda nädip bilýärsiň? Ol sygryň ady hiç bir kitapda ýatlananok ahyryn — diýýärler.

Ol adam:

— Amr ibn Asda Musadan galan kitap bardy, men şol kitapdan okadym — diýýär.

* * *

Günleriň birinde Mütewekkil[1] Abu Uýaýna[2]:

— Sen adamlary öwüp ýa-da ýamanlap (döwüp) goşgy ýazmagyňy haçan goýjak — diýende, ol:

— Haçan-da adamlar gowy we erbet işleri etmeklerini bes edende — diýip jogap berýär.

* * *

Bir häkim özüniň köşk şahyryndan:

— Sen ýalan sözleýärsiňmi? — diýip soranda, ol:

— Hawa, men seni öwen mahalymda ýalan sözlemäge mejbur bolýaryn —diýýär.

* * *

Ibn Mükerrem[3] Abu Uýaýna:

— Adamlaryň arasynda sen bozuk gezýärsiň diýen gürrüň bar, sen bu zatlar hakynda näme diýersiň — diýende, ol:

— Abraýly adamlar hakynda gowy gürrüňler bilen bir hatarda ýalan-ýaşryk gürrüňler hem edilýändir. Onuň ýaly gürrüňlere gulak gabardyp oturma — diýýär.

---

[1] Apbaslylar halypasy Japar Mütewekkil Alalla.

[2] Muhammet ibn Kasym Hallat.

[3] Muhammet ibn Mükerrem — Basranyň iň tanymal adamlarynyň biri.

* * *

Bir gezek Mamun Müsüriň bilimdar adamlarynyň biri bolan Abu Ýunusdan:

— Bazarda bir adam goýun satsa, alyjy goýnuň semizligini barlamak üçin guýrugyny galdyranda, goýun ýel goýberse we ýel bilen bilelikde gumalak atylyp çykyp, alyjynyň gözüni çykarsa, hunyny kim tölär? — diýip soraýar.

Onda Abu Ýunus:

— Elbetde satyjy, sebäbi ol aldap goýun däl-de, manjanyk satmakçy bolupdyr — diýip jogap berýär.

* * *

Bir adam metjitde: «Eý, Allam meniň janymy gapyl wagtym almagyn» diýip dileg edýär. Onuň bu sözlerini ýanynda oturan bir däli adam eşidip:

— Onda Allatagala seniň janyňy hiç haçan hem almaz — diýýär.

* * *

Bir gezek Mugtasym[1] Fatyh ibn Hakan[2] ýaş oglan wagty gyzyl ýüzügi görkezip:

— Heý ömrüňde şunuň ýaly owadan zat görüpdiňmi? — diýip soraýar.

Onda Fatyh:

— Ýüzük dakylan el ýüzükden görklüdir — diýýär.

---

[1] Apbaslylar halypasy Muhammet Mugtasym ibn Harun Reşit.

[2] Abu Muhammet Fatyh ibn Hakan ibn Gartuj. Ol şahyr, ýazyjy, dile çeper, asly pars şalaryndan bolan adam. Apbaslylar halypasy Mütewekkil onuň bilen dogan okaşýar we ony özüne wezir edinýär. Soňra ony Şama emir belleýär. Onuň örän köp kitaplary bar. 247-nji hijri ýylynda Mütewekkil bilen bilelikde öldürilýär.

* * *

Yshak ibn Ysa ibn Aly ibn Abdylla[1] bazara çykanda dile çeper, akylly guluň satylýandygyny görüp, derrew ol guly satyn alýar we Harun Reşide sowgat berýär. Harun Reşit ol gula:

— Seniň eýäň seni maňa peşgeş berdi — diýýär.

Onda ol gul:

— Menem utdym senem — diýýär.

Harun Reşit:

— Açykla — diýýär.

Ol gul:

— Meniň utan zadym men möminleriň emirine hyzmat etmelidigimdir. Seniň utan zadyň sen özüňe wepaly gul we ylymly dost tutundyň — diýýär.

Harun Reşit onuň beren jogabyndan göwni hoş bolup, oňa köşk wezipeleriniň birini ynanýar.

* * *

Ymran ibn Hattanyň[2] boýy gysga we görksüz aýaly bardy. Onda-da Ymran ony diýseň gowy görýärdi. Günleriň birinde Ymranyň aýaly adamsyna:

— Biziň ikimiz hem jennete düşsek gerek — diýýär.

Ymran:

— Sen ony nireden bilýärsiň — diýip soranda, onuň aýaly:

---

[1] Apbasyly emirleriň biri bolup 168-nji hijri ýylynda halypa Mätiniň döwründe Medine şäheriniň häkimi wezipesini ýerine ýetirýär. 169-njy hijri ýylynda häkimlikden ýüz dönderip ýene-de Bagdada dolanyp gelýär.193-nji hijri ýylynda Harun Reşit wepat bolanda, 198-nji hijri ýylynda Emin öldürilende hem Yshak olaryň ýanyndady.

[2] Abu Semnäk Ymran ibn Hattap ibn Zybýan Sedusy Şeýbany. Safryýa tiresiniň serkerdeleriniň biri we olaryň şahyry. Basrada ylymly we hadysçy adamlaryň biridi. Onuň Hajjaç bilen sözi azaşyp, ol gaçmaga mejbur bolýar. Ammana, soňra Azat kowumynyň arasyna gaçyp barýar we 84-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

— Sen meniň şeýle ýaradylandygyma seretmezden, maňa öýlendiň. Meniň görk-görmegim hakynda dil ýarman sabyr etdiň. Men hem maňa şeýle adamyň duşanyna Allatagala şükür etdim. Allatagalanyň ýolunda sabyr eden we onuň eden işine şükür eden adamlar jennetidir — diýip jogap berýär.

* * *

Bir adam apbaslylaryň halypasy Mamunyň ýanyna gelip:

— Men arap — diýýär.

Mamun:

— Seniň bu diýýäniň geň zat däl — diýýär.

Ol adam:

— Men haja gitmek isleýärin — diýýär.

Mamun oňa:

— Ýoluň açyk, haçan isleseň gidip bilersiň — diýýär.

Ol adam:

— Meniň haja gitmäge pulum ýok — diýýär.

Mamun ol adama:

— Ýagdaýy bolmadyk adamdan haja gitmek parzy aýrylýandyr — diýýär.

Onda ol adam:

— Men seniň ýanyňa seniň bilen maslahatlaşmaga däl-de, pul soramaga geldim — diýýär. Mamun onuň beren jogabyna gülüp goýberýär we haja gitmäge gerek bolan ýol harajatyny berýär.

* * *

Haýýat[1]: «Meni meniň hyzmatkärim ýaly sözde utan ýokdur. Günleriň birinde ol menden: «Sen Mugawyýa nähili garaýarsyň» diýip sorady. Men oňa: «Men Mugawyýa hormat

---

[1] Abu Hüseýin ibn Abu Amr Haýýat, Haýýat toparynyň ýolbaşçysy. Ol Bagdatly mugtazylardan.

goýýaryn» diýdim. Onda hyzmatkärim: «Sen onuň ogly Ýezide nähili garaýarsyň» diýip sorady. Men: «Men ony itden beter ýigrenýärin» diýdim. Ol menden: «Ýezidi gowy görýänlere nähili seredýärsiň» diýip sorady. Men oňa: «Men Ýezidi gowy görýänleri hem ýigrenýärin we olara lagnat aýdýaryn» diýdim. Onda meniň hyzmatkärim: «Mugawyýa näme ogluny ýigrenendir öýdýärsiňmi?» diýdi.

* * *

Ümmi Afyga möminleriň enesi Äşäniň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýanyna gelip:

— Ýaş çagasyny öldüren zenan hakynda näme aýdyp bilersiň? — diýip soraýar.

Äşe oňa:

— Ol zenanyň ahyreti dowzahdyr — diýýär.

Ümmi Afyga oňa:

— Uly ýaşly çagalardan ýigrimi müňüsini gyrgyna beren zenan hakynda name aýdyp bilersiň? — diýip soraýar welin, Äşe:

— Ol zenan Allanyň duşmanydyr. Onuň ýalynyň golundan tutup, derhal jezasyny bermeli — diýýär.

* * *

Bir adam Bilal Hebeşiden[1]:

— Kim ozdy — diýip soranda, ol:

---

[1] Abu Abdylla Bilal ibn Rabah Hebeşi oňa Bilal ibn Hamama hem diýýärler. Hamama onuň ejesiniň ady.Ol Muhammet alaýhyssalamyň azançysy we beýtil malyň hazynadary. Ol ilki gul bolup soňra Abubekr tarapyndan satyn alnyp azat edilýär.Ömrüniň köp bölegini azan aýdyp geçirýär. Muhammet alaýhyssalam wepat bolanda iň soňky gezek azan aýdýar. Dürli çeşmeleriň aýtmagyna laýyklykda, ol 20-nji hijri ýylynda Damaskda wepat bolup soňra Halapda depin edilýär.Buhary we Müslim ýaly meşhur hadysçylar Bilaldan eşiden hadyslaryny rowaýat edýärler.

— Muhammet alaýhyssalam — diýip jogap berýär.

Ol adam:

— Men senden aty ozan hakynda soraýaryn — diýende, Bilal Hebeşi:

— Bu dünýäde-de, ahyrýetde-de aty ozan Muhammet alaýhyssalamdyr — diýip jogap berýär.

* * *

Amr ibn Ataba: «Müňküriň müňkürligini aýyrmakdan, diwanany ýola salmak has ýeňildir» diýýär.

* * *

Apbasyly halypa Muntasyr Billä Abu Uýaýnadan:

— Iň ýagşy jogap nähilidir? — diýip soranda, Abu Uýaýna:

— Iň ýagşy jogap dymmaklyk ýa-da gürrüňe goşulmazlykdyr — diýip jogap berýär.

* * *

Dawut pygamber: «Eý, Allam maňa ýagşylyk edişiň ýaly meniň oglum Süleýmana hem şeýle ýagşylyklar et» diýip dileg edýär. Alladan Dawuda wahy gelýär. Ol: «Eý, Dawut, ogluň Süleýmana özüň ýaly ýagşy gylyk-häsiýetli bolmagy ündew et. Şonda men saňa eden ýagşylyklarymy oňa hem ederin» diýýär.

* * *

Mansur[1] Süleýman ibn Ramyly[2] Mosula häkim belleýär we oňa: «Men seniň ýanyňa müň adam goşup goýberýärin. Olar

---

[1] Apbaslylar halypasy Abu Japar Mansur.

[2] Megerem ol Süleýman ibn Barmak bolmalydyr. Emma ol Mosula häkim bolmandy. Mansur 158-nji hijri ýylynda halypa Mätini Mosula Halyt ibn Barmagyň üstüne goýberýär.

adam sypatyndaky şeýtanlardyr. Olara özüň gowy edep, terbiýe bergin» diýýär.

Iki aýdan Mansur Süleýmanyň halyny sorap hat ýollaýar. Süleýman oňa jogap berip ýazan hatynda: «Ýagdaýlarym gowy, şeýtanlary doly terbiýeledim. Indi olaryň sany müňe ýetdi» diýýär. Mansur haty okap gülýär we Mosuldaky ajam esgerleri başgalar bilen çalyşmagy emr edýär.

* * *

Ýezit ibn Abdylmäligiň[1] Merwan atly enebaşga dogany bardy. Günleriň birinde Welit ibn Abdylmälik[2] Merwana sögýär. Merwan oňa jogap gaýtarmakçy bolanda, Ýezit onuň agzyny tutup:

— Sögme, ol seniň agaňdyr we senden ýaşy uludyr — diýip, oňa gürlemäge maý bermeýär.

Merwan Ýezide:

— Agam otdan gyzgyn sözüni daşyma çykarman, içime oklatdy. Beýle söz meniň içimi ýakar — diýýär.

Hakykatdan hem uzak wagt geçmän Merwan namys edip aradan çykýar.

* * *

Apbaslylar halypasy Mansur Şamy eýeländen soň şamlylara:

— Siz näme üçin biziň hökümdarlyga gelmegimiz bilen öňki zalym hökümdaryňyzdan dynandygyňyz üçin Allatagala öwgi-sena aýdaňzok — diýdi.

Onda şamlylardan bir adam öňe çykyp:

---

[1] Emewi halypasy Ýezit ibn Abdylmälik.

[2] Emewi halypasy Welit ibn Abdylmälik.

— Bir zalymyň deregine birnäçe zalymy başymyzdan musallat edip inderer ýaly Allatagalanyň öňünde biziň näme ýazygymyz barka? — diýýär.

Mansur onuň näme sebäpden beýle diýendigini soramazdan, ony öldürmegi emr edýär.

* * *

Bir ýolagçy derýanyň boýunda düşleýär. Ol egin-eşiklerini çykaryp, ýaňy bir suwa girende, beni mugytdan birnäçe adamyň gelýändigini görýär. Ol adam beni mugytlylara: «Meni daşlamaň, men pygamber däl» diýýär. Abu Mugyt pygambere köp ezýet berip, ony Taýyfda daşlan adamlaryň serkerdesidi. Beni mugytlylar hem şonuň nesilleridi.

* * *

Ýakup ibn Leýs bir gezek sistanly baý adamyň öýünde myhman bolýar. Birnäçe wagtdan Ýakup ol adamyň garyp düşendigini eşidýär. Günleriň birinde Ýakup ol adamyň öýüne ýene-de myhmançylyga gelýär. Ýakup ondan:

— Bu günler halyň niçik? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Öňki ýaly — diýip jogap berýär.

Ýakup:

— Öň nähilidi? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Şu wagtky ýaly? — diýýär.

Ýakup ol adamyň kyn ýagdaýa düşse-de, syr bildirmeýändigine göwni ýetip, oňa ýüz müň dinar sowgat edýär.

* * *

Bir gezek Mugawyýa haja gidip barýarka, öňünden medineli ensarylar çykýarlar. Olaryň hiç birinde ulag ýokdy. Mugawyýa olary görüp:

— Eý ensarylar, name ulagyňyzy satyp haja gaýtdyňyzmy? — diýende, ensarylardan Gamr ibn Ajlan:

— Eý, möminleriň emiri! Ähli ulaglarymyz Bedr söweşinde Abu Sufýany we onuň egindeşlerini kowalanymyzda daljygyp heläk boldy — diýip jogap berýär.

Bedr söweşinde ensarylardan ýeňilen Abu Sufýan Mugawyýanyň kakasydy.

* * *

Günleriň birinde Bilal ibn Abu Burda bir diwanaň üstünden gülmekçi bolup tussaglykdan çykarýar we ondan:

— Men seni näme üçin çagyranymy bilýäňmi? — diýip soraýar.

Onda ol diwana:

— Ýok — diýip jogap berýär.

Bilal ibn Abu Burda oňa:

— Men seniň üstüňden gülmek üçin çagyrdym — diýýär.

Ol diwana:

— Seniň edişiň dogry. Adamzat döräni bäri akyldarlaryň üstünden gülünýär. Sen hem şol «ýagşy däbi» dowam etdiriber — diýýär.

Bilal ibn Abu Burda eden işine utanyp, ol diwanany azat edip goýberýär.

* * *

Bir adam Kesranyň ýanyna gelip, onuň etraplardaky goýan häkiminiň zulum edýändigini, kyrk ýylda jemlän mal-mülklerini elinden alýandygyny habar berýär. Kesra oňa:

—Sen kyrk ýyllap jemlän baýlygyňy bir ýylda oňa iýdiräýdiňmi? — diýende, jany ýanyp duran ol adam:

— Eý şahym! Sen hem şalygyňy birje ýyl Bähreme berip gör, bir ýylyň içinde näme bolýandygyny şonda görersiň — diýýär.

Kesra şol wagtyň özünde häkime hat ýollap zulum edip alan ähli mal-mülküni gaýdyp bermegi emr edýär.

* * *

Bir gün apbaslylar halypasy Mansur Abu Uýaýna bilen gürrüňdeş bolup otyrka oňa:

— Seniň berýän jogaplaryň jaýdar we ýerliklidir — diýip öwýär.

Onda Abu Uýaýna:

— Söhbetdeşiň ýerlikli, jaýdar sorag berende jaýdar jogap alýandyr — diýýär.

* * *

Amr ibn As esgerlerine azyk bermegini kesýär. Esgerler üýşüp, birini Amr ibn Asyň ýanyna goýberýärler: Ol Amra:

— Eý emirim! Esgerler aç. Olar iýip-içer ýaly zat talap edýärler. Eger sen azyk bermejek bolsaň, özüňe daşdan azyk talap etmeýän esger edinmeli bolarsyň — diýýär.

Amr ol esgeriň sözlerine gahary gelip:

— Eý, it, gapyl! — diýýär.

Onda ol esger:

— Biz it bolsak, sen hem itleriň emiri boldugyň bolýar — diýýär.

Amr ibn As özüniň utulandygyny bilip, esgerlere azyk bermegi emr edýär.

* * *

Bir gezek Şagby[1] adamlara suw bolmadyk halatynda eliňizi arassa çägä urup täret edip bolýandygyny düşündirip otyrka, mejlisde oturan adamlaryň biri:

— Çägä haýsy barmagyňy degirmeli? — diýip soraýar.

Şagby ol adama aýagynyň başam barmagyny görkezip:

— Şu barmagyňy — diýýär.

* * *

Ýakup[2] Sistanyň alym adamlarynyň biri bolupdyr. Adamlar ähli wajyp mesele babatynda oňa maslahat salar ekenler. Mejlisde adamlaryň biri Ýakupdan:

— Derýa suwa düşünmäge girenimde, men kybla tarap seredeýinmi ýa-da başga tarapa? — diýip soraýar.

Ýakup oňa:

— Sen gowusy derýanyň ýakasynda çykaran egin-eşigiňe tarap seret — diýýär.

Onda ýene-de bir adam Ýakuba:

— Jynazada tabydyň öňünde bolsaň gowumy ýa-da yzynda — diýip soranda, Ýakup:

— Öňünden ýöre ýa-da yzyndan tapawudy ýok, tabydyň üstünde bolmasaň bolýar — diýip jogap berýär.

* * *

Hajjaç[3] wepat bolandan soňra, adamlar onuň zalymlygy we eden günä işleri barada ýatlap otyrkalar, bir adam:

---

[1] Amyr ibn Şerahyl Şagby.

[2] Bu Ýakubyň kimdigi bize mälim däl.

[3] Yrak emiri Hajjaç ibn Ýusup Sakafy.

— Men onuň talak edilen aýalyna göz gyzdyryp, günä iş etdim — diýip, eden işine ökünýär.

Onda adamlar ol adama:

— Hajjajyň günälerine ser salan Allatagala seniň bu günä işiňi günä iş hem diýip hasap etmez — diýip, ol adamy köşeşdirýärler.

* * *

Muhammet ibn Wasyg Kuteýbe[1] bilen Horasana ýöriş edende bugdaý ekilen ýeriň üstünden barýar. Ol atyny bugdaýlygyň içine kowup goýberýär. Muny gören ýer eýesi Muhammet ibn Wasygyň ýanyna gelip:

— Sen bu gün söweşip ýeňseň-de, ertir söweşde siz ýeňilersiňiz — diýýär.

Muhammet Wasyg:

— Näme üçin — diýip soranda, ol daýhan:

— Bu gün bugdaýy atyňa çörek etseň, ertirki gün esgerleriňe çörek tapmarsyň. Azyksyz aç esgerleriň saňa uzak boýun bolup durmaz — diýýär.

* * *

Bir gezek adamlar Şagbydan nämedir bir mesele babatynda soranlarynda, ol: «Bilemok» diýip jogap berýär. Adamlar oňa:

— Sen Yragyň iň alym adamy bolup bilemok diýmäge utanaňokmy? — diýenlerinde, Şagby:

— Perişdeler Allatagala: «Eý Allam! Bizde seniň öwreden ylmyňdan gaýry ylym ýokdur» diýenlerinde utanmadylar ahyryn, onsoň men näme üçin utanmaly — diýip jogap berdi.

[1] Horasan emiri Kuteýbe ibn Müslim Bahyly.

* * *

Hafas ibn Gyýas: «Bir gezek Agmaş biziň ýanymyza gelip: «Gulak özi hakynda näme diýýändigini bilýäňizmi?» diýip sorady. Biz: «Ýok» diýip jogap berdik. Agmaş: «Gulak: «Eger men sözi wagtynda eşidip akyla ýetirmesem eýämiň berjek jogaby diliniň uzynlygy ýaly uzaga çekerdi» diýýär. Onda Hafas: «Meniň Agmaşa aýtmakçy bolup, emma aýdyp bilmedik sözlerime kimiň günäkärdigi indi maňa aýan boldy» diýýär.

* * *

Bir aýal Şureýihiň[1] ýanyna gelip, aglap adamsynyň üstünden arz edýär. Onda Şureýih ýanynda oturan Şagba:

— Megerem ol aýalyň adamsy aýalyna zulum eden bolsa gerek — diýýär.

Şagby Şureýihe:

— Ýusup alaýhyssalamyň doganlary Ýusuba zulum etselerde, kakasynyň ýanyna gelenlerinde eden işlerine ökünip aglapdylar — diýýär.

* * *

Şakyk ibn Ybraýym Balhy[2] Ybraýym Edhem bilen gürleşip otyrka, Ybraýym Şakykdan:

— Hany maňa aýtsana, bu günler näme edýärsiň? — diýip soraýar.

Onda Şakyk:

---

[1] Şüreýih ibn Harys — ýurdyň kazysy.

[2] Şakyk ibn Ybraýym ibn Aly Azady Balhy. Horasanyň iň tanymal, sylaghormatly adamlarynyň biri. Horasanda ilkinji bolup sopuçylyk hakynda wagyz eden adam. 194-nji hijri ýylynda Alla ýolunda söweşe çykýar we Mawerannahryň ýanynda bolan çaknyşykda wepat bolýar.

— Rysgalymy tapsam iýýän, zat tapmasam-da sabyr-takatly bolýan — diýýär.

Ybraýym Edhem:

— Balhyň itleri şeýle ýaşaýandyrlar — diýýär.

Şakyk:

— Sen nähili gün görýärsiň — diýip soranda, Ybraýym:

— Rysgalymy tapanymda Allatagala sena aýdýaryn, tapmadyk wagtym şükür edýärin — diýip jogap berýär.

* * *

Bir şahyr özüniň biderek goşgusyny bir adama okap berip:

— Nädipdirin? — diýip soraýar.

Ol adam şahyra:

— Sen bu goşgyňda ýürekdäki bar zadyňy beýan edipsiň — diýýär.

* * *

Bir dana mydama taýakly gezýän eken. Ol danadan:

— Sen garry hem däl, hassada däl welin, onda-da taýakly gezýärsiň-le? — diýip soranlarynda, ol dana:

— Islendik hala düşeniňde-de taýak ýaly ýakyn ýaran ýokdyr — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gezek Hekim ibn Eýýup Sakafy Hajjaç Iýas ibn Mugawyýa diýen hyzmatkärini saklap oňa:

— Sen keseki ýurtly, ikiýüzli, bu ýerde ýaşamaga saňa kepil boljak adam tap — diýýär.

Hyzmatkär Hekime:

— Senden meni gowy tanaýan adam ýok. Şonuň üçin hem sen maňa kepil bolaýmasaň — diýýär.

Hekim oňa:

— Ol nähili men seni gowy tanaýarmyşym, sen-ä Yrakly, menem Şamly? — diýip soraýar.

Onda hyzmatkär:

— Onda-da meni häsiýetlendirişiň meni bütin ömrüňe tanaýana meňzeýär — diýip jogap berýär.

* * *

Bir dana: «Subutnamaly, delilli gürlän adam utanmaz, dogry ýola düşen adam azaşmaz» diýýär.

* * *

Başga biri: «Delil bilen gürlenende kimdir biri tekepbirlik edip, ol adamyň garşysyna çyksa, garşy çykan adam utanmazlyk üçin özüne gaçybatalga gözlesin» diýýär.

* * *

Bir adam Ibn Şaburmadan:

— Sen nähili edip hemme adamlar bilen dil tapyşyp, özüňi olara aldyrmany başarýarsyň?» diýip soranda, ol:

— Jedelden gaçan, parasatlygy özüne ýaran edinen adamyň ne il içinde, ne-de maşgalasynda müşgil işi bolar — diýýär.

* * *

Nadan jedelde ýeňse-de nadanlygyna galýar. Akylly adam jedelde ýeňilse-de, akyllylygyna galýar. Akyllynyň nadandan jedelde ýeňilmegi onuň abraýyny jinnik ýaly hem kemeltmeýär. Hatda nadan hem özüniň akyllydan pesdigini bilýär, emma bu hakynda boýun alasy gelmeýär.

* * *

Bir Şahyr şeýle diýýär:

Akyllynyň mydam ýoly ak bolar,
Nadan kemçiligin dostundan görer.

* * *

Bir danadan: «Sözsüz gürläp bilýän name bar?» diýip soralanda ol: «Subutnama we delil gürlemezden öz wezipesini ýerine ýetirip biler» diýip jogap berýär.

* * *

Bir adam alym adam bilen ýedi ýüz parsahlyk ýola ýoldaş bolýar. Ol adam alymdan:

— Asmandan iň agyr, ýerden giň, otdan yssy, deňizden baý, ýetimden kömege mätäç zat nämedir? — diýip soranda, alym:

— Delil, subutnamaly gürlemek ähli zatdan saldamlydyr (agyrdyr). Hakykat ýaly giň zat ýokdur. Ol dünýäniň islendik künjegine ýetip, ýalany paş edip bilýändir. Töhmet otdan ýalynlydyr. Kanagatly ýürek deňizden baýdyr. Hossarlary bolup, olaryň kömeginden umydyny üzen adam ýetimden hem kömege mätäjräkdir — diýip jogap berýär.

* * *

Bir mejlisde Şagbydan:

— Siňegiň eti halalmy, iýseň bolýarmy? — diýip soralanda, ol:

— Işdäň alsa arkaýyn iýiber — diýýär.

Bir alym metjitde adamlaryň soraglaryna jogap berip otyrka, bir adam:

— Eliňi burnuňa sokanyňda burnuň ganasa näme etmeli? — diýip soraýar.

Ol alym:

— Eliňi burnuňdan çykarmaly we burnuňy sowuk suw bilen ýuwmaly — diýýär.

Ol adam:

— Sen alymmy ýa-da tebip — diýip soranda, alym:

— Ylym bilen baglanyşykly sorag berýänler üçin alym, tebipçilik bilen baglanyşykly soraglara jogap bermeli bolanda men tebip bolmaly bolýaryn — diýip jogap berýär.

* * *

Bir adam özüni atly taýpalaryň birinden diýip öwüner eken. Bir mejlisde ondan:

— Sen haýsy taýpadan? — diýip soralanda, ol adam bu mejlisde şol taýpadan kimdir biri bardyr öýdüp:

— Eý, Allam! Heý şeýle mejlisde-de şeýle sorag soralarmy?! — diýip, bu soragy jogapsyz goýupdyr.

* * *

Bir gezek Ysmaýyl ibn Hamat ibn Abu Hanypa[1] Ýahýa ibn Eksemiň ýanynda atasynyň işlerinden nägile bolýar. Ýahýa ondan: «Ähli musulmanlara ymam bolan atańdan sen näme üçin nägile bolýarsyň?» diýip soranda, Abu Hanypanyň agtygy Ysmaýyl:

— Eger-de ol nebizi (güýçli bolmadyk şerap) halal etmedik bolsa we beçebazlara gamçy urmagy buýran bolsa, men ondan nägile bolmazdym — diýýär.

---

[1]Ysmaýyl ibn Hammat ibn Ymam Abu Hanypa Nugman ibn Sabyt. Ol hanapy mezhebiniň ulamalarynyň biri. Ol ömrüni Basrada ýaşap geçirýär. 212-nji hijri ýylynda ýaş wagty wepat bolýar.

* * *

Abdylla ibn Hazym[1] janpenasyna:

— Eý Haman[2] nirä barýarsyň? — diýýär.

Onda janpena:

— Saňa piramida gurmaga — diýip jogap berýär.

Abdylla onuň beren jogabyna uzak wagt haýran bolup durdy. Janpenanyň beýle diýmegi «Men Haman bolsam, sen Pyrgaun» diýdigidi.

* * *

Rum şasy Mugtasyma[3] özüne boýun bolmagy emr edip, azm urup hat ýazýar. Mugtasym kätibini çagyryp, oňa ak kagyza diňe «Bismillä hirrahmä nirrahym» diýip ýazmagy emr edýär we şol haty Rum şasyna ýollaýar. Rum şasy Mugtasymyň beýle etmeginiň sebäbini bilmek üçin oňa ýene-de hat ýollaýar. Mugtasym onuň hatyna: «Meniň diňe «Allanyň ady bilen» diýip ýazmagymyň sebäbi başga ýazjak zatlarymy gulak eşider ýaly däl. Şonuň üçin ýazyp hem oturmadym» diýip jogap ýollaýar. Rum şasy özüne berk gaýtawul beriljegine gözi ýetip, Mugtasyma hemle atmasyny bes edýär.

* * *

Bir adam tans edýän gyzdan:

[1]Abdylla ibn Hazym ibn Asma ibn Sylt Silmi Basry Abu Salyh. Ýezit wepat bolandan soňra Horasany eýelemegi başarýar. Ol örän edermen adam bolupdyr. Emewileriň halypalyk eden döwründe on ýyllap Horasana emirlik edýär. 72-nji hijri ýylynda ony beni temimliler öldürip, kellesini Abdylla ibn Merwana sowgat edýärler. Abdylla ibn Hazym nähili edermen bolsa-da, syçandan öler ýaly gorkýardy.

[2] Haman — Pyrgaunyň hyzmatkäri. Abdylla “gahryman” diýjek bolup Haman diýýär. Öňler janpenalara gahryman diýler eken.

[3] Apbaslylar halypasy Muhammet Mugtasym Billäh ibn Harun Reşit.

— Heý seniň eliňden gelýän hünäriň barmy? — diýip soraýar.

Onda ol tansçy gyz:

—Ýok, meniň ähli hünärim aýaklarymda — diýip jogap berýär.

* * *

Ibn Mükerrem Abu Uýaýnanyň hassa ýatandygyny eşidip, onuň halyny soramaga barýar. Ol Abu Uýaýna:

— Alla saňa ýardam etsin — diýýär.

Onda Abu Uýaýna onuň sözlerinde iki many bardygyny duýup, oňa:

— Goý, Allatagala saňa-da asmandan köşk taýýarlasyn — diýýär.

* * *

Gadymdan aýdylýan sözler:

Gaharlanmaýan adamyň mydam pikiri durudyr. Adam gaharly wagty oýlanman, diline gelen sözi aýdar.

* * *

Akmagyň bir alamaty sözi doly diňlemezden jogap bermäge başlar.

* * *

Iýas ibn Mugawyýa ýaş oglanka bir ýaşuly adam bilen dawalaşyp, ony Şamdaky kaza eltýär. Kazy ol adamy we Iýasy görüp:

— Utanaňokmy ýaşuly adamy dawa bilen kazynyň ýanyna getirmäge — diýende, Iýas:

— Onuň ýaşy ulu-da bolsa, hakykat ondan hem uludyr we wajypdyr — diýýär.

Kazy oňa:
— Gapyl we gümüňi çek şu ýerden — diýende, Iýas:
— Sen meniň delilimi diňläp görmek isläňokmy? — diýýär.
Onda Kazy:
— Sen hakykaty aýdarsyň öýdemok — diýýär.
Iýas:
— Alla birdir, Muhammet onuň resulydyr. Şu aýdýanym dogry dälmidir? — diýýär.
Kazy näme diýjegini bilmän Abdylmälik ibn Merwanyň ýanyna gidýär we bolan wakany bolşy ýaly gürrüň berýär.
Abdylmälik kaza:
— Derrew olaryň dawasyny çöz we ol oglany Şamdan çykaryp goýber. Ol bu ýerde gezse, Şamyň halkynyň içinde dawa köpeler — diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) jahylyýet döwründe musulmanlara ezýet beren bir adama:
— Wah, şol döwürde maňa duşan bolsadyň! — diýýär welin, ol adam:
— Eger sen şol döwürde maňa duşan bolsaň bu günki gün halypa bolmazdyň — diýýär.

* * *

Emewi bilen ensary jedelleşýär. Emewi oňa:
— Muhammet alaýhyssalam wepat bolandan soň ähli wezipeler biziňkileriň elinde jemlendi. Ynha, Ytab ibn Useýit[1]Mekgede, Aban ibn Sagyt ibn As Bahreýinde, Halyt ibn

---

[1] Ytab ibn Üseýit ibn Abu Aýys ibn Ümmiýa ibn Abdyşems Abu Abdyrahman Emewi. Fath (Mekgäniň eýelenmegi) söweşinden soň yslam dinini kabul eden Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleriniň we örän akylly, edermen serkerdeleriň biri.Ol ömrüniň ahyrynda Mekgä häkim bolýar we 13-nji hijri ýylynda Abubekr

Sagyt ibn As Ýemende, Abu Sufýan bolsa Najranda häkim wezipesini ýerine ýetirýär — diýýär welin, ensary:

— Eý Allam! Muhammet alaýhyssalama garşy söweşenler bu gün yslam ýurtlaryndaky ähli wezipeleri eýelän ekenler — diýýär.

* * *

Farazdak metjitde otyrka bir adam oňa:

— Öwüp ýa-da ýamanlap goşgy goşup, adamlaryň bar baýlygyny elinden alýan Farazdak senmi? — diýip soraýar.

Farazdak:

— Hawa — diýip jogap berýär.

Ol adam:

— Seniň toplan baýlygyň topugyňdan burnuňa ýetendir — diýýär.

Onda Farazdak:

— Wah, seniň şol diýýän baýlygyň göze ýetenok-da, ýogsa men hem bu kärimden el çekerdim-le — diýýär.

* * *

Bir adam Abu Nuwasy oýnamak maksady bilen oňa:

— Seni mömінleriň emiri doňuzlaryň we maýmynlaryň häkimi wezipesine belledi — diýýär.

Onda Abu Nuwas:

— Möminleriň emiriniň emrine boýun bolmak bize parzdyr. Sen hem meniň raýatlarymyň biri bolsaň gerek — diýýär.

Ol adam ýeňlendigini duýup, Abu Nuwasyň ýanyndan garasyny saýlaýar.

---

bilen bir günde wepat bolýar.Başga bir çeşmede onuň 23-nji hijri ýylynda wepat bolandygy hakyndaky maglumat saklanyp galypdyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adam aljyraňňy, gyssanmaç gürläninde onuň ýalňyşy köpelýändir» diýýär.

* * *

Bir dana: «Berlen sowala doly we dogry düşünmek ýarym jogapdyr» diýipdir.

* * *

Abdylla ibn Hasan ibn Hasan[1]: «Güman etmek, şübhelenmek ýakyn dostluga, öňden ýola goýlan gatnaşyga we maşgalanyň arasyna agzalalyk atyp, olary biri-birinden jyda düşürip bilýändir» diýýär.

* * *

Apbasylylar halypasy Mütewekkil awa-şikara çykýar. Ol bir guşy görüp oňa tarap ok atýar welin, peýkam sowa geçýär. Mütewekkiliň ýanyndakylaryň biri peýkamyň sowa geçendigini görüp:

— Örän gowy boldy — diýýär.

Mütewekkiliň oňa gahary gelip:

— Ol nähili gowy boldy? — diýýär welin, ol adam halypasynyň gazabyndan gorkup:

[1] Abdylla ibn Hüseýin ibn Hasan ibn Aly ibn Abu Talyp Haşymy Abu Muhammet Medeni. Onuň ejesi Patma bint Hüseýin ibn Alydyr. Ol haýbatly, köp ybadat edýän, süýji dilli adamdy. Omar ibn Abdyleziziň ýanynda uly hormata eýedi. Apbaslylar ýüze çykanda ýanyndaky adamlary bilen Saffahyň ýanyna gidýär. Ol Abdylla bir million dirhem peşgeş berýär. Emma Mansur ondan ogullaryna zyýan ýeter öýdüp, ony tussag etmäge emr edýär. Soňra ony Kufa göçürýär. 145-nji hijri ýylynda Kufada zyndanda wepat bolýar. Ol 70-nji hijri ýylynda doglupdy.

— Guş üçin gowy boldy. Sebäbi seniň atan peýkamyňdan ony Allatagala halas etmedik bolsa, halas bolup bilmezdi — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Güman edýän adamdan onuň edýän gümany dogry hem bolsa haýyr gözlemäň» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) ölmeziniň öň ýanynda: «Diliňiziň jylawyny elden bermäň, pikirlenip gürläň. Şeýle etseňiz utançly ýagdaýa düşmersiňiz» diýýär.

* * *

Ýene-de Pygamberden: «Güman-şübhe edýän adamy Allatagala-da halaýan däldir» diýilýär.

* * *

Bir gezek Harun Reşidiň aýaly Ümmi Japar[1]oňa öz ogly Muhammet Emini tagt mirasdüşeri etmegini soraýar. Harun Reşit Muhammedi we Mamuny synap görmek maksady bilen olaryň ýanyna hyzmatkärini goýberýär. Hyzmatkär Muhammediň ýanyna baryp:

— Eger-de sen halypa bolsaň, maňa nähili serederdiň — diýip soraýar.

[1] Zübeýde bint Japar ibn Mansur Haşymyýa Apbasyýa. Ol Ümmi Japar Harun Reşidiň aýaly we agasynyň gyzy. Muhammet Eminiň ejesi. 165-nji hijri ýylynda ol Harun Reşide durmuşa çykýar. Harun Reşit wepat bolanda we Muhammet Emin öldürilende Mamunyň adamlary oňa azap berýärler. Özüniň ýagdaýyndan şikaýat edip, Mamuna hat ýollaýar. Mamun oňa ýüregi awaýar we öz ýanyna alýar. Ümmi Japar diýseň baý aýaldy. Mekge bilen Bagdadyň ýolunda köp guýy gazdyrýar, öý gurdurýar, metjitler dikeldip agaç ekdirýär. Mamun bu ýoluň ugrundaky ýerleri oňa bagyş edýär. 216-njy hijri ýylynda Bagdatda wepat bolýar.

Onda Muhammet:

— Men saňa ykta we köp baýlyk bererdim — diýýär.

Hyzmatkär şol soragyny Mamuna aýdanda, ol golaýynda duran syýa çüýşäni hyzmatkäriň kellesine zyňýar we:

— Eý, it ogly! Seniň diýýäniň näme? Meniň kakam, möminleriň emiri, Allanyň ýerdäki emiri wepat bolanda meniň saňa nähili seretjegimi bilesiň gelýärmi? Meniň üçin ol wepat bolanyndan, seniň ýalydan müňüsiniň we özüm onuň deregine pida bolanymy gowy görýärin — diýýär.

Hyzmatkär bolan ýagdaýy Harun Reşide gürrüň berenden soň, Harun Reşit tagt mirasdüşeri edip ogly Mamuny belleýär.

* * *

Emewi halypasy Omar ibn Abdyleziz örän dindar guluna:

— Sen bu ybadat edişiň bilen Alla ýalkasa jennete düşersiň — diýýär.

Onda ol gul:

— Eý möminleriň emiri! Ähli zat Allanyň elindedir. Atamyz Adam alaýhyssalam ýekeje hatasy üçin jennetden çykarylyp, ýere goýberilmedimi?! — diýýär.

* * *

Bir gezek Kaýsar Mugawyýa hat ýazyp, ondan üç zat hakynda, ýagny asmanyň merkezi, ýer ýüzünde ilkinji akan gan we günüň bir gezek gündogardan däl-de, başga tarapdan dogan gezegini soraýar. Bu soraga diňe Hasan ibn Aly jogap berýär. Ol: «Asmanyň merkezi Käbäniň üstündedir. Ilkinji sebäpli gan Ybraýym pygamber gurbanlyk edende akandyr. Musa pygamber deňizi bölüp, oňa ynananlary deňizden geçirende

gün başga tarapdan dogandyr» diýýär. Mugawyýa onuň beren jogaplaryny hat üsti bilen Kaýsara[1] ýetirýär.

* * *

Bir gezek Omar ibn Abdyleziz şamly bir adamdan:

— Öň halyňyz niçikdi?» diýip soraýar.

Onda ol adam:

— Eý möminleriň emiri! Göz öwrenişse deňiz suwy hem süýji suwa öwrüliberýär eken — diýýär

* * *

Günleriň birinde Hajjaç Ibn Hanapyýanyň[2] Abdylmälige garşy çykýandygyny eşidip, oňa:

— Eger sen daşyňa adam jemläp, pitne turuzsaň sen hem şolaryň biri bolarsyň we seniň kimdigiňe seretmezden dara çekdirerin — diýýär.

Ibn Hanapyýa Hajjaçdan:

— Sen näme bileňokmy? — diýip soranda, Hajjaç:

— Nämäni bilemok? — diýip, onuň özüne sorag bilen ýüzlenýär.

Onda Ibn Hanapyýa:

— Kakam maňa: „Allatagala bir güni üç ýüz altmyş bölege, her bölegi bolsa üç ýüz altmyş bölejiklere bölýär. Eger ynsanyň kazasy dolsa, şol bölejikleriň birinde müň gezek janyňy alyp bolýar» diýipdi. Eger ajalym seniň eliňden bolup, kazam hem dolan bolsa, men ölmäge taýýar — diýýär.

---

[1] Kaýsar — Rum patyşasy.

[2] Muhammet ibn Aly ibn Abu Talyp, Hasan we Hüseýiniň enebaşga dogany. Onuň ejesi Hawla bint Japar Hanapyýýa. Ol 21-nji hijri ýylynda Medine şäherinde dogulýar. Muhammet Hanapyýa örän ylymly we edermen garaýagyz adamdy. Ol: « Hasan we Hüseýin menden abraýlydyr, emma men olardan ylymlydyryn » diýerdi. Ol 81-nji hijri ýylynda Medinede wepat boldy. Başga bir çeşmede onuň Taýyfda wepat bolandygyny ýatlanyp geçilýär.

Hajjaç onuň pert-pert jogap berşini görüp, onuň mert, edermen ýigitdigine göz ýetirip:

— Seniň kazaň dolmandyr, islän tarapyňa git — diýýär.

Soňra Hajjaç onuň aýdanlaryny Abdylmälige ýetirýär. Abdylmälik hem Ibn Hanapyýanyň aýdan gürrüňini Kaýsara hat üsti bilen ýetirýär. Kaýsar bu haty okap:

— Alladan ant içýärin, bu gürrüňi ýa-ha pygamber, ýa-da pygamberiň maşgalasyna degişli adam aýdyp biler — diýýär.

* * *

Iýas ibn Mugawyýa: „Soraga tiz jogap bermek, adamsyz mejlis guramak we köpçülikde eşiksiz gezmek gelşiksizdir» diýýär.

* * *

Kuraýşylaryň bir topary Mugawyýa garşy çykýarlar. Mugawyýa mejlisde gozgalaň turuzan kuraýşylaryň kellesini getirmegi emr edýär. Onda şol mejlisde oturan Ibn Kaýs[1]:

— Eger-de sen kuraýşylardan näçe adamyň kellesini alsaň, biz hem Abu Sufýanyň neslinden şonça adamyň kellesini alarys — diýýär.

Mugawyýa:

— Eý, sen garga! — diýip sögünýär.

Ibn Kaýs:

— Hawa! Kämahal garga hem daşdeşen ýaly agaçdan özüne höwürtge ýasajak bolup öz kellesini döwýändir — diýýär.

Mugawyýa onuň beren jogabyna gülüp goýberýär we gozgalaňçylary öldürtmekden el çekýär.

[1] Abdylla ibn Kaýs ibn Muhrama ibn Abdylmuttalyp ibn Abdyl Mennaf.

* * *

Bir gezek Abu Talyp Muhammet alaýhyssalamdan:

— Sen yzyňa eýerenleri nirä alyp barýanyňy bilýärsiňmi? — diýip soraýar.

Muhammet alaýhyssalam oňa:

— Hawa — diýip jogap berýär.

Abu Talyp:

— Saňa bu ýoluň dogrudygyny kim aýtdy? — diýip soranda, ol:

— Rebbim — diýýär.

Abu Talyp:

— Saňa eýerenlere sütem berilýändiginden habaryň barmy? — diýip soranda, Muhammet alaýhyssalam oňa:

— Olara o dünýäniň süteminden bu dünýäniň sütemini başdan geçirenleri haýyrlydyr. Ahyrýetdäki süteme döz gelip biljek adamyň çagasy ýokdur — diýýär.

# ÝIGRIMINJI BAP

## JENAÝAT, GÜNÄ, ERBET IŞ ETMEK, EDEN IŞIŇE ÖKÜNMEK, TOBA ETMEK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala ýaradan bendesine geçirimlilik etmegi gowy görýändir» diýýär.

* * *

Aşgary Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Allatagala gündiz günä iş edeniň gijä çenli, gije günä iş edeniň daňdana çenli eden işine ökünip, toba ederine garaşýar. Allatagala gün günbatardan dogýança adamlar eden günä işlerine ökünip, toba etseler olaryň günäsini geçýändir» diýýär.

* * *

Hasan Basry Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Şeýtan jennetden kowlanda, Allatagala: «Eý Taňrym! Maňa adamzadyň jany jesedinden çykýança, ony azdyryp, öz tarapyma çekmäge rugsat ber» diýýär.

Allatagala oňa: «Saňa rugsatdyr, ýöne Adam perzendi jany bokurdagyna gelýänçä toba etse, men onuň günäsini geçerin» diýýär.

* * *

Bir adam Muhammet alaýhyssalama:

— Men günä iş etdim — diýende, Muhammet alaýhyssalam oňa:

— Eden günä işiňe toba et — diýýär.

Ol adam:

— Men eden günä işime toba edip, ýene-de günä iş edip bilerinmi? — diýip soraýar.

Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Her gezek günä iş edeniňde toba et. Şeýle etseň utulyşda galjak şeýtandyr — diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Adam edil bugdaý sümmüli ýalydyr. Bugdaý sümmüli kä ýeliň ugruna gyşarýar, kä-te göni durýar. Adam hem kämahal erbetlige meýil edýär» diýýär.

* * *

Kaýs: «Eger-de sen kuraýşylardan näçe adamyň kellesini alsaň, biz hem Abu Sufýanyň neslinden şonça adamyň kellesini alarys» diýýär.

* * *

Hasan Basry Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Adam günä iş edip hem jennete girip bilýändir» diýýär. Adamlar ondan: «Ol nähili, nädip?» diýip soranlarynda, ol: «Möminleriň toba etmegi, Allatagalanyň hem onuň tobasyny kabul edip, günäsini geçmegi bilen ol adam jenneti bolýandyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bir gezek Abubekr (onuň lakamy Syddyk dogruçyl) Muhammet alaýhyssalamyň: «Günä iş eden musulman täret kylyp, namaz okamalydyr. Soňundan Allatagaladan özüniň günäsini geçmegini sorap, dileg etmelidir, toba gelmelidir» diýenini eşitdim» diýip maňa gürrüň berdi» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Toba gelip, aklyna aýlanan adamlara hormat goýuň, olar erbetlikden ýagşylyga ýüzüni öwren adamlardyr» diýýär.

* * *

Ýene-de ondan: «Eden erbet işine ökünip toba edip bilýän adam, agy-garany saýgarýan akylly adamlaryň hataryndandyr» diýilýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Geçirimlilik we toba etmek zekat beren ýalydyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) ölmeziniň öň ýanynda: «Eger men onuň[1] salan tyg ýarasyndan ölsem, ony hem maňa edişi ýaly ediň, emma ondan artyk etmäň» diýýär.

---

[1] Hezreti Aly bu gürrüňi Abdyrahman ibn Müljem tarapyndan ölüm ýarasy salnandan soň aýdýar.

* * *

Bir adam Ýahýa ibn Halytyň ýanyna gelip, eden işi üçin ötünç soraýar. Ýahýa oňa: «Seniň eden günä işiň, soraýan ötünjiňden agyr gelýär» diýýär.

* * *

Bir gezek Harun Reşit gaharlanyp otyrka, goşun serkerdeleriniň biri bolan Hamyt Tusa gözi düşýär we ony hiç zat ýok ýerden öldürmegi emr edýär. Hamyt aglap başlaýar. Harun Reşit Hamytdan:

— Sen näme üçin aglaýarsyň? — diýip soranda, ol:

— Eý möminleriň emiri! Men ölümden gorkup aglamok. Ahyry owwal ölmelidir. Men seniň beýle gaharlydygyňy bilmän, öýümden çykanyma nälet okap aglaýaryn — diýýär.

Harun Reşit onuň beren jogabyna gülüp goýberýär we onuň günäsini geçýär.

* * *

Zyýat ibn Abyh bir adamyň kellesini almagy emr edýär. Ol adam Zyýada:

— Meniň sen bilen ýakynlygym bar — diýýär.

Zyýat ondan:

— Ol nähili ýakynlyk — diýip soraýar.

Ol adam:

— Meniň kakam seniň daşgynrak garyndaşyň — diýýär.

Zyýat:

— Seniň kakaň ady näme? — diýip soranda, ol adam:

— Seniň emriňden soň ol-ha, kakamyň ady, men öz adymy hem ýadymdan çykardym — diýip, jogap berýär.

Zyýat ol adamyň ugurtapyjylygy üçin ony azat etmegi emr edýär.

* * *

Bir çarwa apbaslylar halypasy Mätiniň hyzmatkärine şarpyk çalýar. Mäti ony ýanyna çagyryp:

— Sen meniň hyzmatkärime şarpyk çalmaga neneň het etdiň? — diýende, ol çarwa:

— Eý möminleriň emiri! Biziň ählimiz seniň hyzmatkäriňdiris. Şonuň üçin size iki hyzmatkäriň arasyndaky dawa goşulmak uslyp dälmikä öýdýän — diýýär.

Mäti aýdara söz tapman, çarwanyň günäsini geçýär we oňa halat-serpaý ýapmagy emr edýär.

* * *

Bir gezek Isgender Zülkarneýin özüniň köşk şahyryny bir etmişi üçin ýanyndan kowýar we onuň baýlygyny beýleki şahyrlara paýlaýar. Isgenderden onuň beýle etmeginiň sebäbini soranlarynda, ol:

— Ony ýanymdan kowanymyň sebäbi, onuň bir etmişi bardy. Onuň baýlygyny şahyrlara paýlanymyň iki sebäbi bar. Birinjisi meniň beýle edenimi gören başga şahyrlar indikide beýle iş etmezler. Ikinjisi, baýlykdan paý ýeten şahyrlar ol şahyryň günäsini geçmegini diläp ýanyma gelmezler — diýip, jogap berýär.

* * *

Bir danadan:

— Günäden daşda durmak gowumydyr ýa-da sogap işleri etmek? — diýip soranlarynda, ol dana:

— Günä iş ederin öýdüp ähli işleri taşlamagyň özi uly günädir. Günä işden daşda durup bilmek uly sogap işidir — diýýär.

* * *

Hajjaç bir adamy ölüme buýurýar. Ol adam Hajjaja:

— Sen meni öldürtmäniňde-de günäň ýeterlikdir. Şonuň üçin Allatagalanyň ýanyna baranyňda seniň hem eden sogap işiň bolar ýaly meniň günämi geç — diýip, ondan haýyş edýär.

Bu adamyň aýdan sözleri Hajjaja täsir edýär. Ol bu adamyň günäsini geçýär.

* * *

Bir çarwa nalyş edip: «Eý Allam! Bu dünýäde seniň garşyňa gitdik, etme diýen işleriňi etdik. Indi bu dünýäden gitmezden ozal ýene-de senden günämizi geçmegiňi soraýarys. Seniň geçirimliligiň çägi ýokdur» diýýär.

* * *

Mansur Fakyh şeýle diýýär:

Seniň diýen sözleriňe, edemok hiç bir kine,
Ýüregimde damar tutmaz, duşmançylykdan şine.

* * *

Bir gezek Abdyrahman ibn Halyt ibn Welit we Abdylmälik Merwanynyň arasynda dawa turup, bu dawada Abdyrahman üstün çykýar. Adamlar Abdylmälige:

— Sen agaňa habar ber we ondan aryňy al — diýenlerinde, ol:

— Halypanyň ýakyn garyndaşy bolup, öz ýurduňda ýaşaýan raýatyň üstünden şikaýat etmek we başga biriniň kömegi bilen ar almak maňa gelişmez — diýýär.

Soň Abdylmälik halypa bolanda oňa şol bolup geçen wakany ýatladanlarynda ol:

— Hökümdar geçirimli bolmalydyr, raýatlaryna adyl göz bilen seretmelidir. Ýürekde kine saklamak hökümdara gelişmez — diýýär.

* * *

Zyýat: «Wezipeli adam gahar-gazaby özünden daşlaşdyrsyn. Kimde erbet gylyk-häsiýet bolsa tizden-tiz bu gylykdan saplansyn. Kim-de kim ýagşy gylyk-häsiýetli bolsa onda ol adam ýene-de başga ýagşy gylyk-häsiýetleri özünde jemlesin. Men özüm hakynda aýdylýan ýaman gürrüňleri gulagymyň duşyndan geçirdim. Maňa edilýän ýigrençleri görsemem, gaharymy ýuwutdym» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Musulman doganyna geçirimlilik edene Alla geçirimlilik eder» diýýär.

* * *

Ybraýym ibn Mäti: «Men bir etmiş edenimde Mamun dini kada-kanuny göz öňünde tutdy we men oňa ýakyn garyndaş bolsam-da, meniň günämi geçmedi. Aslynda Mamun iň bir geçirimli halypalaryň biridi» diýýär. Geçirimlilik — sahylygyň bir görnüşidir.

* * *

Muhammet ibn Zübeýde[1] Abu Nuwasyň bir etmişini ýatlaýar. Onda Abu Nuwas: «Eý möminleriň emiri! Meniň etmişimiň günäsini geçenden soň ýatlama. Eger-de ýene-de ýatlajak bolsaň, maňa şol etmişim üçin jeza ber» diýýär.

---

[1] Apbaslylar halypasy Harun Reşidiň ogly Muhammet Emin. Onuň ejesi Zübeýde bint Abu Japardyr.

* * *

Günleriň birinde Harun Reşit Abdylla ibn Mälige[1] gaharlanyp, onuň bir etmişi üçin tussag edýär. Emma tiz köşeşip, onuň günäsini geçýär. Harun Reşit ýakyn adamlaryndan Abdyllanyň özünden öýkeli gezip ýörendigini eşidýär. Ol Abdyllany ýanyna çagyryp:

— Eý Abdylla! Sen meniň eden işime kine edipsiň. Men hem gaharlanyp, biriniň göwnüne degsem, soňra gije-gündiz şol hakynda oýlanyp ýatyp bilemok. Sen bir günä iş etseň, şol etmişiňe Allanyň öňünde özüň jogap berýärsiň Şalar, halypalar bolsa diňe bir öz eden işi üçin däl-de, eýsem ähli raýaty we onuň eden işleri üçin Allanyň öňünde jogapkärdir. Şonuň üçin meniň gaharym gelip, göwnüňe degenim üçin öýke-kine etmegin — diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziz: «Eý, halaýyk, siziň ata-babaňyz ýekeje eden günäsi üçin jennetden kowulandyr. Haçan-da toba edip günäsini ýuwanda bolsa ýene-de jennete girendir. Şonuň üçin ilki günä we şer iş etmejek boluň, etseňiz hem toba ediň. Allatagala siziň günäňizi geçer» diýýär.

* * *

Ahnaf: «Ýaş oglan birnäçe ýalňyşlyklary başdan geçirip kämil bolýandyr» diýýär.

---

[1]Abdylla ibn Mälik Apbasylylar döwletiniň serkerdeleriniň biri. Döwletde şurtany (polisiýa) dolandyrýardy. Onuň Harun Reşide garşy dildüwşige goşulandygynyň üsti açylanda, Harun Reşit ony 189-njy hijri ýylynda Tabarystan, Reý, Ruýan, Denbed, Kulk we Hemedana häkim edip belleýär. Harun Reşit bilen rumlylara garşy gazawata gatnaşýar. Soňra Harun Reşit ony ogly Mamunyň ýanynda serkerdelik etmek üçin Merwe goýberýär.

* * *

Eýýup Suhtiýany[1]: «Adam iki häsiýeti özünde jemlände, ýagny kişi baýlygyna göz gyzdyrman adamlar bilen dawasyz ýaşamagy we ýazykly iş edende ötünç soramagy başaranda kämil derejä ýeter» diýýär.

* * *

Halyl ibn Ahmet: «Günä iş edip, oňa toba etmeýän adam iň bir erbet adamlaryň biridir» diýýär.

* * *

Ybraýym Nahygy ötünç soraýan adamy halamandyr. Ol ötünç soraýanyň sözlerini ýalan hasaplapdyr.

* * *

Nahgy ötünç sorasalar halamazdy. Ol: «Ötünç soraýan adamyň ähli sözi ýalandyr» diýýär.

* * *

Allatagala pygamberleriniň birine: «Adamlardan meni tanaýany meniň garşyma gitse, goý oňa meni tanamaýan höküm etsin» diýýär.

---

[1] Abubekr Eýýup ibn Abu Temim Keýsan as-Suhtiýany Basry. Suhtiýanyň töweregindäki obalaryň birinde doglup, önüp-ösen. Ol deri eýläp satmak bilen meşgul bolupdyr. Örän köp ybadat edýän alym adamdy. 131-nji ýylda 63 ýaşynyň içinde wepat bolýar. Ýaşan ömründe birnäçe hadysçy alymlardan hadys gürrüň beripdi.

* * *

Ybraýym Edhem: «Eger musulman doganyň bir günä iş eden bolsa, onda ýetmiş gapydan geçirimlilik sora. Eger olar geçirmese, onda özüň onuň günäsini geç» diýýär.

* * *

Ahmet ibn Asym Antaky[1]: «Allatagalanyň öňünde galan ömrüňi sogap işler edip ýaşasaň, ol seniň öňki günäleriňi geçer» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Allatagala üç zatdan umydyny üzen adama garyba — baýlyk, günäli adama — toba, nesilsiz adama — çaga berip, olary täzeden ýaşaýyşa umyt döredýändir» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Eger-de seniň bir eden işiň saňa ynjalyk bermese, sen bu eden işiňi erbet ýa-da günä iş hasap etseň, haýal etmän Allatagala toba et! Şonda seniň göwnüň aram tapar» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Toba etmeseň magfyrýet bolmaz. Haýyr-yhsan etmeseň sogap ýazylmaz. Allanyň razylygyny gazan, şonda sogap hem gazanarsyň we magfyrýete-de ýetersiň» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kalbynda pitne turuzmaga höwesi bar adam toba etsin» diýýär.

[1] Ahmet ibn Asym Abu Ala ýa-da Abu Abdylla Antaky. Dindar we takwa adam bolup, Bişir Hafynyň we Sira Suktynyň döwürdeşi.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Iki adamdan, ýagny haýyr-sogap iş edip ýaşaýan we günä iş edip, günäsinden saplanmaga çalşyp ýaşaýan adamlardan başgalara bu dünýäde ýaşamagyň hiç hili hajaty ýokdur» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kalbyndan däl-de, diňe dilinden toba edýän adam Allatagala bilen oýun edýän ýalydyr» diýýär.

* * *

Ibn Müseýýip Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Allatagala bendesiniň tobasyny kabul edip, günäsini geçenden soňra, ýere, asmana, jynlara ol adamyň öňki eden işlerini ýatdan çykarmagy we gaýdyp hiç haçan ýatlamazlygy emr edýär» diýýär.

* * *

Fazyl: «Yhlassyz edilen toba kezzaplaryň tobasydyr» diýýär.

* * *

Resul alaýhyssalam Äşä: (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eý Äşe! Eger-de bu dünýäde bir zady ýigrenseň, günä iş etmegi ýigrengin. Şonda Allanyň ýalkamagyna sezewar bolarsyň» diýýär.

* * *

Bir gezek Hasan Basry gije aglap turýar. Onuň aýalydyr çagalary nämäniň nämedigine düşünmän, oňa goşulyp aglaýarlar. Ahyry onuň aýaly Hasandan:

— Eý Hasan! Gijäniň bir wagty näme üçin aglaýarsyň? — diýip soranda, ol:

— Men bir günä iş edip, oňa toba etmänkäm, bu dünýeden öterin öýdüp gorkup agladym — diýýär.

* * *

Atabynyň kakasy Amr ibn Ataba sapara gitmezinden öň ogullaryny çagyryp, wesýet ederdi. Ol:

— Adamlara ýagşylyk etseňiz aman ýaşarsyňyz. Şükür etseňiz rysgal-bereketiňiz artar. Esasy zat bolsa sizi otdan, bela-beterden gorar — diýýär.

Amryň ogullary:

— Ol näme zat? — diýip soranlarynda, ol:

— Allatagala toba etseňiz dowzah odundan halas bolarsyňyz we beýik Taňrynyň özi sizi bela-beterden gorap, öz penasynda aman saklar — diýýär.

* * *

Danalaryň biri: «Haýyr-sogap iş bilen meşgul bolýan adamy günä işlerden we bela-beterlerden Allanyň özi gorar» diýýär.

* * *

Samsyk adamyň ýalňyşlyklaryny akylly sapak edinmelidir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Şalara mahsus häsiýetleriň biri geçirimlilikdir» diýýär.

* * *

Günä işi höwes bilen etmek iki günädir.

* * *

Günä işlerden toba bilen saplan.

* * *

Kalbyň salgy beren işini et. Musulman kalby hiç haçan hem erbetligi ündemez.

* * *

Mukaddes kitaplaryň birinde: «Geçirimli adam uzak ýaşaýandyr» diýilýär.

* * *

Anuşirwan: «Geçirimlilik etmegiň hem özboluşly lezzeti bardyr» diýýär.

* * *

Dagbal[1] Mamuna şeýle diýýär:

Sen asylzadalaň bolsaň neslinden,
Neçün Eminiň günäsin geçmediň sen.

Bir tagt üçin jyda kyldyň başyndan,
Utanmadyň töwerekden, daşyňdan.

Onuň bu sözlerini Mamuna ýetirenlerinde, ol: «Meniň geçirimliligime delil bolsun diýip, men onuň bu sözleri üçin oňa zat diýmerin» diýýär.

---

[1] Abu Abbat Sabit ibn Ýahýa.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Günä iş edip, soňundan hem bu günäniň jezasy ýeňil ýa-da hiç hili jeza ýok diýip hasaplamak, iň uly günädir» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Ynsan gije günä iş etse, ertir turanda onuň üstünde eden günä işiniň kölegesi durar» diýýär.

* * *

Mamun: «Eger-de adamlar meniň geçirimlilik etmegi gowy görýändigimi bilseler meniň ýanyma gelmek üçin diňe jenaýat ederdiler» diýýär.

* * *

Ýezit ibn Mezit: «Bir gije meni Harun Reşit ýanyna çagyryp: «Eý Ýezit! Sen halk arasynda: «Men bu döwletiň sütüni, men halky aýaga galdyraryn» diýýärmişiň. Sen bu döwletiň haýsy sütüni? Sen kimleri kimiň garşysyna aýaga galdyrmakçy» diýdi. Men derejäň geň däldigini bilip: «Eý möminleriň emiri! Men özüme döwletiň sütüni diýmedim. Men bu döwletiň guly, döwletimizi mundan hem ösdürmek üçin ählimiz halypamyzyň daşyna jem bolalyň diýdim, emma kimdir biri sizi tizräk begendirmekçi bolup çala eşiden bolsa gerek» diýenimde, Harun Reşit gülüp goýberdi we hazynadaryna: «Daň atmanka Ýezidiň öýüne iki ýüz müň dirhem eltip gaýt» diýdi.

* * *

Ybraýym ibn Mäti Mamuna:

— Eý möminleriň emiri! Meniň günäm geçirimlilikden agyr gelýär. Ýöne seniň geçirimliligiň meniň günämden megerem agyr gelermikä öýdýän — diýýär.

Mamun Ybraýym ibn Mätiniň[1] günäsini geçýär we:

— Adamlar meniň günä geçmekden nähili lezzet alýandygymy bilseler günä iş etmezdiler — diýýär.

* * *

Ýezdigert[2]: «Öz raýatlarynyň günäsini geçmegi başarmaýan soltan zalymdyr» diýýär.

* * *

Bir adam metjitde:

— Eý Allam! Meniň günämi geç — diýip, sesini zowladyp, gygyryp otyrka, onuň ýanyna metjidiň ymamy gelip:

Seniň beýdip gygyryp oturşyň bolmaýar. Günä iş eden adam öz eden günäsinden, Allanyň gazabyndan gorkup, geplemäge dili hem aýlanmaly däldir — diýýär.

* * *

Ybraýym ibn Ýahýa ibn Mübärek Ýezidi[3] Mamuna günäsini geçmegini sorap hat ýollaýar. Ol: «Men ýalňyşdym, hata kyldym, emma Allatagala günä işleriň bardygy üçin, geçirimliligi ýaradandyr» diýýär.

---

[1] Ybraýym ibn Mäti, Mamunyň agasy, Harun Reşidiň dogany.

[2] Sasanlylar döwletiniň üçünji şasy Ýezdigertdir. Birinji Ýezdigerdiň lakamy “Zalymdyr”. Ikinji Ýezdigerdiň lakamy “Goşun söýüjidir”. Üçünji Ýezdigerdiň lakamy “Iň soňky şadyr”. Ýokarky sözleri bularyň haýsynyň aýdany bize mälim däl.

[3] Ybraýym ibn Ýahýa ibn Mübärek Abu Yshak Ýezidi. Ol Basraly şahyr ýazyjylaryň biri we Mamuna ýakyn adamlardan. Ol Bagdada göçýär we 225-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Dana adamlaryň biri: «Geçirimlilik — bu adamlaryň biri-birine bolan duşmançylygy, öýke-kinäni ýadyndan çykaryp, olar biri-birine täzeçe garamagydyr» diýýär.

* * *

Japar ibn Ýahýa ýolda gidip barýarka bir hat ýazylan kagyz tapýar. Bu kagyzda: «Allatagala tagat et, adamlara geçirimlilik. Şonda iki dünýäň hem abat bolar» diýlip ýazylgydy.

* * *

Ötünç, geçirimlilik soramak öýke-kineli adamyň ýüregindäki galan ýara melhem bolmagydyr.

* * *

Bir adam Rabyýa Adawiýadan:

— Men günä iş etdim. Eger Allatagala toba etsem, ol kabul edermikä? — diýip soranda, ol:

— Eý, bagty ýatan! Elbetde kabul eder. Eger Allatagala bendesiniň günäsini geçmejek bolsa geçirimliligi, tobany döretmezdi — diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Mütewekkil gyrnagy Kabyhanyň[1] otagyna gelende kagyza ýazylan goşgy tapýar. Goşgyda şeýle setirler bar:

---

[1] Ol Mütewekkiliň ümmi weledi (ümmi welet diýip — hojaýynyndan çagasy bolan gyrnaga aýdylýar) halypa Mugtazyň ejesi. Kabyha örän owadan zenan bolupdyr. Ol ogly Mugtaz halypalyk eden döwründe döwletiň ähli işlerine goşulypdyr. Kabyha oglunyň hasabyna depseň derpenmez baýlyk jemläpdir. Goşun aç galyp, Mugtazdan haklaryny talap edýärler. Mugtaz ejesinden pul soranda, ol pul bermekden boýun gaçyrýar. Esgerler pitne galdyryp Mugtazy

Ýüregimde saňa bolan umman kimin söýgi bar,
Meniň üçin Taňrym seni ýaradandyr halasgär.

Meniň günämi geçip, orun ber kalbyň töründen,
Seni ýaradany uçin razydyryn men Hakdan.

Bu haty okan Mütewekkil: «Ötünjiňi kabul etdim, seniň günäňi geçdim» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eger duşmanyňdan özüňi güýçli saýsaň, onuň günäsini geçgin. Bu Allatagalanyň seni duşmanyňdan güýçli ýaradanyna eden şükrüň bolsun» diýýär.

* * *

Ataba ibn Abu Sufýan ölmeziniň öň ýanynda özüni metjide eltmeklerini soraýar. Ol metjidiň münberine ýaplanyp oturyp:

— Eý, Müsür diýarynyň raýatlary! Men size nije-nije ezýetleri berdim. Bu gün ajal ýakamdan tutanda özüme nämäniň garaşýandygyna göz ýetirdim. Ähli mal-mülkimi berip, wagty yzyna dolap bolýan bolsady, säginmän bar baýlygymdan geçerdim. Indi giç, sizden günälerimi geçmegiňizi, Allatagalanyň tobamy kabul etmegini soraýaryn — diýýär.

---

öldürýärler. Kabyha ähli mal-mülküni taşlap, Mekgä gaçýar we 264-nji hijri ýylynda wepat bolýar .

* * *

Ibn Sirin[1]: «Günä iş misli bergi ýalydyr. Köp günä iş eden adam bergä batan adam mysalydyr. Ol adam bergileri bilen diňe toba edip üzlüşip biler» diýýär.

* * *

Bir kör akyldar: «Bir adamyň Allanyň öňünde toba edip, onuňam günäsiniň geçilmegi meniň üçin Allatagalanyň maňa gözümi gaýdyp bermeginden hem haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Dawut pygamberiň bu dünýeden gitmeli möhleti ýetip gelýär. Ajal onuň janyny almaga gelende, Dawut oňa elindäki ýaş wagty bir ýalňyşlyk edende özüne salan tagmasyny görkezip: «Men şu günämi toba edip ýuwan hem bolsam, şol eden ýalňyşlygym sebäpli Allatagalanyň huzuryna barmaga utanýaryn» diýýär.

* * *

Bir gezek Dawut alaýhyssalam öýüniň gapysynda otyrka, bir ýehudy gelip, onuň bilen gürleşmäge başlaýar. Ol az salym gürleşenden soňra, Dawudyň göwnüne degip, turup gidýär. Dawut bolan işe gahary gelýär. Ol Allatagaladan göwnüne degen adamyň aklyna aýlandyrmagyny dileg edýär. Şol günüň özünde ol adam Dawudyň ýanyna gelip, onuň göwnüne degendigi üçin ötünç soraýar.

---

[1] Abubekr Muhammet ibn Sirin Ensary. Onuň kakasy 13-nji hijri ýylynda Aýn Temrde ýesir alnyp, Jemile bint Kutba Ensara satylýar. Muhammet 33-nji hijri ýylynda Basrada dogulýar. Onuň gulagy agyrdy. Ol onda-da köp hadys diňlärdi. Düýş ýormagy ony örän meşhur edýär. 110-njy hijri ýylynda Basrada wepat bolýar.

* * *

Jahhaf ibn Hekim we onuň kowumy beni Tagallubyň üstüne çozup, aýallaryň göwüslerini kesýärler, göwreli aýallaryň garnyny ýarýarlar, erkek, oglan-uşak diýmän ähli adamlary gyrýarlar. Emma köp wagt geçip-geçmänkä, olar eden işine ökünýärler we toba edýärler. Olar gije-gündiz: «Eý Allam, biziň günämizi geç!» diýip, uzyn sesleri bilen gygyryp, köçelerde aýlanyp başlaýarlar. Günleriň birinde olaryň birine Ibn Omar duşup: «Siziň bu gykylygyňyzy eşiden Allatagala siziň günäňiz nähili uly-da bolsa, eýýäm geçen bolsa gerek» diýýär.

* * *

Abu Derda: „Allatagala çirk ýetirmek ölümdir, onuň garşysyna gitmek, saňa salynan ýaradyr. Diňe toba etmek bu ikisine melhemdir» diýýär.

* * *

Darany: «Adam günä iş edende kalbyna gara tegmil düşýär. Eger gara tegmil köpelse, adamyň kalby tutuş garalýar. Bu garany diňe toba etmek tämizläp biler» diýýär.

* * *

Fazyl: «Eger günä işiň porsy ysy bark urýan bolsa, meniň ýanymda ýekeje adam hem durup bilmezdi» diýýär.

* * *

Bir gezek Jebraýyl perişde Ybraýym Halylyň: «Eý, geçirimlik ediji sahy!» diýenini eşidip: «Näme üçin geçirimlik ediji sahy! diýilýändigini bilýärsiňmi?» diýip soraýar. Ybraýym Halyl: «Ýok!» diýip, jogap berýär. Onda Jebraýyl: «Haçan-da, Allatagala günäleri bagyşlap, onuň deregine sogap ýazanda oňa geçirimlik ediji sahy diýilýär» diýýär.

* * *

Bir gezek Sagyt ibn Jübeýrden:

— Iň ybadathon adam kim? — diýip soranlarynda, ol:

— Köp günä iş edip, soňundan bolsa, o dünýede özüne näme garaşýandygyna akyl ýetiren adam — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gün Şahram Merwezi bilen Abu Müslim Horasany gürrüňdeş bolup otyrka, Şahram Abu Müslimiň yzyndan aýdylýan lakamyny dilinden sypdyranyny duýman galýar. Ol goýberen ýalňyşlygyna ökünip, ýalňyşyny ýuwmarlamaga çalyşýar. Emma Abu Müslim:

— Geçeni geçdi bil, gazaplanmak şeýtanyň ýoluna gitmekdir. Şonuň üçin men saňa gaharlanamok we seniň günäňi geçýärin — diýýär.

Onda Şahram:

— Sen maňa günäňi geçýärin diýip ýalandan diýýän-ä dälsiň? — diýip soraýar.

Abu Müslim oňa:

— Sen geň adam. Men seniň ýalňyşyňy bagyşladym we günäňi geçdim. Sen bolsa meniň eden ýagşylygyma gümanly seredýärsiň. Meniň ýaly adam beren sözünden dänýän däldir — diýýär.

Şahram onuň sözüne güman edeni üçin täzeden ötünç soraýar.

* * *

Fazyl: «Iblis Allatagala: «Eý, Rebbim! Men seniň bendäňi nä günler bilen ýoluňdan azdyryp, öz tarapyma çekýän. Olary niçe ýyllar yzynda gezip, özüme boýun edýän. Iň soňunda-da, olar diňe toba etmek bilen ýene-de seniň ýoluňa gaýdyp

barýarlar. Sen nädip olaryň günäsini geçip bilýärsiň?» diýip soranda, Allatagala: «Meniň togsan dokuz adymyň we sypatlarymyň biri Gaffardyr[1]« diýip jogap berýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Geçirimlilik etmek Allatagalanyň adama bagyş eden iň gowy häsiýetiniň biridir. Eger geçirimlilik bolmasa, Allatagalanyň adama beren amanadynyň haçan tabşyryljagy, oňa nämäniň sebäp boljagy bilinmezdi» diýýär.

* * *

Mugawyýa: «Gylyçsyz adamyň garşysyna gylyç bilen söweşmek merdiň işi däldir. Eger size garşy söz bilen söweşseler hem gulak gabartmaň. Geçirimlilik etseň, sogabyny Alla berýändir» diýýär.

* * *

Abubekr Hezeli halypa Abu Japar Mansura Basranyň ilatynyň köp günä işler edýändigini ýaňzytmak maksady bilen: «Eý, möminleriň emiri! Kyýamat güni günäsi geçilmedik adamlar syrat köprüsinden geçip bilmezler» diýýär. Onda Mansur: «Arkaýyn bol, men raýatlarymyň günäsini geçdim» diýýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Abdylmälik Merwanynyň ýanyna bir günä iş eden adamy getirýärler. Abdylmälik oňa:

— Seniň günäňe şerigatda aýdylyşy ýaly jeza bereris — diýýär.

---

[1] Gaffar — günäleri geçiji.

Onda ol adam:

— Eý, möminleriň emiri! Gowusy sen Allatagalanyň halaýan işini edip, meniň günämi geç. Şonda men hem günämden saplanaryn, sen hem sogap gazanarsyň — diýýär.

Abdylmälik ol adamyň aýdanlaryny dogry tapyp, onuň günäsini geçýär.

# ÝIGRIMI BIRINJI BAP

## UTANÇ-HAÝA, DYMMAKLYK, AGRASLYK, KÖPÇÜLIKDE ÖZÜŇI ALYP BARMAK, ÝEKELIK (ÝALŇYZLYK), ÇEN-ÇAKY BILMEK WE NEBSIŇE BUÝURMAK HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam: «Ähli dine mahsus bolan häsiýet bardyr. Yslam dinine mahsus şol häsiýet utanç-haýadyr» diýýär.

* * *

Ýene-de Muhammet alaýhyssalam: «Utanç-haýa imanyň bir bölegidir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Maňa pygamberligiň berlen ilkinji gününden başlap, adamlary utanç-haýaly bolmaga ündedim. Sebäbi adam utançsyz bolsa, ondan islän zadyňa garaşybermelidir» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Utanç-haýa imandandyr. Iman bolsa adamy

jennete eltýändir. Utançsyzlyk erbetlikdir. Erbet işler bolsa adamy dowzaha eltýändir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Utanç donuny geýen adamyň hiç haçan aýby görünmez» diýýär.

* * *

Abu Musa Abdylla ibn Kaýs Aşgary: «Men özümiň uýat ýerlerimi görmezlik üçin garaňky jaýa girip, suwa düşünýärin. Suwa düşünip bolanymdan soň, meniň imanyma iman, utanjyma utanç goşulýandygyny duýýaryn» diýýär.

* * *

Ataba Gulam[1] her gün metjide namaza gelerdi. Namaz gutarandan soň, ol gara dere batardy. Ondan: «Bu näme boldugy?» diýip soranlarynda, ol: «Biz edýän işimize Allanyň öňünde utanmalydyrys. Men hem onuň öňünde utanjyma derleýärin» diýýär.

* * *

Eswet ibn Ýezit[2]: «Bir adam başga biriniň ýanynda günäli bolup, ol onuň günäsini geçse, günäli adam ömrüniň ahyryna

---

[1] Ataba ibn Aban ibn Sumga Basranyň iň takwa, sopy adamlarynyň biri. Ol zeýtun agajynyň çybyklaryndan sebet örüp, bazarda satyp, puluň ýarysyny özüne sarp ederdi, ýarysyny sadaka bererdi. Ol köp wagtyny oraza tutup geçirerdi. Ol Abdylwahyt ibn Ýezit, Ýahýa Wasyty dagylaryň egindeşidir.

[2] Eswet ibn Ýezit ibn Kaýs Nahgy Abu Amr ýa-da Abu Abdyrahman. Ol Alkama ibn Abdylkaýsyň doganoglanydyr. Ol alym, takwa, köp ybadat edýän we köp wagtyny oraza tutup geçirýän adamdy. Aýdyşlaryna görä, köp oraza tutanlygy sebäpli onuň bir gözi kör bolýar. Ol dogry hadys rowaýat eden adamlaryň biridir. 74-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolýar.

çenli utanjyndan ýaňa günäsini geçen adamyň ýüzüne seredip bilmez» diýýär.

* * *

Nazzar Fakygy şeýle diýýär:

Utanç-haýa donuna bürenen ynsan,
Ýalňyşdyr ýazykdan daşdadyr hökman.

Emma utanç-haýa terk etse seni,
Ýaşaýyşda galmaz hiç hili many.

* * *

Bir çarwa: «Utanç-haýaly ýüz misli lagly-jöwherdir» diýýär.

* * *

Ýene bir çarwa: «Gylyjyň gyny adam tenine ýara salmakdan gorasa, utanç-haýa adamy erbetlikden goraýar» diýýär.

* * *

Ýene bir çarwa: «Utanç-haýa adamyň ýüzüniň tuwagy» diýýär.

* * *

Aristotel: «Kim-de kim adamlardan utanyp, özünden utanmasa, onda ol adam öz-özüni sylamaýandygydyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala iki adama: garyp-gasara kömek edene we dilini utanç sözlerden saklana rehim edýär» diýýär.

* * *

Bir adam Muhammetden:

— Eý, Resulalla, o dünýäniň azabyndan halas bolmak üçin näme etmeli? — diýip soranda, ol:

— Diliňi utanç sözlerden, gybatdan gora, utanç-haýaly bol, şonda o dünýäň hem, bu dünýäň hem abat bolar — diýýär.

* * *

Abu Derda: «Adamzada iki gulagyň biri ähli aýdylýan sözleri diňlemek üçin, beýlekisi özüniň aýdýan artykmaç gürrüňlerini diňlemek üçin berlendir» diýýär.

* * *

Wehp ibn Munebbih: «Eger ýaş oglanyň utanç-haýasy bar bolsa, onda ol dogry ýoldan barýandyr» diýýär.

* * *

Ymran ibn Hassyn Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Utanç-haýa adamdaky ähli häsiýetleriň şasydyr» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Başymdaky pikirlerim erbetlige çagyrdy,
Başymdaky pikirimi utanç-haýa ýazgardy.

* * *

Bir gezek dindardan:

— Sen nähili edip ýeke oturyp bilýärsiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Men hiç haçan ýeke bolamok. Rebbim elmydama meniň ýanymda. Ýalňyz galanymda ýa-ha onuň kitabyny okaýaryn, ýa-da kömege mätäç bolanymda namaz okaýaryn — diýip jogap berýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adamyň akyly goýalyşanda gürlemesi azalýar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Adamlara ýagşylyk edýän, günä işlerden daşda durmaga çalyşýan adam mömindir» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Allany ýaran edinmek gürrüňdeş adamdan gowudyr. Emma biri bilen gürrüňdeş bolup oturanyň ýalňyzlykdan gowudyr» diýýär.

* * *

Bir gezek uly wezipeli adamlar Mardasyň dogany Urwadan:

— Sen näme üçin biz bilen gürrüňdeş bolaňok — diýip soranlarynda, ol:

— Meniň siz bilen gürrüňdeş bolmaýanymyň sebäbi, özüme-de siziňki ýaly şöhratparazlyk keseli ýokaşar öýdüp pikir edýärin. Häzir bolsa men hem o dünýämi, hem bu dünýämi alada edip ýaşaýaryn — diýýär.

* * *

Beşir ibn Mansur: «Men hiç kim bilen gürrüňdeş bolup oturmaga synanyşmadym. Olar hem meniň bilen gürrüňdeş bolmaga synanyşmadylar. Şeýdip, men bir zada göz ýetirdim. Ýalňyzlyk meniň peýdama boldy» diýýär.

* * *

Abu Mugawyýa Daryr[1]: «Men gözümiň görmeýäni iki zady üçin, ýagny özümi görüp tekepbirlik etmeýänime we adamlaryň meniň halymy soramaga gelmeýänine diýseň begenýärin» diýýär.

* * *

Makhul[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle diýýär: «Kimde kim mömin doganyna ýardam etse, Allatagala oňa kyýamat güni ýardam eder».

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Musulman adam Allatagala we onuň resulyna ynanmalydyr. Namaz okap, zekat bermelidir, dinini goramalydyr, halal baýamalydyr, musulman doganyna ýamanlyk etmeli däldir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Pukara we perzentsiz adamlar Allatagala çyn ýürekden ybadat edýändirler. Sebäbi olar gije-gündiz Allatagaladan bu ýetmezçiliklerini dolmagy diläp oturandyrlar» diýýär.

---

[1] Abu Mugawyýa Dadyr Muhammet ibn Hazym Temimi. Ol 4, başga maglumata görä, 8 ýaşynda kör bolýar. Köp hadys diňläp, dogry hadys gürrüň beren adamlaryň biri. Ol 83 ýaşyň içinde 113-nji hijri ýylynda, başga topar 195-nji hijri ýylynda Kufada wepat boldy diýýärler.
[2] Şamly alym Makhul ibn Abu Müslim Şahrap ibn Şazym.

* * *

Wasyl ibn Ata: «Hasan Basry mejlise gelende adamlara baş bolup gelerdi. Gidende olaryň yzyna düşüp giderdi. Mejlisde oturanda-da ýekeje agyz hem gürlemezdi» diýýär.

* * *

Bir adam Ibn Mübärege başga bir topar adamy görkezip:

— Bu adamlara ýagşy amallary öwret, olary dogry ýola sal! — diýende, Ibn Mübärek:

— Meni öz günüme goýsalar, olar maňa ýagşy amallary öwreden ýaly görjek — diýýär.

* * *

Amr ibn Ubeýt mejlisde gürlemezdi. Eger gürläýse-de az we manyly gürlärdi.

* * *

Rabyga ibn Haýsam: «Ylym al, soňra ýalňyzlykda ybadat et» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Abdyleziz ibn Abdylla ibn Omar ähli mal-mülküni taşlap, çöl-beýewana göçüp, ýalňyz ýaşamaga başlaýar. Ol şähere gelse, eline Gurhan alyp, diňe gabrystanlyga gelerdi. Ol gabry görkezip:

— Iň dogruçyl zat gabyrdyr. Sen kim bolsaň hem akybetiň şu ýerdir. Ýalňyzyň dosty kitapdyr. Kitap ýaly wepaly ýaran ýokdyr — diýýär.

Mälik ibn Enes Abdylla hat ýazyp, Muhammet alaýhyssalamyň metjidiniň ýanynda ýaşamaga çagyrýar. Abdylla onuň diýenini kabul edip, metjidiň ýanyna göçüp barýar.

* * *

Ybraýym ibn Ýezit Nahgy: «Köp gürlemek we baýlygy söýmek adamy heläk eder» diýýär.

* * *

Ýene-de ondan: «Adamyň gürlemegi kynlyk bilen öwrenişi ýaly, dymmaklygy öwrenmek hem güzaplydyr» diýýär.

* * *

Ibn Awn[1]: «Adamlara üç sany zady, ýagny Gurhan okamagy, onda aýdylan zatlary ýerine ýetirmegi, Resulallanyň hadyslaryny diňläp, pygamberiň sünnetini berjaý etmegi we şol iki zady adamlaryň arasynda wagyz etmegi nesihat edýärin» diýýär.

* * *

Nahgy: «Adam gürlemegi öwrenişi ýaly, dymmagy hem öwrenmelidir» diýýär.

* * *

Musa ibn Taryf[2]: «Ýagşylyk etseň gizlin et. Şeýtseň, ýüregiň ýuka bolar we tekepbirlikden daşda bolarsyň. Oňarsaň öz kowumdaşlaryňdan daşda nätanyş adamlaryň arasynda ýaşa. Şeýtseň, özüňi salyhatly, agras alyp bararsyň we men pylana

---

[1] Abdylla ibn Awn ibn Artaban Mezeni Abu Horraz Basry. Onuň atasy Artabany Abdylla ibn Mugfil Mezeniniň hyzmatkäri bolupdyr. Ol 66-nji hijri ýylynda eneden dogulýar. Ol döwürdeşlerinden ybadaty, takwalygy, ylmy bilen düýpgöter tapawutlanypdyr. Ol bir gününi agyz bekläp, bir gününi iýip-içip geçirerdi. Aýdylşyna görä, ol ajam ýurdundan bolup, arap aýala öýlenýär. Ol köp dogry hadys gürrüň beren adamlaryň biridir. 151-nji ýylda wepat bolýar.

[2] Nusgada Musa ibn Taryf diýip ýazylan. Dogrusy 103-nji hijri ýylynda wepat bolan Musa ibn Talha ibn Ubeýdylla Temimidir.

kömek edipdim ýa-da pylan maňa borçludyr diýen ýaly pikiriň bolmaz» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri doganyndan:

— Seniň öz bilmeýän zadyňy bilip, öz bilesigelijiligiňi ýigrenen wagtyň bolupmydy? — diýip soraýar.

Onda dogany:

— Ýok! — diýýär.

Söwri:

— Men adam tanamak üçin köp wagtymy sarp etdim. Haçan-da ol adamyň häsiýetlerine göz ýetirenimde, özümiň bilesigelijiligimi ýigrendim. Şondan soňra mende asla adamy tanamak islegi galmady — diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri:

— Adam öýüne haýyr işler edip barsa ýagşydyr — diýýär.

Onda Söwrüden:

— Seniň bu diýeniňe nähili düşünmeli?» diýip soranlarynda, ol: «Meniň öý diýdigim gabyr diýdigimdir — diýýär.

* * *

Ybat ibn Kesire[1] dostlarynyň biri hat ýazýar. Ol hatynda: «Zamana görä bol. Wezipe ynanylsa, boýun gaçyrma. Sebäbi sen bu wezipeden boýun gaçyrsaň, ol wezipä başga biri eýe bolar we saňa höküm eder» diýýär.

---

[1] Ybat ibn Kesir Sakafy Mekgäniň örän ylymly dindar we hadys alymy. 400-500-nji hijri ýyllar aralygynda wepat bolýar.

* * *

Bir gezek Mälik ibn Magoldan[1]:

— Öýde ýeke galmakdan gorkaňokmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Men Allatagalanyň ýanynda bolmakdan gorkýan adamy şu çaka çenli bilemok — diýýär.

* * *

Wahyp ibn Ward[2]: «Danalyk on şahadan ybarat bolsa, onuň dokuz şahasy dymmaklykdyr, bir şahasy bolsa, az we manyly gürlemekdir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adama, köplenç, gürleýşine görä baha berilýär. Gowy gürlese, gowy adam, erbet gürlese-de erbet adam diýip hasap edilýär. Emma ikiýüzli adam gowy gürlese-de, erbet adam bolup bilýändir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bu zamanda diňe mömin bolsaň, halas bolarsyň. Mömin şehit bolsa ölýän däldir, gaýyp bolsa ýitýän däldir. Ol dogry ýola ýagty saçýan çyradyr. Olar üçin jennetiň ýedi gapysy hem açykdyr» diýýär.

---

[1] Mälik ibn Magol ibn Asym ibn Gazyýa ibn Harysa Bajly Abu Abdylla Kufydyr. Ol ynamly dogry hadys gürrüň beren adamlaryň biridir. 159-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Wahyp ibn Wart ibn Abu Ward. Onuň ady Abdylwahhap bolup, Wahyp onuň lakamydyr. Ol Mekgäniň iň takwa, hudaýhon, terkidünýä adamlarynyň biridir. Wagyz edende gözünden gözýaş paýrap giderdi. 153-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Dili paýyş sözleri diýýän adamyň kalby erbetdir. Kalby erbet adamyň bolsa imany kämil däldir. Dilini ýaman, paýyş sözlerden goran adamy Allanyň özi ýalkar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Dil adama berlen nygmatlaryň biridir. Ol adamyň başyna bela getirip, nähak ganlary hem dökdürdip biler, ýa-da urşuň öňüni alyp, adamlaryň başyny aman saklap hem biler. Bu her ynsanyň sözi ýerlikli, aklyna laýyk ulanyp bilşine baglydyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Eger bir adamyň dymýandygyny görseňiz, ondan görelde alyň. Dymmaklyk danalygyň alamatydyr» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ýalňyz ýaşaýan adam durmuşyň ünjülerinden halasdyr» diýýär.

* * *

Fazyl: «Kim-de kim ýekeligi halaman, adamlaryň içinde bolmagy gowy görýän bolsa, onda ol adam şan-şöhraty gowy görüp, diňe özüni görkezmäge çalyşýan adamdyr» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Köpçülikden uzakda bolmak bela-beterlerden we günälerden başyňy aman saklar» diýýär.

* * *

Fazyl: «Men garaňky düşmegine begenýärdim. Sebäbi gije adamlaryň gybatyndan, erbet gürrüňlerinden gulagyň dynç bolup, diňe Rebbim bilen galýarsyň. Daň atyp gelýändigini görenimde bolsa, mazam gaçýardy. Sebäbi ýene-de adamlar bilen duşuşyp, olaryň biderek gürrüňlerini diňlemäge mejbur bolýardym» diýýär.

* * *

Fazyl: «Ýolda biri duşanda salam bermeli we nähoşlanda baryp, halyny soramaly. Başga wagt işinden, ybadatyndan goýup, oňa päsgel berip ýörmeli däl» diýýär.

* * *

Ýene-de Fazyl: «Meniň bu dünýäde iki adamdan başga göresim gelýän adamym ýok» diýýär. Ol Ibn Mübäregi we Abdylla ibn Abdylezizi göz öňünde tutýardy.

* * *

Sufýan ibn Uýaýna: «Bir gezek men Fazyl nähoşlanda onuň ýagdaýyny soramaga baranymda, ol: «Eger nähoşlamadyk bolsam, seniň geleniňi halamazdym» diýdi» diýýär.

* * *

Ybraýym ibn Ýezit Nahgy: «Bir gezek gije metjide baranymda, Fazyl Gurhan okap otyrdy. Men onuň ýanyna golaýlamda, ol: «Bu kim?» diýdi. Men: «Ybraýym» diýdim. Ol: «Näme üçin geldiň? Näme, ýalan sözleýärsiňmi?» diýdi. Men: «Ýok!» diýdim. Ol: «Günä iş edýärsiňmi?» diýip sorady. Ýene: «Ýok!» diýdim. Ol: «Meniň üçin hem, özüň üçin hem gowy bolmagyny isleýärsiňmi?» diýip sorady. «Hawa» diýdim. Fazyl: «Onda meni ýeke goýmagyňy haýyş edýärin» diýdi.

Men onuň ýagdaýyna düşünip, metjitden çykyp gaýtdym» diýýär.

* * *

Bir gezek Fazyldan:

— Eger ogluň senden: «Maňa meniň adamlary görüp bilýän, emma olaryň meni görmeýän ýerini salgy ber» diýse, näme diýip jogap bererdiň? — diýip soranlarynda, ol:

Beýle diýse, onuň meniň oglum bolmadygydyr — diýýär.

— Näme üçin? — diýip soranlarynda, ol:

— Meniň oglum siziň diýen soragyňyzy bermän, menden: «Eý, atam! Meniň-ä adamlary, adamlaryň hem meni görmeýän ýerini salgy ber» diýip sorar — diýýär.

* * *

Sufýan ibn Uýaýna: «Akylly adama köp gürlemek haramdyr. Halys gürlemezlik bolsa danalykdyr» diýýär.

* * *

Şapygy[1]: «Köp gürleseň halamazlar. Emma adamlardan daşlaşyp, içiňi hümledip gezseň hem duşman gazanmagyň mümkin. Şonuň üçin köp gürlemek bilen dymmaklygyň aralygyny saýlap al» diýýär.

* * *

Ýene-de ondan: «Eger kalbyňa dynçlyk, başyňa rahatlyk isleseň, gürläniňde gürleýän zadyňa gowy akyl ýetirip gürle ýa-da dym» diýýär.

[1] Ymam Muhammet ibn Idris Şapygy. Şapygy mezhebini dörediji.

* * *

Ýemeniň Sana şäheriniň derwezesinde: «Şanyň gazabyndan başyňy aman saklajak bolsaň ýa-da onuň geçirimliligini isleseň, diliňi dymmaklyga endik etdir» diýip ýazylgydy.

* * *

Abdylla ibn Abu Zekeriýa[1]: «Dymmaklyk ýaly kyn zat ýokdur» diýýär.

* * *

Äşe: «Özüne degişli bolmadyk zatlar hakynda gürleýän adama men geň galýaryn» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Edep-ekramly, ýerlikli gürleýän we garyp-gasara zekat berýan adam ýagşyzadadyr» diýýär.

* * *

Ibn Omar[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Biderek, bihuda gürrüňleri az ediň. Allatagalany ýatlaň oňa ybadat ediň. Allatagalanyň ybadatyndan daşlaşan doňýürek bolýandyr» diýýär.

---

[1] Abdylla ibn Abu Zekeriýa Abu Ýahýa Şamly. Onuň kakasynyň ady Abu Zekeriýa Iýas ibn Ýezitdir ýa-da Zeýt ibn Iýas hem diýýärdiler. Abdylla Şamly alymlaryň, fakyhlaryň biridir we Makhulyň döwürdeşidir. Ol köp ybadat ederdi. Emma halkyň hormatyna mynasyp bolmady. Ol emewiler halypasy Haşymyň halypalyk eden döwründe 117-nji hijri ýylynda wepat bolýar.
[2] Omar ibn Hattabyň ogly Abdylla.

* * *

Bir gün Ibn Apbas[1] diline elini ýetirip: «Eý, dilim! Ýagşy zatlary gürleseň, meni ýagşy sypatda görkezersiň. Ýaman sözlerden daşda dursaň, başymy aman saklarsyň» diýdi.

* * *

Abdylkerim Abu Ümmiýe[2]: «Meniň üçin az we manyly gürlemek köp namaz okandan we uzak wagt oraza tutmakdan haýyrly görünýär» diýýär.

* * *

Mömin diline berk bolmaly. Onuň ähli ybadatyny biderek etjek dilidir.

* * *

Sapara çykanyňda, köp gürleýän samsyk bilen ýoldaş bolanyňdan, akylly dymma bilen ýoldaş bolanyň ýagşydyr.

* * *

Her bir zadyň öz delili bar. Adamyň pikirlenip gürlemegi onuň akyllylygynyň delilidir. Adamyň gürlemezligi bolsa, onuň pikir edýändigininiň delilidir.

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalam Abu Zara: «Eý, Abu Zar! Az geple, köp geplemek şeýtanyň amallaryndandyr. Az gepleýän adam soňky ökünçlerden halasdyr. Az gürläniň —

---

[1] Apbasyň ogly Abdylla.

[2] Nusgada Abdylkerim ibn Ümmiýe diýip ýazylandyr. Emma ol Abu Ümmiýe Abdylkerim ibn Abulmaharykdyr. Onuň asyl ady Kaýsdyr ýa-da Taryk hem diýilýärdi. Ol Bagdatly bolup, soňra Mekgä göçüp gelýär we Enes, Tawus, Nafygdan hadys eşidip, gürrüň berýär. 127-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

köp gürläp, özüňe zyýan ýetireniňden we soňky ökünjiňden peýdalydyr» diýýär.

* * *

Ýunus pygamber balygyň içinden çykandan soň, uzak wagt gürlemän gezdi. Ondan adamlar:

— Seniň gürlemek niýetiň ýokmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Gürlänim dälmi, meni balygyň içine salan — diýip jogap berýär.

* * *

Danalaryň biri: «Eger gürlemek isleseň — dym. Dymmak isleseň bolsa gürle» diýip maslahat berýär.

* * *

Dymmaklyk adamy tutuk häsiýetli edip görkezýän hem bolsa, köp ýalňyşlyklary ýapýandyr ýa-da öňüni alýandyr. Samsyk, nadan adam dymsa, akylly adamyň sypatyna giren ýaly bolýandyr.

* * *

Dil adama berilýän bahanyň terezisidir.

* * *

Köp gürleýän adam diňe ýatanda ýa-da lal açanda dymar.

* * *

Bir adam: «Ahnaf nähili edip size ýolbaşçy bolup bildi? Alladan ant içýän, onuň ne ýaşy sizden uly, ne-de üýtgeşik baýlygy bar» diýende, ol adam: «Ahnaf süýjüsözlüligi bilen halky agzyna bakdyryp bildi» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Gürlemeklik altyndandyr diýseler,
Dymybergin öz günüňe goýsalar.

* * *

Arduwan Akbar[1]: «Adam her gezek erbet, günä iş edenden soňra, onuň utanç-haýasy azalýandyr» diýýär.

* * *

Bir gije Bährem Gur[2] agajyň aşagynda dynç alyp otyrka, agajyň üstünde oturan bir guş saýraýar. Bährem Gur ýerden daş alyp, guşa zyňýar. Daş degen guş ýere patlap gaçýar. Bährem Gur guşa seredip: «Diliňi saklap gezmeseň, bela galarsyň diýleni diňe adamlara degişli däl eken» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Dymma adam haýbatly görünýändir» diýýär.

* * *

Hind şasy: «Adamlar özleri bilen bolup geçen ýagşy ýatlamalar hakynda gürrüň bermän, ýaman täsir galdyran ýatlamalary gürrüň bermekleri meniň üçin geňdir» diýýär.

---

[1] Eşkanlylar şalarynyň iň soňky şasy Arduwan Akbardyr. Onuň lakamy Ahmardyr (gyzyl).
[2] Sasanlylar şalarynyň 13-nji şasy Bährem Gurdur. Ol gulan awlamany gowy görerdi.

* * *

Amr ibn As: «Söz adama melhemdir. Az gürlemegiň nepi deger, şypa bolar. Köp gürlemek zäherdir, öldürer» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Eý, oglum! Eger kimdir biri owadan gürleýändigine buýsansa, sen az sözlüligiňe ýa-da dymmalygyňa buýsan» diýýär.

* * *

Üç ýagdaýda, ýagny gygyrylanda gaýadan daş dökülýän ýerde duran adama, sogan ýa-da balyk iýen adama we metjitde oturyp gürlemäge söz tapmasa-da, gürlemäge synanyşýan adama gürlemezlik maslahat berilýär.

* * *

Bir dana: «Ylymsyz adam süýji sözüň lezzetini bilmez» diýýär.

* * *

Fazyl Dawut Taýa: «Eger sen günäkärlerden daşda durmak isleseň, adamlardan ýolbarsdan gaçan ýaly gaçgyn. Adamlar mejlisde oturyp-oturmankaň, seniň öňki-soňky aýyplaryňy sanap başlarlar. Şonuň üçin, Allanyň özi bizi penasynda saklasyn we günämizi geçsin welin, beýle mejlise baryp, bihuda gürrüňleriň şaýady bolanyňdan, oňa barmanyň gowudyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Günä iş edip, oňa ökünip aglaýan adamyň başgalara erbet iş edip, zyýany ýetmez» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kyn mesele ýüze çykanda danalaryň dymmaklygyndan, nadanyň gürlemeginden hiç hili peýda ýokdur» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Uýaýna düýşünde Sufýan ibn Söwrini görýär. Ol Ibn Söwrüden: «Maňa näme nesihat edip biljek?» diýip soranda, Ibn Söwri üç gezek: «Adamlardan daşda dur» diýýär.

* * *

Howwas[1]: «Eger adamda Alladan gorky, utanç-haýa, hormat-sylag ýaly häsiýetler bar bolsa, onda oňa syrat köprüsinden gorkmagyň hiç hili hajaty ýokdur» diýýär.

* * *

Bir dana: «Eý, Allam! Saňa ybadat etmekden güýmejek zatlardan özüň gora» diýip dileg edýär.

* * *

Bir dindar: «Allatagala gabanjaňdyr. Ol bendesiniň ýüreginde özünden özgäniň bolmagyny halaýan däldir» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri: «Zahyt, dindar adam ýekelikde däl-de, adamlaryň arasynda zahyt bolup, görelde görkezmelidir» diýýär.

---

[1] Sälim ibn Meýmun Howwas. Şamyň takwa, hudaýhon adamlarynyň biri. Hadys gürrüň berýärdi. Emma ýalňyşy köpdi. Ol 213-nji hijri ýylynda sag-salamatdy. Onuň haçan dünýeden ötendigi hakda maglumat ýok.

* * *

Hadary[1]: «Muhammet alaýhyssalam gaharlananda ýa-da bir zat derekli utananda ýüzünden bildirerdi, ýagny onuň ýüzi gyzarýardy» diýýär.

* * *

Leýla Ahylyýa[2]: «Ýaş ýigidiň utanyp, ýüzüniň gyzarmagy aýyp däldir» diýýär.

* * *

Ajaj Abdylkaýs[3]: «Bir gün pygamber alaýhyssalam maňa:

— Sende Allatagalanyň halaýan iki häsiýeti bar — diýdi.

Men ondan:

— Eý, Resulalla! Ol nähili häsiýetler? — diýip soradym.

Ol:

— Utanç we geçirimlilik — diýdi.

Men ondan:

— Ol häsiýetler mende öň hem barmydy ýa-da yslam dinini kabul edenimden soň döredimi? — diýip soranymda, ol:

— Bu häsiýetler sende öň hem bardy — diýdi.

Onda men:

— Özümi Allatagalanyň halaýan iki häsiýeti bilen ýaradan Allatagala öwgüler bolsun — diýdim.

---

[1] Muhammet alaýhyssalamyň egindeşi Abu Sagyt Hadary Sagyt ibn Mälik.

[2] Leýla bint Abdylla ibn Rehhal ibn Şetdat ibn Kagp Ahylyýa. Ol dile çeper, akylly-başly, owadan şahyra aýaldy. Ol Abdylmälik ibn Merwan we Hajjaç ibn Ýusubyň ýanyna birnäçe gezek gelip, olaryň uly hormatyndan peýdalanýardy. Ol köp goşgusyny Nabyganyň üstünden gülüp goşýar. 80-nji hijri ýylynda Hajjajyň ýanyna barýarka, Reýiň töwereklerinde wepat bolýar we şol ýerde jaýlanýar.

[3] Ajaj Abdylkaýs Munzir ibn Amr. Ol 10-njy hijri ýylynda Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna gelýär we musulmanlaryň arasynda galýar.

* * *

Bir adam Äşeden:

— Men haçan ýagşy adam bolarkam? — diýip soraýar.

Äşe:

— Öz erbet adamdygyňy özüň bileňde — diýýär.

Onda ýaňky adam:

— Erbet adamdygymy nähili bilerin? — diýip soraýar.

Äşe:

—Özüňi ýagşy adamlar bilen deňeşdireniňde bilersiň — diýip jogap berýär.

* * *

Dymmaklyk akyllynyň görki bolsa, nadanyň tutusydyr.

* * *

Emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziz: «Kyýamat güni aýdan sözleriňe jogap bermelidigi meni köp gürlemekden saklaýar» diýýär.

* * *

Her gün säher bilen dil beýleki beden agzalaryndan:

— Nähili, ýagdaýlaryňyz gowumy?n — diýip soraýar.

Olar:

— Sen bizi öz günümize goýsaň — gowy — diýýärler.

* * *

Rabyt[1]: «Zenan maşgalanyň görki utançdyr. Dana adamyň görki bolsa dymmaklykdyr» diýýär.

---

[1] Beni ysraýylyň dindar, zahyt, alym adamlarynyň biri.

* * *

Bir gezek Omar ibn Abdyleziz jynaza barýar we beýik ýerde oturýar. Bir oglanjyk onuň ýanyna baryp, kölegesinde dyza çöküp oturyp, günden goranýar. Az wagt geçmänkä, ýagyş ýagyp başlaýar. Omar ýaňky oglany dony bilen ýapyp, ýagyşdan goraýar.

Omar ibn Abdyleziz adamlaryň arasynda adyl, ýumşak häsiýetli, dindar halypa diýlip tanalýardy.

* * *

Bir alym: «Biz diri gezip ýören adamlardan utanyşymyz ýaly, öli adamlaryň ruhundan hem utanmalydyrys» diýýär.

* * *

Allatagala Musa alaýhyssalamdan: «Men ähli adamlaryň içinden seni pygamber edip saýlap almagymyň sebäbini bilýärsiňmi?» diýip soraýar. Musa: «Eý, Rebbim! Seniň näme üçin meni saýlanyň sebäbini men bilemok» diýýär. Onda Allatagala: «Itiň öz eýesiniň öňünde ýere togalanyp, guma bulanyşy ýaly, sen hem adamlaryň öňünde guma garylyp ýördüň. Men adamlaryň arasynda abraýyňy galdyrmak üçin seni pygamber edip saýladym» diýýär.

* * *

Bir gezek üç şa duşuşýar. Pars şasy:

— Men bir gezek eden ýalňyş işime däl-de, birnäçe gezek eden ýalňyş işlerime ökünýärin — diýýär.

Kaýsar:

— Men biri maňa ýüz tutanda, gatyrak jogap berenime ökünýärin — diýýär.

Onda hindi şasy:

— Adam geň ýaradylan zatdyr. Ol özünde erbet täsir galdyran zady gürrüň berýär. Gowy täsir galdyran zady bolsa tiz ýadyndan çykarýar — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Eger gürlemek kümüş saýylsa, dymmaklyk altyndyr» diýýär.

* * *

Ýunus ibn Abdylla doganyna hat ýollaýar. Hatynda: «Bihuda gürläniňden tomusyň tüp yssysynda agyz bekläniň haýyrlydyr. Şeýtseň, hem-ä sogap gazanarsyň, hem-de günä işlerden daşda durarsyň» diýip ýazýar.

* * *

Bir gezek Fazyl hadys alymy bilen ýoldaş bolýar. Fazyl oňa: «Eý, dana! Bu zamana gürlenilýän zamana däl-de, dymylýan ýa-da adamlardan gaçylýan zamana boldy» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Dil adama duşman, diş oňa gala,
Az gürlemek başa getirmez bela.

# ÝIGRIMI IKINJI BAP

## MEKIRLIK, IKIÝÜZLÜLIK, DÖNÜKLIK, ERBET NIÝETLILIK, GÜMAN ETMEKLIK, ALDAW WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Kagp ibn Mälik: «Her gezek Pygamber alaýhyssalam gazawada gitmezinden öň «Uruş mekirlikdir» diýerdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) pars serkerdesi Hermezany öldürmek isleýär. Hermezan suw soraýar. Omar oňa suw bermegi emr edip:

— Suwy içýänçäň seni öldürtmerin — diýýär.

Hermezan elindäki suwly käsäni ýere zyňyp goýberýär. Omar onuň eden işine gahary gelip, ony derrew öldürmegi buýurýar. Onda Hermezan:

— Sen meniň günämi geçdiň ahyryn — diýýär.

Omar:

— Ol nähili? — diýip soranda, Hermezan:

— Sen suwy içýänçäň seni öldürtmerin diýdiň, men hem suwy içmedim — diýýär.

Omar:

— Saňa öz dilim bilen aman berenimi duýman galypdyryn — diýýär we Hermezanyň mekirligine haýran bolup, oňa aman berýär.

* * *

Emewiler halypasy Mugawyýa: «Men erkek adamyň hilegär bolmagyny halamaýaryn. Erkek adam akylly bolsa ýagşydyr» diýýär.

* * *

Araplaryň iň mekiri dört adamdyr. Olaryň hemmesi hem Taýyfda doglandyr. Olar: Mugawyýa, Amr ibn As, Mugyra ibn Şagba we Saýyp ibn Akragdyr.

* * *

Araplarda: «Ol adamyň duran ýerinde egin-eşigini alyp biler» ýa-da «Ol ylgap barýanyň köwşüni alyp biler» diýlip, mekir adama aýdylýar.

* * *

Zyýat ibn Abyh: «Akylly adam kyn ýagdaýda mekirlik bilen hem bolsa, baş alyp çykýandyr. Dana adam bolsa şeýle ýagdaýa düşmejek bolýar» diýýär.

* * *

Dahhak ibn Muzahym[1] bir nasrany dostuna yslamy kabul etmegi teklip edýär. Onda ol:

---

[1] Abulkasym Dahhak ibn Muzahym Silaş Horasany. Ol Ibn Omardan, Ibn Apbasdan we Abu Hureýreden hadys eşidip gürrüň berýär. Ol adamlaryň arasynda tefsir etmek bilen meşhur bolýar. Ol on üç aýlyk bolup dünýä inýär. 106-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

— Men siziň diniňizi kabul ederdim welin, şerap içmäni gowy görýän-dä — diýýär.

Dahhak oňa:

— Sen biziň dinimizi kabul et-de, arkaýyn içiber — diýýär.

Nasrany yslamy kabul edýär we şerap içjek bolýar welin, Dahhak oňa:

— Bilýäňmi biziň dinimizde şerap içseň, jeza hökmünde gamçy urýarlar. Eger dinden ýüz dönderseň öldürýärler. Men bu zatlary öň aýtmak ýadymdan çykaýypdyr — diýýär.

Nasrany şeraby taşlap, sag-salamat ýaşanyny gowy görýär.

* * *

Bir dana: «Dönük adam dostuna-da, doganyna-da, duşmanyna-da hezil bermez» diýýär.

* * *

Kimdir biri günäsiz adama aldaw, mekirlik etse, özi hem şol güne düşer.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Pars dilinde gürleýän adam aldaýandyr. Aldaýan adam bolsa sylag-hormatdan mahrumdyr» diýýär.

* * *

Dawut alaýhyssalamyň döwründe Kudusda bir belent ýer bar eken. Adamlaryň arasynda dawaly mesele ýüze çykanda, olar ýagyşly güni şol belent ýere baryp, iki dawagäri belent depäniň üstüne çykaryp, ellerini göge galdyrdar ekenler. Eger kimiň eline ýagyş damjasy birinji damsa, ol dogruçyl, ýagyş damjasy dammadyk kişi bolsa, kezzap hasaplanar eken. Haçanda, Dawuda pygamberlik berlenden soň, Allatagala oňa

adamlaryň arasyndaky dawa-jedeli adyl we şerigata laýyk çözmegi emr edýär.

* * *

Ümmiýe ibn Abu Salt sakyf tiresiniň iň mekiridi. Sakyflar bolsa araplaryň içinde iň mekir adamlar diýlip tanalýandyr. Ol köp ylym okan dindar we hadys rowaýat eden adam bolupdyr.

* * *

Ybraýym ibn Aştar[1] Ubeýdylla ibn Zyýadyň üstüne ýöriş etmek isleýär. Ol öz esgerleriniň içinde bu söweşde ýeňşe ynamsyzlaryň bardygyny eşidip, hile gurmagy ýüregine düwýär. Ol hiç kime bildirmän, bazardan birnäçe ak kepderi satyn alýar. Soňra esgerleriniň arasyna gelip:

— Siz arkaýyn boluň, Allatagala hak iş üçin söweşýän adamlary kyn günde goýanok. Ol hak iş üçin söweşýän adamlar kyn ýagdaýa düşende, kepderi sypatyndaky perişdeleri kömege goýberýär. Şeýdip hem olara ýeňşi bagyş edýär — diýýär.

Ertesi söweş meýdanyna çykylýar. Ybraýymyň esgerleri asgyn gelip başlaýarlar welin, Ybraýym yzrakdan gelýän öz ynamly adamyna kepderileri goýbermegi emr edýär. Kepderileri gören Ybraýymyň esgerleri:

— Perişdeler, perişdeler! Allatagala olary bize ýardam bermäge goýberipdir — diýip, jan aýaman söweşýärler we Ubeýdylla ibn Zyýadyň goşunyny derbi-dagyn edýärler.

---

[1] Ybraýym ibn Mälik Aştar Nahgydyr. Ony ýaş edermen serkerde Muhtar Ubeýdylla ibn Zyýadyň üstüne söweşe ugradýar. Ybraýym ony çym-pytrak edýär. Muhtar öldürilenden soňra Ybraýym Musgap ibn Zubeýriň ýanyna gidýär. Musgap ony Mosula häkim belleýär. 71-nji hijri ýylynda Ybraýym we Musgap şamlylara garşy bolan uruşda öldürilýär.

* * *

Mekirlik akylyň bir şahasydyr. Bir alym: «Mekirligi başarýan serkerde gylyjy gynyndan çykarman hem uly ýeňiş gazanyp biler» diýýär.

* * *

Bir gezek Mugyn ibn Zaýyda söweşde üç ýüz ýesir alýar. Ol ýurduna dolanyp gelenden soň, ýesirleriň kellesini almagy emr edýär. Onda ýesirleriň biri:

— Allanyň haky üçin biz suwsaýarys, bize suw ber — diýýär.

Mugyn olara suw we nahar bermegi, iýip-içip bolandan soňra bolsa, olaryň kellesini almagy buýurýar. Onda ýaňky suw dilän ýesir:

— Sen indi şeýdip, nahar-suw beren myhmanlaryňy öldürdäýjekmi? — diýýär.

Onuň aýda sözi Mugynyň göwnünden turýar we ol ýesiriň hilesine hormat goýup, olaryň ählisini azat edip goýberýär.

* * *

Iki sany adam dawa bilen Iýas ibn Mugawyýanyň ýanyna gelýär. Iýas olaryň dawasynyň sebäbini soraýar. Onda olaryň biri:

— Bu adam meniň dostumdy. Men oňa birnäçe dinar karz berdim. Indi bolsa ol menden hiç zat almandygyny aýdýar — diýýär.

Iýas ondan:

— Sen oňa pul bereniňde ýanyňyzda kim bardy? — diýip soraýar.

Pul berdim diýýän dawagär lapykeç bolup:

— Men oňa pul berenimde uly agaçdan başga hiç kim ýokdy — diýýär.

Onda Iýas:

— Sen git-de, şol agajy meniň ýanyma şaýat bolmaga getir — diýýär.

Pul beren:

— Edýän gürrüňiň nähili agaç meniň bilen nädip gelsin? — diýýär.

Iýas oňa:

— Sen bar-da agaja: «Iýas seni şaýat bolmaga çagyrýar» diý. Şonda agaç seniň bilen gaýdar — diýýär.

Ol dawagär ynamsyz halda agajyň ýanyna gidýär. Birnäçe wagt geçenden soň, Iýas pul alan adama:

— Bä, ol gaty eglendi welin, agaç gaýdanokmyka? — diýýär.

Ol adam:

— Ýok, entek ol agajyň ýanyna baran däldir — diýýär.

Iýas ol adamyň ýakasyndan tutup:

— Eý, Allanyň duşmany! Amanada hyýanat etmäge utanmadyňmy?! — diýýär.

Ol adam algydara puluny bermäge boýun bolýar.

* * *

Mugawyýa öz ýakyn adamlaryndan: «Yrakda iň mekir adam kim?» diýip soranynda, olar: «Zyýat ibn Abyhdan we onuň hyzmatkäri Selimden mekir adam ýokdur. Ol ikisiniň başarmajak zady ýokdur» diýýärler. Zyýadyň hyzmatkäri Selimiň saçy sarydy we şonuň üçin oňa «sary tilki» diýip lakam berlipdi.

* * *

Ulanyp bilen adama mekirlik uly güýç-kuwwatdyr.

* * *

Gadym zamanda: «Aýallaryň mekirliginiň ýanynda şeýtanyň mekirligi hiç zatdyr» diýýärler. Olar Gurhandan «Nisa» («Aýallar») süresiniň 76-njy aýatyny we «Ýusup» süresiniň 28-nji aýatyny delil getirýärler.

* * *

Kubeýsa ibn Jabyr: «Eger Medinäniň ýedi gapysy bolup, olardan diňe mekir adam girip ýa-da çykyp biler diýilse, şol gapylardan girip-çykyp biljek diňe Mugyra ibn Şagbadyr» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Mekirlik akyldyr hem-de güýç-kuwwat,
Onuň bilen duşmanlar kylynar berbat.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Abdylmälik Şagbyny ýanyna çagyryp:

— Sen bize ýakyn adamsyň, şonuň üçin hem seni bir iş bilen Rum şasynyň ýanyna goýbermekçi — diýýär.

Şagby Ruma gidýär we ol ýeriň şasyndan Abdylmälige hat getirýär. Abdylmälik haty okap görüp, Şagbydan:

— Sen bu haty okap gördüňmi? — diýýär.

Şagby:

— Ýok! — diýip jogap berýär.

Abdylmälik:

— Ol hatynda: «Sen ýurduň wajyp meselesini neneň edip keseki adama ynanyp bildiň?» diýýär. Onuň beýle diýmegi

meniň elim bilen seni ýok etmek isleýär. Siziň araňyzda bir zat boldumy? — diýip soraýar.

Şagby:

— Ol tekepbir gürlände men gatyrak jogap berdim — diýýär.

Onda Abdylmälik Rum şasyna ýene hat ýollaýar. Ol hatynda: «Meniň ýurdumda ýaşaýan adam meniň üçin keseki däldir» diýip ýazýar.

# ÝIGRIMI ÜÇÜNJI BAP

## ÝAGŞY WE HAÝYR IŞLER, ÝAGŞYZADALAR WE SALYH ADAMLAR HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam: «Musulman üçin haýyr iş adaty, şer iş gaçgyny bolmalydyr» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Yslam dini beýik dindir. Mömin adamyň eden her bir işi üçin sogap bardyr. Mömin Allanyň eden gowy işi üçin şükür etse, başyndan bela inende sabyr etse, oňa sogap ýazylýandyr» diýýär.

* * *

Hezreti Alydan (goý, Alla ondan razy bolsun!):

— Haýyr iş nämedir? — diýip soranlarynda, ol:

— Allanyň haram işlerinden daşda durmak, adamlara ýagşylyk etmek, Allatagala ybadat etmek. Gowy işler edeniňde Allatagala öwgi aýtmak, günä iş edeniňde toba etmek — şu aýdanlarymyň barysy haýyr işdir. Bu dünýäde iki adam ölümini dilemän ýaşap biler. Olar haýyr iş bilen meşgul bolýan we günä iş edip, günäsini toba bilen ýuwmaga çalyşýan adamlardyr — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Haýyr iş eden adamy göreniňde kalbyň şatlykdan dolýar» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Ýagşy iş edýän adam şol edýän ýagşy işinden hem ýagşydyr. Şer iş edýän adam şol eden şer işinden hem şerdir» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allatagala ýagşy işler edýän adamy we onuň golaýynda ýaşaýan bir ýüz ýigrimi hojalygy bela-beterden goraýandyr» diýýär.

* * *

Ýagşyzada adamy görseň, ony dost tutun, Allanyň oňa ýagdyrýan bereketinden saňa-da paý ýeter.

* * *

Ybraýym Edhem: «Ýagşy, haýyr iş etmegi islendik adam başarar» diýýär.

* * *

Ýagşy amal etjek bolsaň, Allany tutun ýaran,
Oldur şeýtanyň şerinden seni ýeke-täk goran.

* * *

Sufýan ibn Uýaýna ýüz müň adamy çagyryp, mejlis eder eken. Ol adamlara: «Meniň arkama münüp, üstümden basyp geçip, haýyr iş etmeli hem bolsa, haýyr iş ediň» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allanyň parzlaryny ýerine ýetiren, pygamber sünnetini amal eden, Gurhany okan, öz bala-çagalaryna ýagşy edep beren, il-gününe kyn gününde kömek eden adam ýagşyzadadyr. Ýagşyzada adam bolsa jennetidir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Mömin göwni giň, ruhy belent, ýagşy işler bilen meşgul, il-günüň derdine ýaraýan adam bolmalydyr» diýýär.

* * *

Mälik ibn Dinar: «Ýagşyzada mömin misli dür ýalydyr. Ol baran ýerinde özüniň haýyr işleri bilen dür ýaly nur saçar» diýýär.

* * *

Abu Derda: «Alla Lukmana rehim etsin! Oňa bu dünýäde ne mal-mülk, ne-de owadanlyk berildi. Onuň asly Hebeşistandan bolup, Dawut alaýhyssalamyň guludy. Soňra Dawut alaýhyssalam ony azat edýär. Lukman dymma, çuňňur garaýyşly, zehinli we dana pikirli adamdy. Ol hiç mahal gündizine ýatmazdy. Onuň tüýkürip ýa-da peşew edip duranyny gören adam ýokdy. Lukman çagalary wepat bolanda gynandy, emma aglamady. Allanyň eden işine sabyr etdi. Köp danalar ondan sapak aldy. Onuň özi hem köp danadan ylym öwrendi. Özüniň keremli häsiýetleri bilen şeýle derejä ýetdi» diýýär.

* * *

Ubeýt ibn Abras: «Wagtyň geçmegine seretmezden, ýagşy işler hakyndaky ýatlamalar müdimidir» diýýär.

* * *

Nowf Bakkaly: «Bir gije Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) meniň öýümiň deňinden geçip barýardy. Men öýümiň öňünde ýatyrdym. Ol maňa seredip:

— Eý, Nowf, sen ukudamyň? — diýip sorady.

Men:

— Ýok, möminleriň emiri! Ýöne oýlanyp ýatyryn — diýdim.

Soňra Hezreti Aly asmana seredip:

— Eý, Nowf, bu dünýädäki dindarlar, haýyr iş edýänler. Allanyň eçilen nygmatlaryny mukaddes hasap edýänler, Gurhany şygar tutunyp, sünneti ýerine ýetirýänler meni öz ýakyn dosty diýip hasap edip bilerlerdi — diýip gürrüň berýär.

* * *

Pygamber alaýhyssalam: «Kyýamat güni arşdan «Siziň ýagşy ataňyz Ybraýymdyr we iň ýakyn doganyňyz Aly ibn Abu Talypdyr» diýip ses geler» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Tahyr şeýle diýýär:

Az hem bolsa başardykdan haýyr et,
Haýyr iş edeniň ahyry jennet.

* * *

Bir gün Hasan Basry Şagbynyň öýüne myhmançylyga barýar. Şagby oňa uly hormat goýup, baryndan hezzet edýär. Bu ýagdaýy gören Şagbynyň ogly:

— Eý, atam, bize öňem myhman gelýärdi welin, sen olara beýle hormat edeňokdyň-la? — diýip soraýar.

Onda Şagby:

— Oglum, men Muhammet alaýhyssalamyň ýetmiş egindeşi bilen oturşyp-turşup gördüm. Emma olaryň içinde Hasan ýaly oňa meňzeşini görmedim — diýýär.

* * *

Bir gün pygamber alaýhyssalam egindeşlerinden:

— Şu gün kim agyz bekledi? — diýip soraýar.

Abu Bekr:

— Men — diýýär.

Pygamber:

— Haýsy biriňiz ajy naharladyňyz? — diýip soraýar.

Abu Bekr:

— Men — diýýär.

Pygamber:

— Haýsyňyz hassanyň halyny soradyňyz? — diýip soraýar.

Abu Bekr:

— Men — diýýär.

Onda Pygamber alaýhyssalam:

— Ýaňky sanalan amallaryň ýekejesini ýerine ýetiren adam jennete girer — diýýär.

* * *

Ümmi Seleme[1] ogluny sahabalaryň ýanyna getirip, oňa dileg etmeklerini soraýar. Omar ibn Hattap Ümmi Selemäniň ogluna: «Eý, Allam! Bu oglany ähli ylmyň eýesi we adamlara kyn gününde haýyrly adam bolar ýaly et» diýip dileg edýär.

* * *

Halyl ibn Ahmet Nahawy ylymly dindar adamdy. Şalar oňa uly hormat goýup, ondan maslahat sorardylar. Ol her ýyl haja giderdi we adamlara ýakyndan kömek bermäge çalyşardy.

* * *

Ibn Haryja[2]: «Men ibn Awnyň ýanynda ýigrimi ýyl boldum. Onuň egnindäki günä işleri ýazýan perişde, megerem işsiz, boş oturan bolsa gerek» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Mübärek sapara gitmäge ýol harajatyny tutýar. Ondan: «Nirä ýollanýarsyň?» diýip soranlarynda, ol: «Basra, Ibn Awndan ylym we edep öwrenmäge» diýip jogap berýär.

---

[1] Ümmi Seleme bint Abu Ümmiýe ibn Mugyra ibn Abdylla ibn Amr ibn Mahzum Kuraýşyýa Mahzumyýa Ümmil möminin. Onuň ady Hind bolup, kakasynyň ady Huzeýfadyr. Ol ilki doganoglany Abu Selemäniň aýalydy. Ol wepat bolandan soň, 3-nji hijri ýylynda ýa-da 4-nji ýylyň jumadylahyr aýynda Ümmi Seleme Muhammet alaýhyssalame durmuşa çykýar. Ol adamsy bilen ilkinjilerden bolup, yslam dinini kabul edýärler. Olar ilki Hebeşistana, soňra ýene-de Mekgä we ondan Medinä göç edýärler. Olaryň Seleme, Dürra, Omar Zeýnep atly çagalary dünýä inýär. Ümmi Seleme owadan, akylly, düşünjeli aýal diýip sypatlandyrylýar. 59-njy hijri ýylynda wepat bolup, onuň jynazasyny Abu Hureýra okaýar. Başga bir çeşmede bolsa, ol 62-nji hijri ýylynda Ýezidiň halypalyk eden döwründe wepat bolýar. Muhammet alaýhyssalamyň aýallarynyň içinde iň uzak ýaşany. Ol 387 hadys gürrüň berýär.

[2] Amr ibn Haryja ibn Muntafyk Aşgary Ensary.

* * *

Ibn Awn ölüm ýassygynda ýatyrka, ogluny ýanyna çagyryp wesýet edýär. Ol: «Eý, oglum! Adamlar senden ýagşy iş eder diýip tama etsinler. Ýaman, günä işiň golaýyndan-da baranok diýip, ynamly bolsunlar» diýýär.

* * *

Bir gün Harun Reşit Abu Ýusuba:

— Maňa Abu Hanypany sypatlandyr — diýýär.

Ol:

— Abu Hanypa bu dünýäniň lezzetini terk edip, o dünýäsi bilen meşgul bolýan, günä işleriň golaýyndan hem barmaýan, bilmeýän zady hakynda gürlemeýän, dymma, köp pikir edýän, ruhy baý, ylymly, adamlaryň gybatyna goşulmaýan, tamakinlige meýil etmeýän adamlary diňe ýagşylykda ýatlaýan adam — diýýär.

Harun Reşit ýanyndaky kätibine:

— Onuň aýdanlaryny kagyza ýaz we meniň ogluma ber — diýýär.

* * *

Abu Hanypa dindar, öz döwrüniň iň bir ylymly adamlarynyň biridi. Ol ertir namazyna metjide baryp, ertesi ýassy namaza çenli iýmän-içmän, täretini täzelemän dürli-dürli kitaplary okap oturardy. Adamlar onuň iýmän-içmän oňup bilşine haýran galardylar.

* * *

Şagby: «Jennet ýagşyzadalar üçin ýaradylan bolsa, şol ýagşyzadalaryň biri Abu Hanypadyr» diýýär.

* * *

Harun Reşit ömrüniň ahyryna çenli her gün ýüz rekat[1] namaz okaýardy we her gün öz emläginden müň dirhem sadaka berýärdi. Ol her ýyl haja gidende ýany bilen öz hasabyna ýüz alymy alyp giderdi. Eger haja gidip bilmedik ýagdaýynda üç ýüz adamyň ýol harajatyny töläp, haja ugradardy.

* * *

Wakyg ibn Jarah kyrk gezek haja gidýär. Kyrk günläp metjitden çykman, namaz okaýar we kyrk gezek Gurhany hatm edýär. Kyrk müň dirhem sadaka berip, dört müň hadys gürrüň berýär.

* * *

Emewiler halypasy Abdylmälik Sagyt ibn Museýýibe: «Haýyr iş et, emma onuň ýesiri bolma. Eden haýyr işleriň ýatlamasyny ýadyňdan çykar. Eden işiň ýesiri bolmak ýa-da zol-zol ýatlap gezmek tekepbirlige, şöhratparazlyga elter» diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziz her juma güni münbere çykyp, halal-haram, haýyr-şer hakynda wagyz eder eken.

* * *

Ibn Mesgut: «Omaryň gözüniň öňünde perişdeler perde tutup oturan ýalydy. Ol hiç haçan erbet zatlara seretmezdi» diýýär.

---

[1] Rekat — namazdaky bir eglim we bir sejde.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala möminiň her bir eden haýyr işine on sany sogap ýazýandyr. Eden şer işi üçin bolsa, diňe şol şer işiň günäsini ýazýandyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Mömin adamyň haýyr işiniň sogaby bugdaýyň bir dänesiniň on bolup çykyşy ýaly, on esse sogap bolýandyr» diýýär.

* * *

Bir dana ogluna: «Eý, oglum adamlaryň göwnüni tapyp ýaşamagy öwren. Eger sen gaty tygşytly ýaşasaň, husyt diýerler. Eger mejlisde gürrüňe goşulmasaň, biziň meselämiz onuň piňine-de däl ýa-da ylymsyz diýerler. Eger adamlaryň başyna iş düşende ýardam bermeseň, gorkak diýerler. Şonuň üçin bir işiň başyny tutanyňda oýlanyp, adamlaryň göwnünden turjak aram ýagdaýy tapmaga synanyş» diýýär.

* * *

Ýahýa ibn Halyt Barmaky: «Gurhan okap, ondaky zatlary amal eden, sünneti berjaý eden, öňünden çykana salam beren, garyp, mätäje ýardam beren, haramdan daşda durup, halal işleriň başyny tutan adam ulus-iliň hormat-sylagyna eýedir» diýýär.

* * *

Bu dünýäde zahyt (dindar) bolup ýaşamak — o dünýäde ýagşy ýaşaýyşa umyt etmekdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bu dünýäde gowy iý, gowy iç, gowy ýaşa, ýöne şu zatlary edeniňde Allatagalany hiç wagt ýadyňdan çykarma» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Islendik işiň başyny tutanyňda şaýadyň Allatagaladygyny bilgin» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Zahytlyk düýnki eden işiňe gynanyp, ertirki geljek günüňe begenmekdir» diýýär.

* * *

Abu Abdylla Nabajy[1]: «Takwa adam Allatagala dileg edip, dileginiň kabul boljagyna ýürekden ynanýan adamdyr» diýýär.

* * *

Zuhry[2]: «Zahyt adam haram işleri sabry bilen ýeňip, halal nygmata kanagaty bilen şükür edýändir» diýýär.

* * *

Şumeýt ibn Ajlan: «Takwa adamlar ganar, halta ýalydyr. Olar bu dünýäniň sogaplaryny özünde jemläp, o dünýäde jennetden özlerine ýer taýýarlaýarlar» diýýär.

* * *

Bir adam Zuheýr ibn Nagymdan:

— Seniň näme islegiň bar? — diýip soranda, ol:

---

[1] Ýezit ibn Sagyt Nabajy. Hadys diňläp, gürrüň beren adamlaryň biri. Basranyň ýanyndaky obalaryň birinde ýaşap geçýär.

[2] Muhammet ibn Muslim ibn Abdylla ibn Şehap Zuhry.

— Men seniň Allatagala boýun bolmagyňy, oňa ybadat etmegiňi isleýärin. Alladan ant içýärin, şu haýat tutuşlygyna gyzyla öwrüleninden, seniň Allanyň parzlaryny ýerine ýetireniň meniň üçin has haýyrlydyr. Takwalyk — ýagşy işleriň kerwenbaşysy, işiň we dilegiň amala aşmagynyň ynamydyr — diýýär.

* * *

Allatagalanyň razylygyny gözleýän adama dürli tarapdan üstünlik ýagar.

* * *

Bu dünýäden öz paýyňy al, emma hemme işiňde takwalygy ýaran tutun.

* * *

Isa alaýhyssalam: «Zahytlyk üç zatda: gürlemekde, dymmakda, nazar salmakdadyr. Gürlände Alladan daşlaşsaň, küpür gürleseň günädir. Dymanda pikir etmän, boş dymsaň akmaklykdyr. Ähli zada nazar salyp ýören adam nadandyr» diýýär.

* * *

Bekr ibn Abdylla Mazyny: «Ýaman adamy görseň pent ber. Ýagşyny göreňde bolsa, ony ýamanlykdan gora» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Alym, dana, takwa adamlar üç zadyň üsti bilen alymlyga, danalyga, takwalyga ýetýändirler. Adamyň içki dünýäsi päk bolsa, adamlaryň oňa bolan gatnaşygy hem päk bolar. Adamyň Allatagala bilen gatnaşygy gowy bolsa adamlar bilen hem

gatnaşygy gowy bolar. Adam o dünýäsiniň aladasyny etse, Allatagala ony bu dünýäniň aladasyndan dyndarar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Haýyr işi birine görünmek üçin etmegin. Emma birinden utanyp hem haýyr işi taşlamagyn» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Habyp Söwri doganyna hat ýazýar. Ol hatynda: «Eý, mähriban doganym! Ýaşanyňda halkyň söýgüsine we hormat-sylagyna mynasyp bolup ýaşa. Haýyr, ýagşy işleri etmek — halkyň hormatyna eltýän iň ýakyn ýoldur» diýýär.

* * *

Ilkinji bolup haýyr iş üçin gylyjy gynyndan çykaran Zubeýrdir[1]. Mekgede «Muhammet öldürildi» diýen habar ýaýraýar. Zubeýr gylyjyny dakynyp, öýünden çykyp, Muhammediň gözlegine gidýär. Ol Mekgäniň çetinde Muhammede duşýar. Muhammet ondan:

— Eý, Zubeýr, saňa näme bolýar? — diýip soraýar.

Ol:

— Men sen öldürildiň diýip eşitdim — diýýär.

Muhammet:

— Sen bu habary eşidip, näme etmek islediň? — diýip soraýar.

Zubeýr:

— Kim öldüren bolsa ar almak isledim — diýýär.

Şonda Muhammet alaýhyssalam onuň päk ýürekliligi üçin oňa Allatagaladan dileg edýär.

[1] Zubeýr ibn Awwam — Muhammet alaýhyssalamyň egindeşidir.

* * *

Abdyrahman ibn Amr Awzagy: «Zubeýriň müň hyzmatkäri bardy. Olar gije-gündiz işläp gazanç edýärdiler. Emma olaryň gazananlaryndan ýekeje dirhem hem Zubeýriň hazynasyna girmezdi. Ol bar puluny sadaka bererdi. Ol öýüni bäş ýüz müň dirheme satyp, bar puluny sadaka berýär welin, adamlar ondan: «Eý, Zubeýr! Sen näme akylyňdan azaşdyňmy?» diýip soranlarynda, ol:

— Allatagalanyň çykarylan sadaka derek berýän nygmatyny hiç bir pula satyn alyp bolmaýar — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gezek Abu Zer pygamber alaýhyssalam bilen gezelenç edip ýörkä, olaryň ýanyna Jebraýyl perişde gelýär. Ol Muhammede: «Eý, Muhammet! Abu Zer maňa salam bermese-de, biz oňa jogap berdik (salamyny aldyk)» diýýär. Muhammet Jebraýyldan: «Sen nähili edip ony tanaýarsyň?» diýip soranda, Jebraýyl: «Abu Zer diňe bir zeminde däl, eýsem ýedi gat asmanda, ähli perişdeleriň arasynda hem tanalýandyr» diýýär. Muhammet: «Ol nähili edip beýle hormaty gazanyp bildi?» diýip soranda, Jebraýyl: «Dindarlygy we sahylygy bilen» diýip jogap berýär.

* * *

Bir gezek Mugawyýa Derrar Daýyra Kennanydan:

— Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) nähili adamdy? Sen ony maňa sypatlandyrsana! — diýip soraýar.

Onda Derrar:

—Ol ýumşak häsiýetli, öwünmegi halamaýan, dana, ylymly, uzak pikirlenýän, gijesini-gündizini Allany ýatlap

geçirýän, ulus-ile ýagşylykda görelde görkezýän, soragyňa jogap berýän, çagyrlan ýere barýan, ýaşuly adamlara uly hormat goýýan, ejiziň tarapyny tutýan adyl adamdy. Ol raýatlarynyň biri erbet iş etse-de, ilki bilen özüni günäkär hasaplardy. Allanyň kyýamat gününde onuň döwründe jenaýat eden adamlara jeza berjegini we munda özüniň günäsini görüp, özüni köteklärdi. Gijesi bilen ajy gözýaş dökerdi — diýýär.

Mugawyýa Derrar Hezreti Alyny sypatlandyranda gözýaşyny saklap bilmän:

— Eý, Hezreti Aly! Ýaşan ömrüň gysga we gözgyny bolsa-da, eden işleriň uly we ebedilik hormata mynasypdyr — diýýär.

Mugawyýanyň gözýaşy sakgalyndan akyp durdy. Ol eli bilen gözýaşyny syryp:

— Allatagala Abu Hasana (Ala) rehim etsin. Eý, Derrar! Sen Hezreti Aly hakynda ýene-de nämeleri aýdyp bilersiň? — diýip soraýar.

Onda Derrar:

— Men şeýle mert, dana, dindar adamyň öz ajalyna ýa-da söweş meýdanynda ölmän, bir namardyň elinden haýynlyk bilen öldürilmegine gynanýaryn — diýýär we ýerinden turup çykyp gidýär.

* * *

Bir alymdan:

— Emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziz dindarmy ýa-da Weýis ibn Amyrmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Elbetde, Omar ibn Abdyleziz, sebäbi ol mal-mülke hökümdarlyga eýe bolsa-da, dini berk tutmagy başardy — diýýär.

Onda oňa:

— Eger Weýis ibn Amyry hökümdar bolan bolsa-da, ol hem Omar ýaly bolardy — diýenlerinde, ol alym:

— Onuň nähili boljagy bir Alla aýandyr — diýýär.

* * *

Ibn Awn: «Adamlar agzybir bolup, eden işlerini yhlasly etseler, şeýtanyň şeri olardan daşda bolar» diýýär.

* * *

Ysmaýyl ibn Selim Esedi Kufy: «Men hiç haçan guly uran däldirin. Onuň onsuz hem derdi-aladasy ýetikdir. Hiç haçan adamlara zyýan beren däldirin. Meniň garyndaşlarymyň içinde bergilisi bolup, dünýeden ötende onuň bergisini tölemän depin etdiren däldirin» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Magbat[1]: «Bir gezek Omar ibn Abdyleziz rumly ýesirleri Rumdaky musulman ýesirleri bilen çalyşmak üçin, meni Rum şasynyň — Kaýsarynyň ýanyna iberdi. Men birnäçe gün ýol ýöräp, Ruma bardym. Rum şasynyň köşgüne baranymda, ol gaýgy-gamly halda tagtyndan düşüp, ýerde oturdy. Men oňa:

— Eý, şahym! Size näme bolýar? — diýip soranymda, ol:

— Sen näme hiç zatdan habarsyzmy? — diýip sorady, soňra:

— Bu dünýädäki iň ýagşyzada adamlaryň biri bolan Omar ibn Abdyleziz wepat etdi — diýdi.

Ol uzak wagt gürlemän oturdy, soňra uludan demini alyp:

— Öýüne myhmançylyga çagyryp, soňundan hem gapysyny gulplap oturýan adam meniň üçin geň däldir. Emma mal-mülk,

---

[1] Muhammet ibn Magbat diýlip nusgada ýazylan hem bolsa onuň terjimehalyna duşulmady.

hökümdarlyk elinde bolup, ähli nygmatlary terk edip, özüni dine bagyşlan adam meniň üçin geňdir we uly hormatyma mynasypdyr. Eger-de ýer ýüzünde Isa alaýhyssalam ýaly ölüni direldip bilýän ynsan bar bolsa, onda men Omary hökman direltdirerdim — diýýär.

* * *

Dawut alaýhyssalam Allatagalanyň günä iş eden adamlara berjek azaby hakynda gürrüň berende aýaklary sandyrap, bedeninden ysgyny gaçyp, aýak üstünde durmaga mejaly galmaz eken. Haçan-da möminlere garaşýan jennet, Allanyň rehmeti hakynda gürläp başlanda ýagdaýy gowulanyp, bedenine kuwwat gelip, ýüzi nur saçar eken.

* * *

Bir dana: «Ähli gapylaryň açarynyň bolşy ýaly, jennetiň hem açary bardyr. Jennetiň açary haýyr-yhsan işlerdir» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri: «Bir ýylyň üç gününi Abdylla ibn Mübärek ýaly ýaşamak isledim, emma başarmadym» diýýär.

* * *

Bir gezek Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!) Munkadyr ibn Abdylla ýüzlenipdir:

— Eger köp baýlyk meniň elime düşse, saňa on müň dirhem peşgeş berjek — diýýär.

Köp wagt geçmän Munkadyra Äşeden on müň dirhem gelýär. Munkadyr gyrnak satyn alyp, oňa öýlenýär. Ol gyrnak Munkadyra üç ogul — Muhammedi, Abu Bekri we Omary dogrup berýär.

* * *

Gadym zamanda beni ysraýylda bir adam bolupdyr. Ol erbet işler eder eken. Günleriň birinde şeýle iş bilen meşgul bolup durka, kakasy onuň üstünden gelýär. Ol kakasynyň özüni beýle halda görendigine utanyp, ellerini kesip taşlaýar we dogry ýola düşýär. Şol ýurduň şasynyň gyzy Kudusa zyýarata gitmekçi bolýar. Şa örän dindar adamyň bardygyny eşidip, oňa gyzyna ýoldaş bolmagy teklip edýär. Ol adam gyza ezýet bermekden gorkup, gözüni oýup, ujydyny kesýär. Şanyň gyzy bilen ol adam ýolda gijäni geçirmeli bolanda, ol adam gyzy goramak üçin gyzyň ýanynda ýatýar. Olar sapardan gaýdyp gelenden soň, şa ol adamy ýanyna çagyryp:

— Sen meniň gyzymyň ýanynda ýatdyňmy? — diýip soranda, ol adam:

— Hawa, emma men oňa ezýet berjek bolsam hem berip bilmezdim — diýýär we sapara gitmezden öň eden işini aýdýar.

Şa özüniň bet güman edenine utanyp, oňa:

— Alladan ant içýän, bu ýurda senden mynasyp kazy ýokdur — diýýär we ol adama gyzyny durmuşa çykarýar hem-de örän köp mal-mülk berýär.

Ol adam ýene-de takwalygyny dowam etdirýär. Günleriň birinde ol Taňra nalyş edip:

— Eý, Taňrym! Saňa päk ýürekden ybadat etdim. Eger men günämi ýuwan bolsam, onda maňa agzalarymy gaýdyp ber — diýýär.

Ol adamyň dilegi kabul bolup, bedeniniň ähli synalary öňkiden hem abat bolýar.

* * *

Ýahýa ibn Halyt: «Täret kylyp, Gurhan oka, namazyňy berjaý kyl. Ýola çykanyňda adamlara salam, ejizlere ýardam,

garyp-gasara sadaka ber. Hassanyň halyny sora, jynazalara gatnaş. Haýyr-yhsan işler edip, haram işlerden daşda dur. Şu amallary ýerine ýetiren adam Allanyň hem adamlaryň hem, razylygyny gazanar» diýýär.

* * *

Sagyt ibn Jübeýir: «Abdylla ibn Mesgut şu obanyň (Kufanyň) ýagty saçýan çyrasydy» diýýär.

# ÝIGRIMI DÖRDÜNJI BAP

## HÄSIÝETLER WE OLARYŇ GÖRNÜŞLERI. ÝAGŞY WE ÝAMAN HÄSIÝETLER. UZYN WE GYSGA, ULY WE KIÇI, SEMIZLIK WE HORLUK HAKYNDA

Bir ruhany Abu Bekre duşup:

— Men siziň Pygamberiňiz hakynda Injilde we Töwratda okadym. Meniň okanlarymyň we eşidenlerimiň dogrudygyny ýa-da dogry däldigini bilmek üçin sen maňa Muhammedi sypatlandyr — diýýär.

Abu Bekr:

— Muhammet alaýhyssalamyň kamaty uzyn hem däldi, gysga hem däldi. Ol orta boýly, ak ýüzli, gara gözli, saçy egnine dökülip duran, eginlek, deň hatar dişli, ýüzi aý kimin nurly adamdy — diýýär.

Ruhany:

— Meniň okanlarym we eşidenlerim dogry eken — diýýär we şol ýerde şahadat kelemesini aýdyp, yslam dinini kabul edýär.

* * *

Bir gezek Äşe Muhammet alaýhyssalamy görüp ýylgyrýar. Muhammet alaýhyssalam ondan:

— Eý, Äşe! Nämä ýylgyrýarsyň? — diýip soraýar.

Onda Äşe:

— Seniň ýüzüň nurundan ganyp bilemok. Megerem, Abu Kebir Hezeliň aýdany sen hakyndadyr — diýýär.

Muhammet alaýhyssalam:

— Ol name diýipdi? — diýende, Äşe şeýle diýýär:

— Roýuny görenler däli-diwana,
Älem-jahan galýar oňa haýrana.

* * *

Ümmi Magbat: «Bir gün gapyda otyrkam, geçip barýan ýaş ýigide gözüm düşdi. Ol uzyn boýly, görk-görmekli, gara gözli, saçlak, garynlak hem däldi, hor hem däldi. Onuň ýöreýşiniň özi bir oglana degýärdi. Men ol oglany görüp owadanlyk, görk-görmek Allanyň adama beren nygmatydygyna düşündim» diýýär.

* * *

Jahylyýet döwründe araplaryň dürli-dürli taýpalaryndan Mekgä haja gelerdiler. Olardan köpüsi Ukaz bazaryna barýardylar. Bazaryň ortasynda bir daýaw, ýüzi nurana adam göreş tutýardy. Ol pälwan özi bilen göreşmäge çykýanlary ýeriň ýüzüne pylçap urýardy. Ony görenler yzyna dolanyp baranlarynda, ol hakynda haýran galmak bilen kowumdaşlaryna gürrüň berýärdiler. Ol pälwan Omar ibn Hattapdy.

* * *

Bir gezek Aristotel görk-görmekli adamy görüp, onuň bilen gürleşip görmek üçin oňa söz gatýar. Ol adam Aristotele hiç hili jogap bermeýär. Onda Aristotel: «Owadan gurlan jaýyň

ýaşaýjysy bolsa gowudyr» diýýär we öz ýoluny dowam etdirýär.

* * *

Gowy häsiýetli, emma bedroý ýüzli bir ýaş ýigit bardy. Danalaryň biri oňa: «Allatagala saňa görk-görmegiň deregine ýagşy gylyk-häsiýet beripdir. Emma sen gylyk-häsiýetiňi ýüzüňe meňzedäýme» diýip ündew edýär.

* * *

Gadym zamanda ýaşap geçen danalaryň birnäçesi: «Allatagala öwünjeňlik we ýeňilkellelik häsiýetleri uzyn boýly adama, mekirlik we bedroýlyk häsiýetleri gysga boýly adamlara, galan ýagşy häsiýetleri bolsa orta boýly adamlara mahsus etdi» diýýär.

* * *

Asmaýy:

— Bir gezek örän owadan gelin gördüm. Onuň adamsy bedroý adamdy. Men ol gelinden:

— Sen neneň edip onuň bilen ýaşamaga razy bolup bilýärsiň? — diýip soranymda, ol gelin:

— Meniň adamym hudaýhon we örän gowy häsiýetli adamdyr. Ol Allatagalanyň razylygyny gazanmaga çalşyp, diňe haýyr işler bilen meşgul bolýandyr. Onsoň Allatagalanyň razy bolan adamyndan men näme üçin närazy bolaýyn» diýip jogap berdi — diýýär.

* * *

Bir gezek Muhammet ibn Abbat[1] Mamunyň ýanyna baranda, Mamun ony uly hormat bilen garşy alýar. Mamunyň gyrnagy bu ýagdaýy görüp, gülüp goýberýär. Onda Mamun:

— Sen näme üçin gülýärsiň? — diýip soraýar.

Muhammet ibn Abbat:

— Men onuň näme üçin gülendigini bilýärin. Ol meniň bedroýlygyma, emma seniň meni hormat bilen garşy alanyňa gülýär — diýýär.

Mamun gyrnagyna:

— Eý, gyrnak, eger sen onuň häsiýetlerine belet bolan bolsaň, beýle gülmezdiň we meniň ony näme üçin hormatlaýandygyma dessine düşünerdiň» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Adamyň bolmasa niýeti ýagşy,
Awy bolar onuň iýdigi aşy.

Bolarmyka görk-görmegiň peýdasy?
Haýyr işdir sogaplaryň seresi.

* * *

Adamyň görk-görmekligi onuň gowy häsiýetliligini aňlatmaýar.

* * *

Adamyň bedroýlygy onuň erbet häsiýetliligini aňlatmaýar.

[1] Muhammet ibn Abbat ibn Habyp Mahlaby Basranyň emiri. Ol sahylygy we jomartlygy bilen meşhur bolan adam. Ol 214-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Lebaba bint Abdylla ibn Apbas[1] owadan, görk-görmekli aýallaryň biridi. Ol: «Men aýna seredip, soňra başga bir adama seredenimde, oňa meniňki ýaly görk-görmegiň berilmedigine ýüregim awaýardy. Emma Welit ibn Ataba ibn Sufýana seredip, soňra aýnada özümi göremde, onuňky ýaly görk-görmegiň maňa berilmändigi üçin özüme ýüregim awaýardy» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Adamda içigaralyk, bahyllyk häsiýeti bolmasa, ol adam köp bela-beterden halasdyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam uzyn boýly hem, gysga boýly hem däldi, ol orta boýludy.

* * *

Mişzab: «Muhammet alaýhyssalam uzyn boýlular bilen ýörände, olaryň «üstlerinden» serederdi» diýýär.

* * *

Mekgäniň kazysy: «Meniň ejem örän akylly aýaldy. Ol maňa: «Eý, oglum! Diniň parzlaryny berjaý etseň, edepli bolsaň, adamlar bilen alagöz bolmasaň, durmuşda uly hormata eýe bolarsyň» diýdi.

Onuň aýdan öwütleriniň maňa köp ýerde nepi degdi» diýýär.

---

[1] Lebaba bint Abdylla ibn Apbas ibn Abdylmuttalyp. Welit ibn Ataba ibn Abu Sufýanyň aýaly. Ol iň owadan aýallaryň biridir. Ony görenler haýran bolup, akyl-huşuny ýitirip, öýüniň daşyndan pyrlanyp başlardylar.

* * *

Aly ibn Abdylla ibn Apbas Käbä zyýarat edende, onuň boýy ähli adamlardan saýlanyp durdy. Alynyň boýy Abdyllanyň egnine çenlidi. Abdyllanyň boýy Apbasyň egnine çenlidi. Apbasyň boýy Abdylmuttalybyň egnine çenlidi.

* * *

Uzyn sakgal büreleriň ýatakhanasydyr.

* * *

Muzebbet Medeni ýüzi tüýlek bir adamy görüp: «Eý, adam, ýüzüňdäki tikenleriňi aýyrsaň, şonda egniň üstündäkiniň kellä meňzäýmegi ahmal» diýýär.

* * *

Bir gün Mansur Abdylla ibn Aýýaşyň sakgal goýberendigini görüp:

— Ynha, indi gelşigiňe gelipsiň. Indi sakgalyňdan ýekeje gyl gaçsa, eliňi çapmagy emr ederin — diýýär.

Şol wakadan soňra Abdylla Mansura gowy gürrüňler aýdyp berýär. Mansur keýpi kök bolup:

— Näme islegiň bolsa dile şu wagt — diýýär.

Onda Abdylla:

— Sakgalymyň ykbalyny özüme tabşyraýsaň — diýýär.

Mansur onuň diýenine gülüp goýberýär we:

— Sakgalyň bilen islän zadyňy et. Menden saňa ezýet ýetmez — diýýär.

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalam egindeşleriniň birini öýermek isleýär. Ol adam bedroýdy. Ol adam pygamberden: «Meniň ýüzüm gelşiksiz welin, maňa gyz berermikäler?» diýip

soraýar. Onda Muhammet alaýhyssalam: «Seniň ýüregiň we gylyk-häsiýetiň ýüzüň ýaly däl ahyryn» diýýär.

* * *

Awn ibn Abdylla: «Ýagşy gylykly, görk-görmekli adam Allatagala yhlas bilen dileg edende onuň dilegi kabul bolýar we yrsgaly köpelýär» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala ýagşy atly, görk-görmekli adamyň etini dowzah odunda jezalandyrmaga dözmeýär» diýýär.

* * *

Bir gezek apbaslylaryň halypasy Muhammet Emin köşgünde myhman kabul edýär. Ol gelen adamlaryň biriniň hyzmatkäri Eminden gözüni aýyrman seredip durýar. Emin onuň bolşuny geň görýär. Onda hyzmatkäriň eýesi: «Allanyň bagyş eden zynatyna seretmek sogapdyr» diýýär.

* * *

Harun Reşit ogly Mamuna: «Eý oglum! Ýüzüň görk-görmekli bolandan ýüregiň, häsiýetiň görk-görmekli, owadan bolsun. Şonda adamlaryň razylygyny gazanarsyň» diýýär.

* * *

Bir gezek Harun Reşit ýaş Abu Isa[1]:

---

[1] Abu Isa ibn Reşit Ahmet ibn Reşit. Käbir adamlar oňa Salyh-da diýerdiler. Ol Harun Reşidiň gyrnak aýalyndan doglan ogly. Ol örän owadan ýüzli, şirin owazly şahyr oglandy. Şol döwrüň meşhur aýdymçysy Ybraýym ibn Mäti : “Menden soň ýagşy owazly aýdymçylaryň biri Abu Isadyr” diýýär. Mamun ony diýseň gowy görýärdi. Ol Abu Isany halypalyga taýýarlaýardy. Abu Isa ýekegapan awlamagy halaýardy. Mamun 204-nji hijri ýylynda Kufa häkim bellenýär. 207-nji hijri

— Seniň owadanlygyň Abdylla (Abdylla Mamundyr) berlen bolsady — diýýär.

Onda Abu Isa:

— Wah, onuň ykbaly maňa berlen bolsady — diýýär.

Onuň beren jogaby Harun Reşidiň göwnünden turýar we ol Abu Isany köşge ýanyna alýar.

* * *

Bir arapdan:

— Zynat we owadanlyk nämededir! — diýip soranlarynda, ol:

— Zynat gözleriň görejinde, owazda, owadan gürlemekde bolup biler. Ýöne adamda iň owadan zat onuň gylyk-häsiýeti bolmalydyr — diýýär.

* * *

Musgap ibn Zubeýr iň owadan adamlaryň biridi. Ol bir gün daşarda otyrka, geçip barýan bir aýal onuň ýüzüne seredip aňkaryp galýar. Musgap ol aýaldan:

— Eý, aýal, Allatagala saňa rehim etsin! Seni bu ýerde duruzan zat nämedir? — diýip soraýar.

Onda ol aýal:

— Öýümizde çyramyz öçdi welin, seniň ýüzüňde nur uçgunlaryny görüp, şonuň bilen çyramyzy ýakaýsam diýýän — diýdi.

---

ýylynda ol adamlar bilen haja gidýär. Bir gezek ol awa gidende atdan ýykylyp, kellesine şikes ýetýär. 209-njy hijri ýylynda kellesine ýeten zeperden wepat bolýar. Onuň jynazasyny Mamunyň özi okaýar. Abu Isa wepat bolandan soň, Mamun uzak wagtlap iýip-içmeýär we ukusyndan mahrum bolýar.

* * *

Bir suratçy ýüzi betnyşan adamyň suratyny çekmek isleýär. Ol telim gezek onuň suratyny çekse-de, betnyşanlygyny bolşy ýaly suratda görkezip bilmeýär. Ol iň soňunda suratyň aşagyna: «Bu adam Allanyň gaty geň we seýrek ýaradan adamlaryndandyr. Şu suraty gören oňa dowzahynyň sakar oduny arzuw eder» diýip ýazýar.

* * *

Jahyz: «Bir gezek köçede durkam, bir gelin ýanyma gelip, bir kyn meselede özüne kömek bermegimi sorady. Men onuň diýenine razy boldum. Ol meni yzyna düşürip, bir jaýa saldy we ol ýerdäki adama:

— Edil şuňa meňzeş — diýdi.

Ol adam suratçy eken. Ol haýal etmän meniň suratymy çekip başlady. Ol aýal meniň suratymy alyp gidenden soňra, men suratçydan:

— Ol aýal näme üçin meniň suratymy çekdirdi? — diýip soradym.

Onda suratçy şeýle diýdi:

— Ol aýal meniň ýanyma gelip, şeýtanyň suratyny çekip bermegimi haýyş etdi. Men onuň aýdan suratyny nähili çekjegimi bilmedim. Onda ol aýalyň özi şeýtana meňzeş adam tapjagyny aýdyp çykyp gitdi we seniň bilen dolanyp geldi.

Men hiç haçan şol gezekki ýaly utanan däldirin» diýýär.

* * *

Bir topar adam bir betnyşany öňlerine salyp, bazara getirýärler we jeza bermek isleýärler. Bazardaky adamlar:

— Oňa näme üçin jeza bermek isleýärsiňiz? — diýip soranlarynda, olar:

— Ol Allanyň öňünde ýalan sözledi — diýýärler.

Bazardaky adamlar:

— Ol näme diýip ýalan sözledi? — diýip soraýarlar.

Betnyşany getiren adamlar:

— Bu adam aýnada özüni group, meni şeýle görk-görmekli edip ýaradan Alla hasapsyz öwgüler bolsun diýipdir — diýýärler.

* * *

Bir adam haj edýärkä, bir betnyşan adamyň Alladan günäsini geçmegini dileg edýändigini görüp: «Eý, adam çagasy, sen jennete baraýsaň jennetdäkiler özlerini dowzahdadyr öýderler» diýýär.

* * *

Bir bedroý adam Muhammet ibn Amr Jemmaza: «Meniň uýat ýerime çyban çykdy» diýýär. Onda Jemmaz: «O näme diýip ýalan sözleýärsiň? Men-ä seniň ýüzüňde zat göremok» diýýär.

* * *

Bir aýal Beşşara: «Eger sen ýüzüňi aýnada gören bolsaň, onda sen ýüzüňi uýat ýeriňi ýapyşyň ýaly ýapardyň» diýýär.

* * *

Bir bedroý adam Ýemene sapara gidýär. Ol Ýemendäki adamlary görüp: «Men özümiň görk-görmeklidigimi Ýemene gelip bildim» diýýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Abu Japar Mansur ibn Aýýaşa:

— Sen Abdylla ibn Rabygany[1] gördüňmi? Sakgal goýberseň, sen hem şolar ýaly görke gelersiň — diýýär.

Onda ibn Aýýaş:

— Eý, möminleriň emiri! Alladan ant içýän! Men ondan görklüdirin. Sakgallydan sakgalsyz adam görkli görünýändir. Eger ynanmasaň, Abdyllanyň sakgalyny syrda göräý — diýýär.

* * *

Gadymy kitaplaryň birinde: «Durmuşa çykan zenan ýa-da gyrnak ilki bilen saçyna timar bersin. Adamy owadan görkezýän zatlaryň biri saçdyr» diýilýär.

* * *

Abdylla ibn Şaburma: «Erkek adamyň görki onuň dile çeperligidir. Zenan maşgalanyň görki onuň saçydyr» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Zenan maşgala akýagyz we uzyn saçly bolsa, onda ol kämil husny-jemala eýedir» diýýär.

* * *

Bir pelsepeçi semiz adama: «Sen duşmandan goranmak üçin diwar galdyranyňda çenden geçip gidipsiň» diýýär.

---

[1] Abdylla ibn Rabyg ibn Ubeýdylla ibn Abdylla ibn Rabyg ibn Zyýat Harysy Medeni. Ol Abu Apbas Saffahyň daýysydyr. Apbaslylar döwletiniň ýakyn adamsy we Mansuryň egindeşi. 145-nji hijri ýylynda Mansur ony Medinä häkim belleýär we 146-njy hijri ýylda ony häkimliginden aýyrýar. Ol Mätiniň döwrüne çenli ýaşaýar.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) semiz adamy görýär we barmagy bilen onuň garnyna ýşarat edip:

— Bu näme? — diýip soraýar.

Onda semiz adam:

— Bu Allanyň beren bereketidir — diýýär.

Omar ol adama:

— Seniň şu garnyň Allanyň bereketi däl-de, beren azabydyr — diýýär.

* * *

Rabyg ibn Süleýman[1]: «Men Ymam Şapygynyň «Semiz adamlaryň içinde Muhammet ibn Hasandan başga akylly adama duşmadym» diýenini eşitdim» diýýär.

* * *

Bir çarwadan:

— Adamyň gözelligi nämededir? — diýip soranlarynda, ol öz keşbine ser salyp:

— Uly burunda, uly agyzda we uzyn aýaklarda — diýip jogap berýär.

* * *

Burunlak bir adam öýlenmek üçin bir aýala söz aýdýar. Ol:

— Meniň il içinde abraýlydygymy we hemme adamlaryň içinde tanalýandygymy özüň hem bilýänsiň — diýýär.

Onda ol aýal:

---

[1] Abu Muhammet Rabyg ibn Süleýman ibn Abdyljepbar ibn Kämil Myrady. Ol ymam Şafygynyň egindeşidir. 174-nji hijri ýylynda Müsürde dogulýar we 270-nji hijri ýylynda şol ýerde wepat bolýar. Ygtybarly hadys gürrüň beren adamlaryň biri.

— Abraýyň hakynda-ha eşidemok welin, tanalýandygyňy-ha bilýän — diýip, onuň burnuna seredýär.

* * *

Wasyl ibn Ata boýny uzyn adamdy. Günleriň birinde bir adam ony görüp: «Şu boýnuň barka saňa üstünlik hemra bolmaz» diýýär.

* * *

Adamyň gulagynyň uly bolmagy ol adamyň ömrüniň uzak boljagynyň alamatydyr.

* * *

Bir zyndyk (dinsiz) adama ölüm jezasyny emr edýärler. Ol adamyň hyzmatkäri onuň ýanyna gelip:

— Hojaýyn, sen gulagy ulynyň ömri uzak bolýar diýýärdiň welin, seniň gulagyň uly hem bolsa, seni dara çekmäge alyp barýarlar — diýýär.

Onda zyndyk:

— Meniň aýdanym Alla ynanýan uly gulakly adamlara degişli — diýýär.

* * *

Hasan Basrynyň ýaşan döwründe Bezire atly köp aglaýan bir gyz bardy. Bir gün Hasan Basry onuň ýanyna baryp:

— Eý, uýam! Sen köp aglaýarsyň. Men seniň gözüňe zeper ýetmeginden gorkýan. Gözüňe haýpyň gelsin — diýýär.

Ol gyz:

— Eger men dowzaha girmeli adamlardan bolmaly bolsam, onda gözüm kör bolsa, gözümiň kör bolmagy Allanyň maňa ýerde beren jezasy bolsun. Eger men jennete girjek adamlardan

bolsam, onda gözümiň kör bolmagy Allanyň gözümiň deregine jenneti berdigi bolsun — diýýär.

Hasan ol gyzyň aýdanlaryny diňläp aglap goýberýär.

* * *

Eger-de uzyn boýly, akylly adam görseň, onda oňa sejde et.

* * *

Töwratda: «Boýy kelte adam ýa-ha zalym, erbet gylykly, ýa-da bedroý bolýandyr» diýilýär.

* * *

Lukman Hekim ýaş wagty onuň hojaýyny:

— Eý, Lukman, goýun soý we onuň etiniň iň gowy ýerinden iki bölek getir — diýýär.

Lukman goýun soýýar we onuň ýüregini hem-de dilini getirýär. Soňra ýene-de bir gezek:

— Eý, Lukman, git-de goýun soý we maňa onuň etiniň iň erbet ýerinden iki bölek getir — diýýär.

Lukman gidip goýun soýýar we bu gezek hem goýnuň ýüregini hem-de dilini getirip berýär. Lukmanyň hojaýyny:

— Eý, Lukman, men saňa goýnuň etiniň gowy ýerinden getir diýenimde-de, erbet ýerinden getir diýenimde-de, ýürek we dil getirdiň. Näme üçin beýle edeniňi düşündirsene? — diýende, Lukman:

— Eger bedende şu iki zat gowy bolsa, ol adam gowudyr. Şu ikisi erbet bolsa, ol adam erbetdir — diýýär.

Lukmanyň aýdanlary onuň hojaýynynyň göwnünden turýar.

* * *

Abu Süleýman Wasyty: «Adamyň kalby ýüz görülýän aýna ýalydyr. Emma bu aýnada şol adamdaky ýaly häsiýetler bolan adam özüni görüp biler» diýýär.

* * *

Abu Ýeman: «Biziň obamyzda bir garry bardy. Adamlar: «Ol Allanyň «Ismi agzam» dogasyny (Allanyň ýüzünji ady, ony bilen adamyň ähli dilegi kabul bolýar) bilýär» diýdiler. Men onuň ýanyna baryp:

— Maňa Allanyň «Ismi agzam» dogasyny öwret — diýdim.

Ol adam:

— Seniň kalbyň barmy? — diýip sorady.

Men:

— Hawa — diýdim.

Onda ol adam:

Kalbyňda gowy işlere niýet et, ony erbetliklerden päkle we Alladan islän zadyňy dile. Şeýtseň islän dilegiň kabul bolar. «Ismi agzam» dogasy kalbyň päkligindedir — diýdi» diýýär.

* * *

Abu Süleýman Wasyty: «Il-halk — adam häsiýetiniň aýnasydyr. Ýagşylyk eden adam il-halkdan hem ýagşylyk görer. Ýamanlyk eden adam il-halkdan hem ýamanlyk görer» diýýär.

* * *

Bir adam başga biriniň sakgalynda nämedir bir zadyň ýapyşyp duranyny görüp, ony duýdurman aýyrjak bolanda, onuň sakgalyndan bir gyly goparýar. Ol adam sakgalyndan gyl goparana gaharlanyp, gygyryp başlaýar. Onda sakgal goparan: «Meni bagyşla, men seniň sakgalyňdaky zady aýyrjak

bolanymda erbet adamlardan gahar-gazaby aýyrýan dogany okamak ýadymdan çykypdyr» diýýär. Bu adamyň mekirligi jüpüne düşýär. Gaharlanan adam köşeşýär. Soňra ötünç sorap, ýoluny dowam etdirýär.

* * *

Bir adam başga birinden:

— Maňa ýagşy häsiýetli aýalyň nähili bolýandygyny sypatlandyr? — diýip soranda, ol adam:

— Ýumşak häsiýetli, adamsyna wepaly, onuň bir diýenini iki gaýtalatmaýan, adamsy bar wagty dünýewi ýaşaýyşda ýaşaýan, adamsy ýok wagty ahyrýeti ýatlap ýaşaýan aýal ýagşy häsiýetli aýaldyr — diýip jogap berýär.

* * *

Giň maňlaý akmak, uly maňlaý kemakyl, kiçi maňlaý ýumşak häsiýetli, dar maňlaý bolsa gaharjaň adama mahsusdyr. Eger adamyň gaşy goşuk we göni bolsa ol adam ejiz we aýal häsiýetlidir. Eger adamyň gaşy burnuna tarap uzap gidýän bolsa, ol adam ýumşak häsiýetli we akyllydyr. Gaşlary uzalyp giden adama tekepbirlik häsiýeti mahsusdyr.

* * *

Eger adamyň gözi kiçi bolsa, onda ol adama ähli erbet häsiýetler mahsusdyr. Eger adamyň gaşy gözüne düşüp duran bolsa, ol adama içigaralyk häsiýeti mahsusdyr. Orta gözli adam gowy häsiýetlidir we düşünjelidir. Gözi hanasyndan çykyp duran adam köplenç akyly çaşandyr. Gözi çukur adama gabanjaňlyk häsiýeti mahsusdyr. Gözüň görejiniň uly bolmagy akmaklygyň alamatydyr. Gözüň uly we göreçleriň giň bolmagy ýeňilkelleligiň alamatydyr.

* * *

Gulagy tüýlek adamyň eşidişi gowy bolýar. Gulagy uly adam akmak we tekepbir bolýar.

* * *

Bekr ibn Abdylla (goý, Alla ondan razy bolsun!) göwresi daýaw kuwwatly adamdy. Emma Allatagalany ýatlan wagty Allanyň gazabyndan gorkusyna bir gysym bolýardy.

* * *

Bir gün emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziz ýaş oglanka, terbiýe berýän mugallymy Salyh ibn Kisaýynyň ýanyna gelmeli wagtyndan giç gelýär. Mugallymy ondan näme üçin gijä galandygyny soranda, ol saçyna timar berendigini we şol sebäpli gijä galandygyny aýdýar. Bu habar Omar ibn Abdyleziziň kakasyna baryp ýetende, ol Omaryň saçyny syrmagy emr edýär.

* * *

Kagp Ahbar: «Allatagala husny-jemaly ýaradanda ony on bölege bölýär. Onuň dokuzsyny Adam alaýhyssalama berýär. Galan bir bölegiň ýarysyny Ýusup alaýhyssalama berýär. Soňky ýarym bölegi bolsa, galan adamlaryň arasynda paýlaýar» diýýär.

* * *

Hasan Basrynyň ogly Abdylla atyny satmak üçin bazara çykýar. Ol atyna ýüz dirhem baha kesýär. Bir adam ondan:

— Illeriň aty ýigrimi bäş dirhemden geçenok-la, sen bolsa atyňa ýüz dirhem soraýarsyň. Seniň atyň olaryňkydan name tapawudy bar? — diýip soranda, Abdylla:

— Adamlaryň sakalyna görä baha kesilişi ýaly men hem atyma onuň akylyna görä baha kesýärin — diýýär.

Abdyllanyň sözleri alyjynyň göwnünden turýar. Ol iki ýüz dirhem töläp, Abdyllanyň atyny satyn alýar.

* * *

Jahyz: «Adamy ilki göreniňde, oňa daşky sypatyna görä baha berýäň. Oňa «gözleriň tanyşlygy» diýilýär. Emma az-kem gürleşeňden soň, «kalplaryň tanyşlygy» bolup geçýär. Ynha, şol tanyşlyga hakyky tanyşlyk diýse bolar» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Abdylmälik aýaly Ryta bint Apbasa saçyny kesmegi emr edýär. Emma Ryta saçyny kesmekden boýun gaçyrýar. Abdylmälik oňa:

— Ýa-ha saçyňy kes, ýa-da talak bolarsyň. Iki ýoluň birini saýla, başga ýol ýok — diýýär.

Onda Ryta:

— Seniň bilen ýaşap, «Saçy kesilen» adyny alanymdan sensiz ýaşanym gowudyr — diýýär.

* * *

Bir ýaş ýigit ýolda geçip barýan gelne lak atyp: «Eý, gözel gyz, name üçin seniň dodaklaryň ýarylypdyr?» diýende, ol gelin: «Injir hem ýagşy bişende, şiresi içine sygman ýarylýar» diýip jogap berýär.

* * *

Iki häsiýet, ýagny köp geplemek we nebsiňe buýrup bilmezlik adamy masgaralyga elter.

* * *

Ýagşy gylyk-häsiýetli aýala öýlenmek nygmatdyr. Ýagşy aýal saňa zeminde berlen hüýrdir. Şeýle aýala öýlenen adamyň zehini açylar, gaýgý-gamy bolmaz we uzak ýaşar.

Ýagşy aýaly täç etmeli başyňa,
Şeýle hatyn ömür goşar ýaşyňa.



**Gözel mekan.** *Ahat Nuwwaýewiň çeken suraty.*

# ÝIGRIMI BÄŞINJI BAP

## ÝAGŞY WE ÝAMAN ENDIKLER, GAHAR-GAZAP WE MYLAÝYMLYK, ZALYMLYK WE GEÇIRIMLILIK ÝALY HÄSIÝETLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam: «Adamlary mal-mülk ýa-da baýlygyňyz bilen däl-de, diňe ýagşy häsiýetleriňiz bilen özüňize çekip bilersiňiz» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Allanyň emri bilen ýagşy häsiýetler adamyň burnuna dakylan Allanyň rehmet ýüpüdir. Bu ýüpüň ujy perişdäniň elindedir. Perişde bolsa adamy ýagşy, haýyr işlere gönükdirýändir. Ýagşy işler eden adam jennete girýändir. Erbet häsiýetler-de adamyň burnuna dakylan Allanyň azap ýüpidir. Bu ýüpüň ujy şeýtanyň elindedir. Şeýtan bolsa adamy şer işleri etmäge mejbur edýär. Şer işleri eden adam dowzaha girýändir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Mizan terezesinde Ilki bilen ölçenjek zat ýagşy häsiýetleriň sogabydyr» diýýär.

* * *

Eşgary[1]: «Bir gezek pygamber alaýhyssalam bilen ýolda gidip barýarkak, öňümizden bir aýal ýöräp barýardy. Men ol aýala:

— Resulalla ýol ber — diýdim, onda ol aýal:

— Ýol giňdir, islese sag tarapymdan, islese-de çep tarapymdan geçsin — diýýär.

Muhammet alaýhyssalam maňa seredip:

— Ony öz gününe goý, biz onuň bilen bir ýola sygmarys— diýdi» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Amr: «Kuraýyşlarda ýagşy häsiýetli, ýüzi nurly, utanç-haýaly, dogruçyl diýlip tanalýan üç adam bardy. Olar bir zat aýtsa, jedelsiz kabul edilýärdi we olaryň sözüne şek-şübhesiz ynanylýardy. Olar hiç haçan ýalan sözlänokdylar. Olar Abubekr Syddyk, Abu Ubeýda ibn Jerrah we Osman ibn Affandyr» diýýär.

* * *

Bir dana: «Şalaryň häsiýeti misli gündeki howa ýalydyr. Bir görseň gün çykyp duran, bir görseň hem ýagyş ýagyp duran ýalydyr» diýýär.

[1] Abdylla ibn Kaýs ibn Selim ibn Haddar beni eşgar taýpasyndan. Abu Musa Eşgary Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleriniň biri. Ýemende doglup, yslam dini ýüze çykandan soň, Mekgä gidýär we yslam dinini kabul edýär. Ol ilki hijret eden musulmanlar bilen Hebeşistana göç etdi. Muhammet alaýhyssalam ony Zübeýde we Adana häkim edip belledi. Soň Omar ibn Hattap ony Basra häkim belledi. Eşgarynyň döwründe Yspyhan we Ahwaz yslam dinini kabul etdi. Osman halypalyk eden döwründe ony häkimlikden aýyrýar. Ol maşgalasy bilen Kufa göçýär. Osmandan özüni Kufa häkim bellemegini soraýar. Osman onuň haýyşyny kanagatlandyrýar. Alynyň döwründe ol öz wezipesinden aýrylýar. Ol 44-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Üç halatda adamyň erbet häsiýetliligi, öýke-kinesi, ketjallygy geçirilýär. Bu adam kesel, saparda we agzy bekli (oraza) halatyndadyr» diýýär.

* * *

Enes: «Muhammet alaýhyssalam iň bir ýagşy häsetli adamlaryň biridi. Bir gün Muhammet alaýhyssalam meni nämedir bir zat üçin bir ýere goýbermek isledi. Men onuň diýen ýerine gitmek islesem-de, gitjek däl diýdim. Men öýden çykyp, oýnap ýören oglanlara tarap ýöneldim. Men oýnaýan oglanlary synlap durkam, pygamber alaýhyssalam arkamdan gelip, egnime elini goýdy-da, ýylgyryp: «Enes, meniň git diýen ýerime git!» diýdi. Men bu adamyň ýumşak häsiýeti üçin oňa dokuz ýyl hyzmat etdim. Soňra ondan öwrenen we eşiden zatlarymy on ýyllap gürrüň berdim. Ol bir zady ýalňyş ýerine ýetirsem «Näme üçin beýle etdiň?» diýmezdi» diýýär.

* * *

Bir adam başga birine: «Seniň bilen biri jedelleşse, bir söz gaýtargy berseň, ýene-de on söz eşidersiň» diýýär. Onda beýleki adam: «Eger men ol bir söz diýmänkä, on söz aýtsam, hiç zat eşitmerin» diýýär.

* * *

Bir adam ýoldan geçip barýan başga birine sögýär. Emma sögülýän adam onuň sözlerine pitwa bermän, ýoluny dowam edýär. Sögýän adam: «Eý, adam! Men saňa sögýän» diýip gygyrýar. Onda ol adam: «Men hem seniň bu sözleriňe üns bermän, senden gaçýan» diýýär.

* * *

Bir şamly adam şeýle aýdýar: «Şähere girenimde gatyr münüp barýan haşam lybasly, görk-görmekli bir ýaş ýigide gözüm düşdi. Men onuň kimdigini soranymda, adamlar onuň Hasan ibn Alydygyny aýtdylar. Mende oňa bolan ýigrenç döredi. Men onuň yzyndan ýetip:

— Sen Abu Talybyň oglumy? — diýip soradym.

Hasan:

— Ýok, men onuň oglunyň ogly — diýdi.

Men oňa:

— Tapawudy ýok. Men seniň kakaňy ýigrenýärin we size sögünýärin — diýdim.

Hasan gatyryndan düşüp maňa:

— Görýän welin, sen bu ýerli däl öýdýän — diýdi.

Men:

— Hawa — diýdim.

Onda Hasan:

— Bizi tanaýan adam bizi ýigrenenogam, bize sögünç söz hem diýenok. Adamlar biziň ýalňyşan ýerimizde aýtsalar, biz şol ýalňyşlygy ýa-da erbet häsiýetimizi gowy tarapa düzetmäni özümize kiçilik bilemizok — diýdi we gatyryna münüp, ýoluny dowam etdirdi.

Şonda men öz ýalňyşyma düşündim we kalbymdaky Abu Talybyň maşgalasyna bolan ýigrenjiň ýerini söýgi gaplap aldy».

* * *

Hasan Basry: «Adamyň iň zynatly lybasy onuň ýagşy häsiýeti ýapynja edinmegidir. Alladan ant içýärin, şeýle eden adama erbet häsiýetiň sowuk şemaly hiç hili täsirini ýetirip bilmez» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ýagşy häsiýetiň ilkinji alamatlarynyň biri kyn ýagdaýa düşen adama kömek bermek isleginiň döremegidir» diýýär.

* * *

Ýagşy häsiýetli adamyň başy amandyr. Ýaman, erbet häsiýetli adamyň bolsa, başy dawa-jenjeldedir gowgalydyr.

* * *

Bir gezek Ahnaf emirleriň biriniň öýüne barýar we ony görmäge rugsat soraýar. Hyzmatkär emirden rugsat sorap gelýänçä, Ahnaf gapyda garaşmaly bolýar. Ol daşda otyrka, suw satyjy gelip, Ahnafyň ýanynda suwly küýzesini goýup:

— Eý, ýaşuly! Men gelýänçäm şu küýzä garap otur — diýip haýyş edýär.

Az wagtdan emiriň hyzmatkäri çykyp, emiriň Ahnafa garaşýandygyny aýdýar. Onda Ahnaf:

— Maňa biri amanat zat goýup gitdi. Amanada hyýanat etmek bolsa günädir — diýýär we suw satýan gelip, küýzesine eýelik edýänçä, küýzäni gorap oturýar.

* * *

Ahnaf: «Ýagşy adam kyn ýagdaýa düşende adamlary kömege çagyrmaly bolmaz, olaryň özi kömege gelerler» diýýär.

* * *

Bir adam Ahnafa:

— Sen iň abraýly adamlaryň biri — diýýär.

Onda Ahnaf:

— Eger-de adamlar ýumşak häsiýeti, pespälligi kiçilik bilmeseler, olaryň ählisi abraýly adamlar bolardylar — diýýär.

* * *

Muhammet ibn Ajlan[1]: «Şeýtana iň ýigrenji görünýän adam ýagşy häsiýetli alymdyr. Alym gürlese, ylymly gürleýär. Dymsa ýagşy häsiýeti bilen dymýar. Şeýtan: «Alymyň dymmagy maňa onuň gürlemeginden agyr degýär diýýär» diýip gürrüň berýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Ýagşy häsiýetler berlendir amanat,
Etmegin hiç mahal, amanada hyýanat.

* * *

Ybraýym Edhem: «Men gahary gelende gaharyny ýuwudyp, gürlemezligi başarýan musulman doganymy ýigrimi ýyl bäri gözleýän we entek hem tapyp bilemok» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Adam ogly gaharlananda onuň içine köz oklanan ýaly bolup, gözleri gyzaryp, bedeni galpyldaýandyr. Kim-de kim özünde şeýle sypatlaryň ýüze çykandygyny duýsa, eliniň aýasyny ýere ursun» diýýär.

* * *

Bir çarwadan:

---

[1] Abu Abdylla Muhammet ibn Ajlan Medeni Kuraýşy Patma bint Ataba ibn Rabyganyň guludy. Soňra azat edilýär. Ol takwa, hudaýhon, alym adamdy. Müsüre göçýär we Isgenderiýe şäherinde öý tutunýar. Soňra ýene-de Medinä dolanyp gelýär we 148-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

— Pylanyny nähili görýärsiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Ýagşy, ol ýumşak häsiýetli, ylymly, ýalan sözlemeýän, degişeniňde-de degişmä dogry düşünip gaharlanmaýar — diýip jogap berýär.

* * *

Lukman Hekim: «Kanagatly bolup kanagatyna nebsi garyşdyrmadyk, ýagşy häsiýetli bolup, ýagşy häsiýetine gahary garyşdyrmadyk adamynyň imany gün-günden kämilleşer» diýýär.

* * *

Isa alaýhyssalam: «Gaharlanýan adama Allatagala gazaplanýandyr» diýýär.

* * *

Zeýnelabydyn Aly ibn Hüseýin: «Allatagalany iň gazaplandyrýan zatlaryň biri adamyň adama gaharlanmagydyr» diýýär.

* * *

Töwratda: «Gaharlananyňda meni ýatla, akmaklyk edene akmaklyk bilen jogap berjek bolma. Eger zuluma duçar bolsaň, sabyr et. Ýerde ýaşanyňda meniň adamzat üçin döreden asmandaky jennetimi gazanmaga çalyş. Gaharlanyp bir adamyň üstünden gazanan ýeňşiňden, jenneti gazananyň haýyrlydyr» diýilýär.

* * *

Bekr ibn Abdylla Mazani: «Gahar-gazap oduny dowzahyň oduny ýatlamak bilen öçür» diýýär.

* * *

Muwarryk Ajaly[1]: «Gaharlananyňda adamyň diline her hili erbet sözler gelýär. Alladan ant içýärin, şol sözleri aýtmakdan saklanan adam hiç haçan bu eden işine ökünmez we özünden razy bolar» diýýär.

* * *

Ibn Awn gahary gelse-de, gahary gelen adamsyna berekella diýmegi başarardy. Günleriň birinde Ibn Awnyň hyzmatkäri onuň gowy görýän düýesiniň gözüne urýar welin, düýäniň gözi çykýar. Ibn Awn hyzmatkärine: «Alla saňa rehim etsin» diýýär.

* * *

Fazyl: «Meniň eşdişime görä, dowzahyň dokuz gapysy bolup, onuň birinden adamlara gaharlanyp, zulum edip, Allanyň gazabyna duçar bolan adamlar girer» diýýär.

* * *

Bir adam Muhammet pygamberden:

— Iň erbet zat nämedir? — diýip soranda, ol:

— Allanyň gazabyna duçar bolmak — diýýär.

Ol adam:

— Nädip Allanyň gazabyndan gaçyp-gutulyp bolar? — diýip soranda, Muhammet alaýhyssalam:

— Gaharlanman — diýip jogap berýär.

[1] Muwarryk ibn Abdylla Ajaly Abu Mugtemir Basry. Ol dindar, takwa, hudaýhon adamlaryň biri. Yrakda Omar ibn Hubeýra halypalyk eden döwründe wepat bolýar.

* * *

Mutyg ibn Iýas[1] Hammat Ejrede[2] bir hyzmatkäri sowgat goýberýär we onuň ýany bilen hat ýollaýar. Ol hatynda: «Men saňa gaharyny saklap bilýän hyzmatkärimi sowgat berýärin» diýip ýazýar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Gahar-gazapdan saplanyp bilen adamyň ahyreti abatdyr» diýýär.

* * *

Araplarda: «Közüňe suw guý» diýildigi gaharyňy köşeşdir diýildigidir.

* * *

Gaharyň üstün çykmagy edebiň azlygydyr.

* * *

Abu Hureýra: «Göreş tutup ýykan däl-de, gahar-gazabyny basyp bilýän adam güýçlidir» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Eger özüňe dost ýa-da kyýamatlyk dogan tutunmak isleseň, ilki ol adama gaharlanyp, sögüp gör. Eger ol adam gaharyny ýuwutmagy başarsa, onda sen gözleýän adamyňy tapdygyňdyr. Eger ol seniň sözleriňe gahar bilen jogap berse, ondan gaç we ömürlik ondan ägä bol» diýýär.

---

[1] Abu Selim Mutyg ibn Iýas Kennany. Emewiler we apbaslylar döwletiniň köşk şahyry.

[2] Hammat ibn Omar ibn Ýunus ibn Kelip Sewwaýy Abu Amr Maruf. Öň gul bolup, soňra emewiler we apbaslylar döwletinde köşk şahyry bolan. Esasan-da, apbaslylar döwletinde meşhurlyk gazanýar. 161-nji hijri ýylynda Ahwazda öldürilýär.

* * *

Ahnaf: «Eger-de biri gaharyňy getirende, ondan ar alanyndan, gaharyňy basyp, özüňi köşeşdireniň haýyrlydyr. Bir ýaman söz eşidip, özüniň gaharyny basyp ýatyrmagy başarmadyk adam ýene-de birnäçe şolar ýaly söz eşitmäge mejbur bolar» diýýär.

* * *

Bir gezek Dawut alaýhyssalam Süleýman alaýhyssalamyň bilimini barlap görmek üçin ondan:

— Ýanyp duran közden güýçli näme bardyr? — diýip soranda, Süleýman:

— Gahar-gazap — diýip jogap berýär.

Dawut onuň bilimine göwni ýetýär.

* * *

Urwa ibn Muhammet[1] bir adam bilen gürrüňdeş bolup otyrka, ol adam Urwa bir söz aýdyp, diýseň gaharyny getirýär. Ol ýerinden turup gidýär we täret kylyp, ýene-de gelýär. Ol gaharyny getiren adama: «Meniň atam Resulallanyň egindeşi bolupdyr. Muhammet alaýhyssalam: «Gaharlanmak şeýtandandyr. Şeýtan bolsa otdan ýaradylandyr. Ody bolsa suw öçürýändir. Şonuň üçin gaharyňyz gelende täret kylyň. Şeýle etseňiz, gaharyňyz el bilen aýrylan ýaly bolar» diýipdir. Şonuň üçin men hem sen gaharymy getireniňde täret kylyp geldim» diýýär.

---

[1] Urwa ibn Muhammet ibn Atyýýa Sagdy Jeşmi. Süleýman ibn Abdylmälik ony Ýemene häkim belleýär. Omar ibn Abdyleziz we Ýezit ibn Abdylmälik halypalyk eden döwründe-de ol Ýemende häkim wezipesinde galýar. 103-nji hijri ýylynda ol häkimlik wezipesinden aýrylýar. 20 ýyllap Ýemende häkim bolýar we Ýemene gelende ýanynda näme bolsa, şonuň bilen çykyp gidýär. Käbir çeşmeleriň aýtmagyna görä, ol 131-nji hijri ýylyna çenli ýaşaýar.

* * *

Ýene-de ol: «Bir gezek sapara gitmekçi bolanymda kakam maňa: «Eý, oglum, gaharyň gelse ilki asmana, soňra ýere seret. Şeýle etseň, gahar-gazabyň, tekepbirligiň saňa däl-de, Alla mynasypdygyna düşünersiň we bu gylyklardan saplanarsyň. Bu gylyklardan saplanan adamyň başy amandyr» diýip sargyt etdi» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Danalaryň bir kitabynda: «Danalara gahar-gazap gelişmez. Gahar-gazap dana adamyň ýüregini öldürer» diýip ýazylandygyny okadym» diýýär.

* * *

Haýsama[1]: «Şeýtan: «Ilki men adam erbet, şer iş edende ýüregini eýeleýändirin. Eger ol gaharlansa, men onuň kellesini eýeleýändirin» diýýär» diýip gürrüň berýär.

* * *

Japar ibn Muhammet: «Ähli şer işleriň açary gahar-gazapdyr» diýýär.

* * *

Gahardan daşda duruň! Ol Allatagala bolan imany kemeldýär we adamyň sabyr lezzetini ýok edýär.

* * *

Gahar-gazap adamdaky imany, sabyr-takaty zaýalaýandyr.

---

[1] Haýsama ibn Abdyrahman Jagfy Kufy. Muhammet alaýhyssalamyň egindeşi.

* * *

Abdylla: «Gaharlanmaýan adam ýumşak häsiýetlidir, tamakinlik etmeýän adam kanagatlydyr» diýýär.

* * *

Süleýman ibn Dawut ogluna: «Gahar-gazap zalymlygyň şasydyr. Zalymlyk bolsa bigünä adamlaryň ajalyna sebäp bolýan häsiýetdir» diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziz sapara gidende özüniň iş dolandyryjysyna hat ýollaýar. Ol hatynda: «Gaharly wagtyň hyzmatkärlere jeza berme. Eger gaharly wagtyň jeza bermeli bolsaň, onda jeza berilýäni bir jaýa gabap goý. Haçan-da köşeşendirin öýtseň, günäsine görä jeza ber. Emma bäş gamçydan köp urdurma» diýip ýazýar.

* * *

Zyýat gaharyny getiren ýa-da günä iş eden adamy üç gün zyndana oklar eken. Eger ol üç günüň içinde köşeşse, günäsi uly bolmadyk adamlary tussaglykdan boşadyp goýberer eken.

* * *

Bir dana adam: «Özüniň gahar-gazabyny, şöhwetini köşeşdirip bilmedik adamyň jaýy dowzahdyr» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Mübärekden: «Ýagşy häsiýetli bolmak üçin näme etmeli?» diýip soranlarynda, ol: «Gahar-gazabyňy basyp ýatyrmaly» diýip jogap berýär.

* * *

Mugtamyr ibn Süleýman ibn Tarhan: «Gadym zamanda bir gaharjaň adam bolupdyr. Ol üç kagyza birnäçe sözler ýazyp, üç adama berýär. Ol birinji adama: «Gaharym gelen wagty sen maňa birinji kagyzy ber» diýýär. Ikinji adama «Gaharym azajyk köşeşendigini göreniňden soň, ikinji kagyzy ber» diýýär. Üçünji adama: «Gaharymy doly ýuwudanymdan soň, üçünji kagyzy ber» diýýär. Birinji kagyzda: «Oýlan, sen kim we gahar-gazap saňa gelişjekmi? Sen Allanyň ýaradan iň akylly jandarysyň. Gahar-gazap bilen biri-biriňize ezýet bermäň» diýip ýazylgydy. Bu kagyzy okap, onuň gaharynyň bir bölegi köşeşerdi. Ikinji kagyzda: «Ýerdäki adamlara rehim etseň, asmanda Allatagala saňa rehim eder» diýip ýazylgydy. Bu haty okap onuň gaharynyň ýene-de bir bölegi köşeşerdi. Üçünji hatda bolsa: «Adamlara Allatagalanyň emr edişi ýaly seretgin. Şonda ähli işiň rowaç alar» diýip ýazylgydy. Bu haty okap, ol adam gahardan doly saplanardy. Ol adam gürrüň bermeklerine görä, pars şasy Hysrow Anuşirwandy» diýýär.

* * *

Bir dindar şeýtandan:

— Nähili adamy sen öz tarapyňa tiz çekip bilýärsiň? — diýip soranynda, ol:

— Gaharjaň we gabanjaň adamy. Men gaharjaň adamy çaganyň topy depip togalaýşy ýaly, islän tarapyma sürüp bilýän — diýip jogap berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allanyň razylygyny gazanan, gahar-gazabyny basyp ýatyrmagy başarýan, hakyň parz işlerini ýerine ýetirýän, amanata hyýanat etmeýän, dogan-garyndaşyna, ýetim-ýesire kömek edýän adam Allanyň nurundan ýaradylan adamdyr» diýýär.

* * *

Şagby: «Adamyň ýumşak häsiýetlimi ýa-da däldigini onuň gaharlanan wagty bilip bolar» diýýär. Mubrat Şagbynyň bu sözlerini özüniň iň köp okaýan we gowy görýän kitabynyň ýüzüne ýazyp goýýar.

* * *

Sagyt ibn Abu Wakgas: «Bir gezek Muhammet alaýhyssalam bilen adamlaryň uly dawasynyň üstünden bardyk. Muhammet alaýhyssalam olara: «Daşdan doldurylan torbany göterip ýadandan soňra, şony taşlasaňyz özüňizi ýeňil duýarsyňyz we ýadawlykdan dynç alarsyň. Gahar-gazapdan saplanan adam hem şu duýgulary başdan geçirýändir» diýdi. Adamlar dawa-jenjelini goýup, öýlerine dagadylar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Gahar-gazabyny basyp, özüni köşeşdirip bilýän adam kyýamat güni Allatagaladan günäli bendeleriň günäsini geçmegini sorap biler. Allatagala beýle adamlara bu dünýede iman kämilligini, o dünýede-de islän hüýrini sowgat berýändir» diýýär.

* * *

Bir gaharjaň adam Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna şypa isläp gelýär. Ol adam diýseň gaharjaň bolup gahary gelen wagty burnundan ik ýaly gan geler eken. Ol Muhammet alaýhyssalama:

— Eý, Resulalla! Men gaharym gelen wagty näme etjegimi bilemok. Heý, ony bir söz bilen köşeşdirip bolmazmyka? — diýip soraýar.

Muhammet alaýhyssalam:

— Allahumma inni auzi bikä mineşşeýtany rejim (Eý, Allam, daş bilen urulýan şeýtanyň alyndan sypmaga maňa ýardam et!) diýseň, gaharyň öz-özünden köşeşer — diýýär.

* * *

Şagby: «Gahar-gazap akmaklykdyr. Ýumşak häsiýetlilik bolsa danalykdyr. Dana bilen akmagyň sözüniň alyşmaýşy ýaly, gahar-gazap bolan bedende ýumşaklyk häsiýeti bolmaýar. Ýumşaklyk häsiýeti bolan bedende bolsa gahar-gazap bolmaýar» diýýär.

* * *

Sokrat: «Ot bilen pyçak bir ýerde mekan tutmaz, ýagny iki gaharjaň adamyň sözi alyşmaz» diýýär.

* * *

Gahary gelen adam belent ýerlere, daglara çyksyn, şonda gahary köşeşer.

* * *

Şagby: «Gahar — nadanlyk, ýumşak häsiýetlilik — danalykdyr. Şundan soň kimiň nadan bolasy gelýär?» diýýär.

* * *

Bir adam başga bir köçeden geçip barýan adama sögüp başlaýar. Ol sögülýän adam hiç zat bolmadyk ýaly ýoluny dowam etdirýär. Köçedäki adamlaryň biri sögülýänden:

— Sen näme üçin oňa hiç hili jogap gaýtaraňok? — diýip soranlarynda, ol:

— Saňa it üýrende ýa-da eşek aňňyranda sen üýrüp ýa-da aňňyryp jogap berýän dälsiň-ä? — diýýär we öz ýoluny dowam etdirýär.

* * *

Aristotel: «Erbet endikli adamyň erbet endigini aýyrmak, dinsiz adama Allanyň bardygyny ynandyrmagyň kyn bolşy ýaly kyndyr» diýýär.

* * *

Erbet endik gizlin hem bolsa günleriň birinde ýüze çykar we ol adamyň ýüzüni gyzdyrar.

* * *

Isa alaýhyssalam beni ysraýylyň adamlary üýşüp durka ýanyndan geçse, olar oňa ýagşydan-ýamandan bir söz aýdyp degsinerdiler. Isa alaýhyssalam olara hiç hili jogap gaýtarmazdy. Şymgun diýilýän bir adam Isadan:

— Näme üçin beni ysraýyla jogap gaýtaraňok? — diýip soranda, ol:

— Her kim bu dünýäde eden işiniň jogabyny Rebbiniň ýanyna baranda biler — diýip jogap berýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ata-babalarymyzyň köne däp-dessurlary yslam dinine laýyk gelen bolsa, gör nähili gowy bolardy» diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Atahyýa[1] ogluna:

— Oglum, sen şalara hyzmat edip bilmeseň gerek — diýýär.

Abu Atahyýanyň ogly ondan sebäbini soraýar. Onda Abu Atahyýa:

[1] Şahyr Ysmaýyl ibn Kasym Abu Atahyýa.

— Oglum, sen tiz gaharlanýaň, sowukganly bolup, ýüze çykan ýagdaýa görä hereket edip bilmeýärsiň. Beýle adamlar şalaryň göwnünden turup bilenok — diýýär.

* * *

Bir şäherli adam Abu Mujallazdan[1]:

— Näme üçin semiz adam hamyla aýaldan agyr gelýärkä? — diýip soranda, ol: «Hamyla aýalyň çagasy aýalyň göwresinde bolsa-da, jan girenden soň öz agramyny özi göterýändir. Semiz bolsa ähli agramyny özi götermeli bolýar — diýip jogap berýär.

* * *

Jemmaz[2] bir semiz adamy wasp edip şeýle diýýär:

Ýerinden turanda uly dag misli,
Siliň sesi ýaly, aýylganç sesli.

* * *

Ruuba[3]: «Semiz adam kyn ýagda düşende ilki bilen garnyny goraýandyr ýa-da garnynyň aladasyny edýändir. Semiz adam özüniň semizligini bilýän ýa-da semizligini boýun alýan bolsa onda ol semiz däldir» diýýär.

---

[1] Abu Mujallaz Lahyk ibn Hamyt ibn Sagyt Sedusy Basry. Ol Horasana gidip, ol ýerde birnäçe şäherlere emir bolýar. Horasany dolandyran mahaly Omar ibn Abdyleziz onuň bilen maslahatlaşyp durar eken. Ol 109-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Şahyr Muhammet ibn Amr Jemmaz.

[3] Ruuba ibn Abdylla Ajjaç ibn Ruuba Temimi Sagdy. Ol emewiler we apbaslylar döwletinde hormat gazanan adam. Ol şahyr we dilçi alym. Ömrüniň köp bölegini Basrada ýaşap geçendir. 145-nji hijri ýylynda çölde wepat bolýar. Ony jaýlanlarynda meşhur fakyhlaryň biri: “Biz jeset jaýlamadyk, biz ylmy, dile çeperligi we şygry jaýladyk” diýýär.

* * *

Bir semiz adam hassa adamyň halyny soramaga barýar we hassadan:

— Meni tanadyňmy? — diýip soraýar.

Onda hassa:

— Men mejaldan gaçan hem bolsam entek huşum ýerindedir. Seniňki ýaly garny men hiç kimde görmänsoň seni başga adam bilen bulaşdyrasym ýok — diýip jogap berýär.

* * *

Abu Hureýra: «Eger bir adam biderek sowallary ýa-da gürrüňleri bilen ýüregiňe düşüp ugrasa, onda şu dogany, ýagny: «Eý, Allam! Bize we ol adama geçirimlilik et we ondan bize rahatlyk ber (gulagymyzy dynç et)» okamaly» diýýär.

* * *

Bir semiz adam Agmaşdan: «Seniň gözüň nähili edip kör boldy» diýip soranda, Agmaş: «Semizlere seredip» diýip jogap berýär.

* * *

Salyh Merri[1] şeýle diýýär:

Jansyz ýere jan, girizer Taňry,
Doňýürekler ýumşar, bolsa oň emri.

* * *

Abdylla Darani: «Iň ýaman häsiýetleriň biri doňýüreklilikdir» diýýär.

---

[1] Salyh ibn Beşir ibn Wadyg Merri Abu Bişr Basry Kazy. Ol takwa, hudaýhon, hadysçy alymlaryň biridir. Ol bir aýalyň guly bolup, soňra azat edilýär. Ol 173-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalam: «Eger Allatagala bendesiniň haýyr işleri etmegini islese, onda ol adamy ýumşak häsiýetli edip ýaradýar. Ol adamyň bu dünýesi hem ahyrýeti hem abat bolar diýdi» diýip, gürrüň berýär.

* * *

Jerir ibn Abdylla: «Allatagala iň ýagşy gören bendesine ýumşaklyk häsiýetini berýär. Beýle adamyň iki dünýäsi hem abatdyr» diýýär.

* * *

Enes: «Allanyň özi geçirimlidir. Şonuň üçin hem ýumşak häsiýetli adamlary ýagşy görýändir» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Ýumşak häsiýetli adamy diňe ýagşy işler edýän adam hökmünde, zalym, rehimsiz adamy bolsa diňe ýaman, şer işler edýän adam hökmünde tanaýarlar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ýumşak häsiýetli bolmasaň ýumşak häsiýetli adamlara meňzejek bol. Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim bir kowuma meňzejek bolsa, ol adam şol kowumdandyr» diýdi» diýýär.

* * *

Ýene-de Hezreti Aly: «Duşman gazanmazlygyň iň gowy usuly ýumşak häsiýetli bolmakdyr» diýýär.

* * *

Bir gezek bir ýehudy Muhammet alaýhyssalamnyň ýanyna gelýär we «Assalamu aleýkum» (Size parahatçylyk isleýärin) diýmegiň deregine: «Samaleýkum» (Siziň ölümiňi isleýärin) diýýär. Äşe oňa:

— Size ölüm we lagnat bolsun — diýýär.

Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Eý, Äşe! Allatagala ýumşaklygy we geçirimliligi söýýändir — diýýär.

Äşe:

— Sen onuň näme diýenini eşitmediňmi? — diýip soraýar.

Muhammet alaýhyssalam:

— Men oňa: «Waleýkum» (sizede) diýdim ahyryn — diýýär.

* * *

Halk arasynda şeýle aýdylýan dana söz bar: «Imanyň bezegi ylymdyr. Ylymyň bezegi amaldyr. Amalyň bezegi ýagşy we ýumşak häsiýetlilikdir. Ylymly adamyň ýumşak häsiýetli bolmagy iň ajaýyp zatdyr».

* * *

Sufýan ibn Söwri egindeşlerinden:

— Ýumşaklygyň nämedigini bilýärsiňizmi? — diýip soranynda, olar:

— Ýok, biz bilemizok — diýýärler.

Onda Söwri:

— Islendik agyr ýagdaý başyňa düşende ýa-da zulum edilende ähli ýagdaýy ölçerip-döküp, ýerlikli çykalga tapyp bilseň, onda sen ýumşak häsiýetli adamsyň? — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Meniň ymmatyma geçirimlilik edene Allatagala hem geçirimlilik eder. Meniň ymmatyma zulum eden Allatagalanyň gazabyna duçar bolar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Musulmanlardan güman etmesini terk eden adam jennetiň çetinden jaý ediner. Ýalan sözlemäni, biderek degişmeleri terk eden musulman adam, jennetiň ortasyndan jaý ediner. Ähli ýagşy häsiýetleri özünde jemlän musulman adam jennetiň iň sapaly ýerinden jaý ediner» diýýär.

* * *

Gadymyýetde ýaşan danalar: «Durmuşyň ýollary we adamyň gylyk-häsiýetleri herdürlüdir. Emma sen şolaryň içinden özüňe laýygyny saýlamagy başar» diýýärler.

* * *

Abu Hureýra: «Ýagşy häsiýet — iman kämilligidir» diýýär.

* * *

Bir gezek Äşeden Muhammet alaýhyssalamyň gylyk-häsiýeti barada soralanda ol: «Resulalla Gurhandaky aýdylan parzlary ýerine ýetirerdi. Ol geçirimli, haýyr iş eden we nadanlardan daşda durmaga synanyşan adamdy» diýip jogap berýär.

* * *

Abdylla ibn Mübärekden:

— Ýagşy gylyk-häsiýetli adam nähili bolmalydyr? — diýip soranlarynda, ol:

— Ýagşy işleri edýän adamlara ezýet bermeýän, ýüzi utanç-haýaly adam ýagşy gylyk-häsiýetli adamdyr — diýip jogap berýär.

* * *

Abdylla ibn Apbas: «Ýagşy gylyk-häsiýet gün şöhlesiniň buzy eredişi ýaly, adamyň ýalňyş eden işlerini ýapýandyr. Ýaman gylyk-häsiýet bolsa şerabyň balyň süýjüligini bozuşy ýaly, adamyň haýyr işlerini bozýandyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (Goöý, Alla ondan razy bolsun!): «Ýagşy gylyk-häsiýetli boluň! Ýagşy gylyk-häsiýetliler jennete girýändirler we ol ýerde eden işleriniň hözirini görýändirler. Ýaman gylyk-häsiýetiňizi düzetmäge çalyşyň. Ýaman gylyk-häsiýetliler dowzaha girýändirler we ol ýerde eden işleriniň ezýetini çekýändirler» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Mizan terezesinde adamyň eden sogap işleri ölçenende iň agyr geljek zat onuň ýagşy gylyk-häsiýeti bilen gazanan sogaplarydyr» diýýär.

* * *

Ýene-de Hezreti Aly: «Mömin adamyň iň esasy sypaty onuň ýagşy gylyk-häsiýetidir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalamdan:

— Nähili adamlar jennete girerler? — diýip soranlarynda, ol:

— Allatagala ýürekden ybadat edýänler we ýagşy gylyk-häsiýetli adamlar — diýip jogap berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Gyssanmazlyk we parasatlylyk pygamberleriň häsiýetidir. Gyssanan we oýlanşyksyz hereket eden ýalňyşar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Takwalyk ähli gylyk-häsiýetleriň naýbaşydyr» diýýär.

* * *

Bir dana: «Mylaýym häsiýetli adam özüniň nadanlygyny ýeňip, duşmanynyň günäsini geçende, onuň mylaýym häsiýetliligi aýan bolýandyr» diýýär.

* * *

Abu Hanypa şu goşgyny aýtmagy gowy görer eken:

Onuň semizligin götermez pil-de,
Galmaz güýç-kuwwaty aýakda, bilde.

* * *

Ibn Sirin: «Ýumşak häsiýetlilik üç ýagdaýda, ýagny är-aýal gatnaşygynda bolunýan, garpyz we nar iýilýän wagtyndan başga ähli wagtda ýagşydyr» diýýär.

* * *

Ysmaýyl ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas[1] kimdir birine gaharlansa ýa-da sögünse, soňundan ökünip müň dinar peşgeş

[1] Saffah we Mansur Abu Japaryň kakasynyň dogany. Ol Abu Japary pars ýerlerine we Basra häkim belleýär.

berer eken. Bir adama pul gerek bolsa, ol hemişe Ysmaýylyň gaharyny getirer eken. Günleriň birinde ol adama iki müň dinar gerek bolýar. Ol Ysmaýylyň gaharyny getirýär. Ysmaýyl eden işine ökünip, oňa müň dinar berýär. Emma ol adam Ysmaýylyň yzyndan galmaýar. Ysmaýyl oňa:

— Saňa özüňi beýle alyp barmany kim öwretdi? — diýýär we sögünenini duýman galýar. Soňra eden işine ökünýär we ol adama ýene-de müň dinar peşgeş berýär.

* * *

Bir gezek Ysmaýyl ibn Aly özüniň enebaşga doganyna gaharlanýar. Emma wagt geçirmän ony ýanyna çagyrýar we oňa müň zyraglyk[1] ýerini, kaşaň öýüni ykta[2] berýär.

---

[1] Zyrag — 0,66m deň bolan Stambul ölçeg birligi. Bu ölçeg birligi mimarçylykda 0,75m, söwdada 0,58m deňdir.
[2] Ykta — peşgeş berlen ýer.

# ÝIGRIMI ALTYNJY BAP

## DIN WE ONUŇ BILEN BAGLANYŞYKLY NAMAZ, ORAZA, HAJ, SADAKA BERMEK HEM-DE BEÝLEKI DÜRLI YBADATLAR HAKYNDA

Zeýt ibn Arkam[1]: «Muhammet alaýhyssalam: «Lä ilähä illallah» (Alladan başga Taňry ýokdur) diýip, ýürekden aýdan adam jennete girer diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) ogluna: «Eý, oglum! Eger Allatagaladan başga-da Hudaý bolan bolsa, olaryň ählisiniň pygamberleri bolardy. Biz olaryň sypatlaryny, edýän işlerini bilip oturardyk. Emma berk bellegin. Alla ýekedir we ol ebedidir» diýip, öwüt-nesihat edýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Iman adamyň kalbynda emele gelýär. Adam haýyr işler etse, imany güýçlenýär. Şer işler etse weli, imany azalmak bilen bolýar» diýýär.

[1] Zeýt ibn Arkam Hazrajy Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleriniň biri.

* * *

Hezreti Alydan (goý, Alla ondan razy bolsun!):

— Allanyň ýeke-täkligi we adyllylygy hakynda näme aýdyp bilersiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Allanyň ýeke-täkligini hiç hili şübhe, adyllygyny bolsa hiç bir töhmet gizläp bilmez — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adam Allany nähili göz öňüne getirse, ol onuň tersinedir» diýýär.

* * *

Bir dana: «Adam Allanyň şekliniň nähilidigini biljek bolman, onuň bardygyna, ýeke-täkdigine ynanmalydyr we oňa ybadat etmelidir» diýýär.

* * *

Bir adam Hezreti Alydan:

— Sen Rebbiňi görýärsiňmi? — diýip soraýar.

Hezreti Aly:

— Sen näme men ony görmesem ybadat eder öýdýärsiňmi? — diýip, onuň özüne sorag bilen ýüzlenýär.

Ol adam Hezreti Alydan:

— Sen ony nädip görýärsiň? — diýip soranda, Hezreti Aly:

— Rebbiňi görmek üçin göz däl-de, imana ýugrulan ýürek gerekdir. Men ony kalbym bilen görýärin. Esasy zat sagat düşünjäň we dury akylyň bolmalydyr — diýip jogap berýär.

* * *

Hezreti Alydan Allatagalanyň sypatlary hakynda soranlarynda, ol: «Onuň nirededigini, näme edýändigini bilýän

ýok. Ony gözi bilen gören ýok. Emma ol bardyr we ebedidir» diýýär.

* * *

Kim Rebbini tanasa beýgeler, özüni tanasa peseler.

* * *

Mujahyt: «Alla birdir we ondan başga Taňry (Hudaý) ýokdur» diýen, sözler şeýtan üçin eşitmesi iň agyr degýän sözlerdir» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Bu dünýädäki ähli zatlar Allanyň ýazgydy boýunça ýöreýändir» diýen adam dogruçyldyr» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Günä we ýalňyş işi edeniňizde «Bu Allanyň ýazgydydyr» diýmäň. Özüňiz we şeýtan hakynda-da oýlanyň» diýýär.

* * *

Musa alaýhyssalam: «Eý, Rebbim! Men seniň ýanyňa nädip ýetip bilerin?» diýip soranda, Allatagala: «Meniň ýanyma ýetmek üçin seniň meni hemişe ýatlamagyň ýeterlikdir» diýýär.

* * *

Isa alaýhyssalam: «Adam ýürekden Allatagala öwgi aýdan mahaly, Allatagala ybadat etmegiň lezzetini duýar» diýýär.

* * *

Kubat Piruz[1]: «Yslam dini ynançdyr, sütündir, ýaman işlerden goragdyr, duşmana garşy ýaragdyr» diýýär.

* * *

Buzurgmehr öldürilende ýanyndan bir kagyz bölejigini tapýarlar. Bu kagyzda: «Adam ilki bilen Allany tanamalydyr we oňa ynanmalydyr. Soňra bolsa günä işlerden daşda durmalydyr» diýip ýazylgydy.

* * *

Abdylla ibn Mesgut: «Muhammet pygamber: «Birnäçe adama jemagat diýlişi ýaly, hakykatyň tarapdary bolýan bir adama hem jemagat diýmek bolar» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Men ymmatymyň dogry we hak sözden daşlaşmagyndan gorkýaryn» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri: «Adamyň kalbynda hakykat orun tutanda, ol adam ýagşy işler eder we jennete girer. Adamyň kalbynda ýalançylyk orun tutanda, ol adam ýaman we günä işleri eder, dowzahdan özüne mekan tutunar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bir gün gije Deçjal hakynda gürrüň edip otyrdyk. Muhammet alaýhyssalam biziň ýanynymyzda uklap ýatyrdy. Birden ol tisginip turdy. Onuň gözi gyzarypdy. Ol bize: «Adamlary ýalňyş ýol bilen

[1] Kubat ibn Piruz sasanlylar döwletiniň ýigriminji şasydyr.

alyp gitjek ymam (ýolbaşçy), Deçjaldan hem gorkunçdyr» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Sabur Erdeşiriň[1] döwründe Alla ynanmaýan dinsizler ýüze çykýar. Olaryň ýolbaşçysy Many ibn Betekdi. Erdeşir olary yslam dinine çagyrýar. Olar ret edýärler. Erdeşir olaryň ählisini öldürmegi emr edýär. Başga Pars şalary hem dinsizleri öldürmegi dowam edýärdiler. Kubat Piruzyň döwründe Mazdak atly dinsiz özüniň dinini döredýär. Ol zynany we adamlary talamagy halal hasaplaýar. Kubaz hem ilki onuň dinini kabul edýär. Emma soňra pikirinden dänýär. Bu habary eşiden Anuşirwan Kubazyň ýanyna gelýär we ony hem-de onuň egindeşlerini öldürdýär. Ol ömrüniň ahyrynda oglunyň dogry ýoldan azaşmagyndan gorkup, oňa: «Eý oglum, Allatagala ybadat et. Onuň ýolundan dönmegin. Allanyň ýolundan dönenlere dogry ýola düşmegi ündegin. Eger dogry ýola düşmeseler ýurdy olardan arassalagyn. Seniň bu haýyr-sogap işiňde Allanyň özi ýardam bersin» diýýär.

* * *

Rabyga Adawyýa gije-gündiziň dowamynda müň rekat namaz okar eken. Ol namazy sogap üçin däl-de, diňe Allatagala ybadat etmek üçin okardy. Muhammet alaýhyssalam ondan öňki geçen ähli pygamberlere: «Meniň ymmatymdan bolan aýalyň gije-gündiz näme bilen meşgul bolýanyna serediň» diýýärdi.

---

[1] Sasanlylar döwletiniň ikinji şasy Sabur Erdeşir. Onuň lakamy Edermendir.

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalam Kagp ibn Mälige[1]: «Eý, Mälik Rebbiňi ýadyňdan çykarma. Alla ýatdan çykarylan öýden bereket göteriler» diýýär.

* * *

Saýyp ibn Ýezit[2]: «Günleriň birinde daýzam meni Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna alyp gitdi. Muhammet meniň başymy sypady we meniň üçin dileg etdi. Soňra ol täret kyldy. Men onuň täret kylan suwundan içdim. Men pygamberiň arkasynda möhür ýaly gara şekili gördüm» diýýär.

* * *

Musa alaýhyssalam ýüze çykanda, Sokrat: «Pygamberler haýsydyr bir ýoldan çykan kowumy ýola salmak üçin gelýärler. Biz ýunanlylar edep-ekramly, ylymly millet. Biz kimdir biriniň bize edep öwretmegine mätäç däldiris» diýýär.

* * *

Jahyz: «Talha ibn Huweýlit Esedi[3] we Sijah bint Ykfan ýaly özlerini pygamber diýip yglan edip, birnäçe adamy öz tarapyna

---

[1] Kagp ibn Lugy ibn Galyp ibn Kahr ibn Mälik ibn Nasr ibn Kennana. Ol örän güýçli wagyzçy bolupdyr. Ilkinji bolup juma güni mejlis geçirmegi ýola goýan Kagp ibn Mälikdir. Kuraýşylar üýşüp oňa wagyz etdirerdiler. Çeşmeleriň habar bermegine görä, ol 50-nji hijri ýylynda 77 ýaşynda dünýeden ötýär.

[2] Saýyp ibn Ýezit ibn Sagyt ibn Senana Kindi Azadydyr. Ol we onuň kakasy Muhammet alaýhyssalamyň egindeşlerindendir. 91-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolýar. Muhammet alaýhyssalamyň Medinede ýaşaýan egindeşleriniň iň soňkusydyr. Ol Muhammet alaýhyssalamdan 22 hadys gürrüň berýär.

[3] Nusgada Talha diýlip ýazylandyr. Aslynda ol Talyha ibn Huweýlit ibn Nowfyl Esedidir. 9-nji hijri ýylynda beni esediň adamlary bilen Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna barýar we ony görenden soňra yslam dinini kabul edýär. Emma az wagt geçip-geçmän yslam dininden dönüp, özüni pygamber diýip yglan edýär we öz dinine çagyryp başlaýar. Muhammet alaýhyssalam onuň ýanyna

çekip, soňra özleriniň ýalňyşyna düşünen başga adam hakynda men entäk eşidemok» diýýär.

* * *

Sijah bint Harys ibn Suweýt ibn Ykfan Temim adamlardan saýlanmak üçin özüni pygamber diýip yglan edýär. Onuň daşyna adamlar ýygnanýar. Hatda ol goşun jemläp Abu Bekriň garşysyna gazawata çykmakçy bolýar. Başga bir özüni pygamber saýýan Museýleme Kezzap Sijahdan öler ýaly gorkýar. Ol Sijaha sawçy goýberýär we oňa öýlenýär. Sijah onuň bilen az wagt ýaşandan soňra doganlarynyň ýanyna Jezirä dolanýar. Sijah doganlarynyň ýanyndaka ol Museýleme Kezzabyň öldürilendigini eşidýär. Soňra ol toba edýär we yslam dinini kabul edip, Basra göçýär we şol ýerde 54-nji hijri ýylynda aradan çykýar.

* * *

Allatagala Muhammet alaýhyssalamy misli nur saçýan aý ýaly ýaratdy.

---

Derrar ibn Azwary goýberýär. Derrar onuň ýanyna baryp, gylyjyny çykaryp kellesini kesmekçi bolanda, gylyç Derraryň elinden gaçýar. Muny gören adamlar Talyhanyň pygamberdigine has-da ynanýarlar. Onuň egindeşleri köpelýär. Ol özüniň ýanyna Jebraýylyň wahy bilen gelýändigini aýdýar. Öz tarapdarlaryny edermenlige çagyrýar we namazda sejde etmezligi ündeýär. Onuň tugunyň reňki gyzyldy. Ol Medinäni eýelemegiň kül-külüne düşýär. Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) Halyt ibn Welidi goşuna baş edip, onuň üstüne goýberýär. Halyt ony we onuň goşunyny çym-pytrak edýär. Talyha Nejde gaçýar. Halyt onuň yzyndan galman galanja goşunyny-da derbi-dagyn edýär. Ol Halytdan gaçyp, Şama gidýär we yslama gaýdyp gelýär. Omar ibn Hattaba hat ýazyp, özüniň günäsini geçmegini soraýar. Ol günäsini ýuwmak üçin birnäçe gazawatlara gatnaşýar we 21-nji hijri ýylynda şehit bolýar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Gurhany Kerimde sizden öňküleriň habary, geljegiňiz hakyndaky habar we siziň nähili ýaşamalydygyňyzyň kada-kanuny bardyr» diýýär.

* * *

Bir adam Ibn Apbasdan: «Gurhanyň daşyny altyn ýa-da kümüş bilen bezeseň bolýarmy?» diýip soranda, ol: «Gurhanyň içindäki sözler altyn-kümüşden gymmatly bezegdir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagalanyň kitaby bolmadyk öý iň garyp öýdür» diýýär.

* * *

Şagby: «Gurhana düşündiriş berip bilýän adam, Allatagalanyň adyndan gürleýändir» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Abu Muhammet Ýezidi her gün daň bilen halypa Mamunyň ýanyna gelip, onuň bilen ertir namazyny okar eken. Soňra ol Mamuna Gurhandan otuz aýat ýat tutdurar eken.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) Gurhandan «Bakara» süresini ýatlanda, janly öldürip, garyp-gasara paýlar eken.

* * *

Hasan Basry: «Özüni we ylmyny Allatagalanyň kitabyny öwrenmäge bagyşlan adama Alla rehim edýär. Allatagala onuň ylmyna ylym goşýar. Ol adamyň işi rowaç alýar» diýýär.

* * *

Fazyl: «Eger Gurhany ýatlan adam günä işiň golaýyndan barsa, Gurhandan ýatlan sözleri onuň bedeninden çykyp: «Şeýle etmek üçin sen meni ýatladyňmy?» diýip sorar» diýýär.

* * *

Enes: Muhammet alaýhyssalam maňa: «Eý, Enes! Gurhan okalanda gije bolsun, daňdan bolsun, ünsüňi sowup irkilme. Gurhan ölen duýgusyz ýüreklere jan berip, adamy görner-görünmez bela-beterden goraýandyr» diýdi diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allatagalanyň kitaby nurdur, şypadyr, halasgärdir, okalanda özüne çekijidir. Ony okan adam sogap gazanar. Amal eden adam jennete girer» diýýär.

* * *

Ýene-de Hezreti Aly: «Gurhanyň nury hiç haçan öçmez, ajaýyplygy, geňligi ahyrýete çenli dowam eder. Ähli zulumdyr sütemi onuň bilen ýeňip bolar» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri remezan aýy gelende ähli ybadatlaryny taşlap diňe Gurhan okar eken.

* * *

Mälik ibn Enes remezan aýy gelende gürrüňden, ylymly adamlaryň mejlisinden gaçyp, metjitde Gurhan okardy.

* * *

Abu Hanypa we Şapygy remezan aýynda Gurhany altmyş gezek hatm ederdiler.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Gurhany okap, wepat bolandan soň dowzaha düşen adam, Gurhanyň sözlerini degişme diýip kabul edendir» diýýär.

* * *

Allatagala Musa alaýhyssalama: «Muhammediň kitaby ýaly lezzetli kitap ýokdur. Bu kitap süýt içeniňde ýagyň çykyşy ýaly, ony okanyňda lezzet alýarsyň» diýýär.

* * *

Bir adam Selim Hawwasa:

— Men Gurhan okaýan welin, hiç hili lezzet alamok — diýýär.

Onda Selim:

— Sen Gurhany okanyňda edil Muhammet alaýhyssalam saňa Gurhan okap berýän ýaly duý — diýýär.

Ol adam azrak lezzet alandygyny aýdýar.

Selim:

— Onda sen Gurhany Jebraýyl perişdeden eşidýän ýaly bolup oka. Sebäbi, Gurhany Alladan Muhammede ýetiren Jebraýyldyr — diýýär.

Ol adam Gurhany okap öňküden köpräk lezzet alandygyny aýdýar. Onda Selim:

— Sen Gurhany okanyňda Allatagalanyň hut özi saňa bu sözleri aýdýan ýaly göz öňüne getir — diýýär.

Ol adam bu gezekden soň Gurhandan doly lezzet alandygyny aýdýar.

* * *

Abu Süleýman Darany: «Bir güni öýümiň öňünde Gurhan okap otyrkam, meniň ýanyma Salyh ibn Abdyjelil geldi. Ol meniň gapymyň agzynda Gurhan okap oturanymy görüp: «Turda, Gurhany öýüň içinde oka. Çünki, Gurhan okanyňda nur ýagýar. Goý, şol nur öýüň içine ýagsyn» diýdi» diýýär.

* * *

Şagby: «Gurhany adamyň dili okaýar, gulagy ony eşidýär, ýüregi bolsa oňa düşünýär» diýýär.

* * *

Allanyň bendesi üçin iň ýagşy zat dik durup Gurhany okamakdyr. Bir adam öňünde Gurhany goýup, dileg edip oturan gedaýdan:

— Öňüňde Gurhany goýup, dileg etmäge utanaňokmy? — diýip soranda, ol:

— Meniň ýerime sen bolan bolsaň, Gurhany öňüňde goýup, sag tarapyňda Jebraýyly, çep tarapyňda bolsa, Mikaýyly oturdyp dileg ederdiň — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala ýeri ýaratmazyndan ozal «Taha» we «Ýasyn» sürelerini okaýar. Gurhanyň bu sürelerini eşiden perişdeler: «Şu kitap injek ymmata aperin. Şu süreleri ýatlajak adamlara aperin. Şu sözleri aýtjak dillere aperin» diýýärler» diýip gürrüň berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Demiriň ereýşi ýaly, ýüregi hem eredip bolýandyr» diýýär. Adamlar ondan: «Eý, Resulalla! Ýüregi nähili eredip bolýar? — diýip soranlarynda, ol:

— Gurhany okamak we ölümiňi ýatlamak bilen — diýip jogap berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Gurhany okasaň ol seni köp bela-beterden gorar. Eger goramasa onda sen Gurhany okan dälsiň» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri: «Adam Gurhan okanda, perişde gelip onuň iki gözüniň arasyndan ogşaýar» diýýär.

* * *

Amr ibn Meýmun: «Kim-de kim ertir namazynda ýüz aýat okasa, Allatagala oňa dünýäň ýüzündäki ähli adamlarynyň bir günde gazanjak sogabyny berer» diýýär.

* * *

Meýsere: «Iň erbet zatlaryň biri, zalym, şerraý adamyň ýanynda Gurhan götermegidir» diýýär.

* * *

Gurhany ýanynda göterýän adam arassa bolmalydyr. Ol gykylyk-galmagaldan, jedelden daşda durmalydyr. Ýumşak we geçirimli häsiýetli bolmalydyr.

* * *

Ibn Mesgut: «Gurhanda aýdylýan kyssalary adamlar sapak edinmelidir. Onda aýdylýan halal, parz işleri ýerine ýetirip, haram, şer işlerden daşda durmalydyr. Käbir adam Gurhany başdan-aýak okaýar, emma ondaky zatlary amal etmeýär» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Musulman adam namazda dik durka Gurhan okasa, oňa ýüz esse sogap ýazylýar. Eger ol namazda oturan ýagdaýda Gurhan okasa, onda oňa elli esse sogap ýazylýar. Eger ol namazdan başga wagt täret kylyp, Gurhan okasa oňa ýigrimi bäş esse sogap ýazylýar. Eger ol täretsiz ýatdan Gurhan okasa, oňa on esse sogap ýazylýar» diýýär.

* * *

Ibn Apbas: «Gurhany gyssanman ýuwaşjadan labyzly edip okamak sogapdyr. Resulalla Gurhan okanda onuň her bir aýdýan harpyny aýdyň eşitmek bolýardy» diýýär.

* * *

Gurhan okanyňyzda aglaň. Eger aglap bilmeseňiz aglansyraň.

* * *

Salyh Merri: «Men bir gün düýşümde Resulalla Gurhan okap berdim. Ol maňa: «Eý, Salyh! Gurhany okadyň welin hany gözýaşyň?» diýdi» diýip, gürrüň berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Gurhany Kerim ýere gam-gussa bilen inendir. Şonuň üçin hem Gurhany gam-gussa bilen okaň» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim ertir namazyna tursa, namazda Gurhany daşyndan sesli okasyn. Şeýle edende onuň sesini eşiden bu öýüň ýaşaýjylary we perişdeler onuň bilen bile namaza durarlar» diýýär.

* * *

Osman ibn Awwan (goý, Alla ondan razy bolsun!) okap-okap iki sany Gurhany ýyrtýar (ýyrtylýar).

* * *

Sahabalar Gurhan okaman geçiren günlerine gynanar — ýigrener ekenler.

* * *

Bir gün Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan:

— Men bu gün bir adamyň şeýle şirin owaz bilen Gurhan okanyny eşitdim — diýýär.

Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Ol Abu Huzeýfäniň[1] hyzmatkäri Selimdir[1]. Şeýle adamlary meniň ymmatymdan edip ýaradanlygy üçin Allatagala bihasap şükür — diýýär.

---

[1] Meýsere ibn Mesruk Absy Muhammet alaýhyssalamyň egindeşidir. Ol birnäçe gazawatlara gatnaşýar. 20-nji hijri ýylynda 4 müň adamly goşuna baş bolup, ilkinji gezek Ruma ýöriş edýär we ýeňiş gazanýar. Ol 20-nji hijri ýylyndan soň wepat bolýar.

* * *

Ekreme ibn Abu Jehl kakasyna lagnat aýdýar eken. Onuň kakasy Gurhany bilgeşleýin ýalňyş okardy. Ekreme kakasyna: «Eý, atam! Bu Allanyň sözleri ahyryn» diýerdi.

* * *

Öňki dindar adamlar Gurhany okanda ýüregine sanjy, bedenine titreme aralaşmasa, okan süresini täzeden okar ekenler.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ylymsyz edilen ybadatdan, amalsyz okalan Gurhandan haýyr ýokdur» diýýär.

* * *

Mälik ibn Dinar: «Eý, möminler! Gurhan okanyňyzda, ol sizde hiç hili täsir galdyrsa, Gurhanda aýdylýan zatlary ýüregiňize ornaşdyryň. Şonda mes topraga ekilen dänäniň hasyl berşi ýaly, ol hem size hasyl berer» diýýär.

* * *

Japar Sadyk: «Allatagalanyň sözleri adamlara indermegi iň beýik işdir we adamlaryň onuň ýaradan mahluklarynyň iň ezizidiginiň delilidir. Emma köp adam muňa göz ýetirip bilenok» diýýär.

---

[1] Selim ibn Mugkal Abu Huzeýfäniň ibn Ataba ibn Rabyga ibn Abdylşemsiň guludyr. Abu Huzeýfa ony azat edip, özüne ogul edinýär we agasy Welit ibn Atabanyň gyzyna öýerýär. Muhammet alaýhyssalamdan öň Medinä hijret edýär. Onuň şirin owazy bardy. Resulalla: “Gurhan okamagy dört adamdan: Ibn Mesgutdan, Abu Huzeýfäniň guly Selimden, Abu ibn Kagbdan we Muhaz ibn Jebelden öwreniň” diýýär. Köp gazawatlara gatnaşyp yslam tuguny göterýär.

* * *

Sabyt Bennany: «Ýigrimi ýyllap Gurhany ýanymda göterdim we ýigrimi ýyllap bereket tapdym» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Imanyň tugy namazdyr. Namazyny geçirip gynanan musulman mömindir» diýýär.

* * *

Alymlar: «Bende namazda sejde eden wagty Allatagala ýakyn bolýandyr, ýagny ol Allatagalanyň edil öňünde sejde edýändir» diýdiler.

* * *

Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Biz (aýallar) Muhammet alaýhyssalam bilen gürleşýärdik, degişýärdik. Ol hem biziň bilen şeýledi. Haçan-da namazyň wagty gelende ol bizi, biz hem ony tanamaýan ýaly bolardyk» diýýär.

* * *

Abu Süleýman Darani: «Men ýigrimi ýylyň içinde hiç şeýtany bolup görmändim. Mekgä gelenimde bir mejlisde bu barada gürrüň berdim welin, şol gije ýatanymda şeýtany boldum we ertir namazyny kaza goýmaly boldum» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) haýsydyr bir günä iş hakynda oýlansa-da, yzyndan iki rekat namaz okar eken.

* * *

Hezreti Alynyň ogly Hasan namaz okamak üçin täret kylandan soňra, durky bilen üýtgäp, düýbünden başga adam bolardy. Ondan munuň sebäbini soranlarynda: «Allatagalanyň gaşyna barmak üçin başga adam bolmalydyr» diýip jogap berýär.

* * *

Temim taýpasyndan bolan bir ýaşuly: «Bir gezek Sufýan ibn Söwri biziň bilen namaz okanynda ymam boldy. Ol «Fatyha» süresini okap ortasyna ýetende aglady. Ýene-de yzyny dowam etdirdi we ýene-de aglady. Namaz gutarýança şeýle ýagdaý birnäçe gezek gaýtalandy. Namazdan soňra ol: «Meniň ýaly adamlar ymam goýulmasa gowy» diýdi we şondan soňra ömrüniň ahyryna çenli ymam bolmady» diýýär.

* * *

Bereket Azady: «Bir gezek Makhum meniň öýümde täret kyldy. Men oňa el-ýüzüni süpürmek üçin ýaglyk berenimde, ol donunyň bir ýany bilen el-ýüzüni süpürdi-de: «Täretiň suwy bereketdir. Goý, ol bereket meniň eşigime siňsin» diýdi» diýip, gürrüň berýär.

* * *

Hasan Basry: «Namaza täret kylanyňda ýüzüň suwuny we namazda durkaň gözýaşyňy süpürme. Täret suwy we gözüň ýaşy Allatagalanyň öňünde ýüzüň nurudyr» diýýär.

* * *

Bir çarwa namazyny çalarak, tiz-tiz okap yzyndan: «Eý Allam! Meni hüýrleriň birine öýer» diýip, dileg edýär. Ony başdan-aýak synlap oturan Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan

razy bolsun!): «Gudaçylyga bardyň welin entäk galyň tölemediň» diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Ýusup apbaslylar halypasy Mütewekkiliň ýanyna barýar. Olar dürli ylymlar we şerigat hakynda pikir alyşýarlar. Mütewekkil Abu Ýusupdan:

— Eger bir adam namaz okaýan wagty ýanynda goýan egin-eşigine ýa-da, münüp gelen ulagyna seredip namazdan ünsüni sowsa, näme etmeli? — diýip soraýar.

Abu Ýusup:

— Täzeden okaýmaly? — diýýär.

Onda Mütewekkil:

— Ýene-de şeýdip ünsüni bölse, näme etmeli? — diýip soraýar.

Abu Ýusup:

— Ýene-de täzeden okamaly — diýip jogap berýär.

Mütewekkil:

— Eger ol ýene-de ünsüňi namazdan bölse näme? — diýende, Abu Ýusup:

— Onda ol adam namaz okanokda, aw edýändir — diýýär.

* * *

Enes: «Muhammet alaýhyssalam ýaly namaz okaýan, sejdä gidende Resulalla ýaly on gezek tesbi aýdýan ýekeje adam bardy. Ol hem Omar ibn Abdylezizdir. Ol sejdede ýigrimi gezek tesbi aýdardy» diýýär.

* * *

Huzeýfa ibn Ýeman: «Muhammet pygamber: nämedir bir zat ünjä goýsa, namaza durardy» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Şeýtan bäş wagt namazyny okaýan adamyň ýanyna golaýlaşmaga gorkýandyr. Ol adam namazyny taşlasa, şeýtan onuň üstüne topulyp, süňňüne ornaşýar» diýýär.

* * *

Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eý halaýyk! Ýanyp duran ody öçürmäge çalyşyň, ýagny namaz okap, haýyr işler edip dowzahdan daşlaşyň» diýýär.

* * *

Wahyp ibn Ward: «Hemme zatlara seredip, öwrenip Gurhan ýaly özüne çekiji, okamasy lezzetli, ýüreklere gaýgy-gam aralaşdyrýan zat görmedik» diýýär.

* * *

Müslim ibn Ýasar öýünde namaz okajak bolsa, ol öýündäkilere: «Gürleşiň, men siziň gürrüňiňizi eşidemok» diýer eken. Onuň maşgalasy Müslim namaza durdugy gürleşip başlardylar. Müslim namaz okanda ýanynda ot ýakar eken. Ol şeýdip dowzahy ýatlap, namazda ünsüni bölmezdi.

* * *

Mugawyýa ibn Kurra[1] Müslim ibn Ýasardan:

— Men sen namaz okaýarkaň, ünsüňi böleňok diýip eşitdim. Sen nähili edip ünsüňi bölmän namaz okap bilýärsiň? — diýip soraýar.

Onda Müslim:

---

[1] Mugawyýa ibn Iýas ibn Hilal ibn Rebbap Mezeni Abu Iýas ibn Mugawyýa Kazy. Ol Basranyň alym, takwa, hudaýhon, hadysçy adamlarynyň biridir. Ol 76 ýaşynyň içinde 113-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

— Ýürekde ünsüňi bölmeseň, göz ünsüni bölmez — diýip jogap berýär.

* * *

Abdylla ibn Galyp ertir namazyny ýüz rekat okar eken.

* * *

Kagp: «Kim-de kim iki rekat namaz okasa, oňa berilýän sogaby iň uly dagdan uludyr we ol sogaby hiç bir kagyzyň ýüzüne ýazyp sygdyryp bolmaz» diýýär.

* * *

Ibn Zubeýr namaz okanda onuň kellesine kepderiler gonup oturardy. Ybraýym Şerik[1] namaz okanda guşlar onuň üstünde haýatda oturan ýaly oturardylar.

* * *

Namazyň bir rekatynda Gurhany hatm eden dört adam bardyr. Olar: Osman ibn Awwan, Temim Dary, Sagyt ibn Jübeýr we Abu Hanypadyr (goý, Alla olardan razy bolsun!)

* * *

Sufýan ibn Söwri: «Kimdir biriniň ybadat etmäge höwesiniň bardygyny görseň, ony öz gününe goý» diýýär.

* * *

Mujahyt: «Kimdir biri namaz okap, sejde eden mahaly nämedir bir zatdan tutsa, tutan zady ol adama lagnat aýdar» diýýär.

---

[1] Ybraýym ibn Ýezit ibn Şerik Teými. Ol ygtybarly hadysy gürrüň beren, takwa, zahyt, sabyrly adamlaryň biridir. Ony 92-nji ýa-da 94-nji hijri ýylynda 40 ýaşynyň içinde Hajjajyň emri bilen öldürýärler.

* * *

Halaf ibn Eýýup namaz okap otyrka ýüzüne siňek gonsa kowanokdy. Adamlar ondan:

— Nädip siňegi kowman sabyr edip bilýäň? — diýip soranlarynda, ol:

— Meniň bilşime görä pasyk adamlary gamçy bilen uranlarynda sesini çykarmasa, sabyrly diýer ekenler. Men bolsa Rebbimiň gaşynda durkam haýsydyr bir siňegiň gonanyna sabyr etmäýinmi? — diýýär.

* * *

Abu Sufýan ibn Awwafa[1]: «Ak lybas geýip namaz okap duran adam ýaly görk-görmekli zat ýokdur. Ol bu ýagdaýda ap-ak perişdä meňzeýändir» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Muhammet alaýhyssalamyň ymmatynda onuň gyzy Patma ýaly köp ybadat eden adam ýokdur. Ol ertirden agşama çenli aýagyndan ysgyn-mydar gidýänçä namaz okardy» diýýär.

* * *

Bir çarwa täret kylanda ilki ýüzüni, soňra el-aýagyny, iň soňunda-da owratyny ýuwar eken. Adamlar ondan: «Näme üçin beýle edýäň?» diýip soranlarynda, ol: «Ýüzümden öň erbet ýerimi ýuwasym gelenok» diýip jogap berýär.

[1] Taryhda birnäçe Abu Safwan duşýar. Bu sözleri olaryň haýsysynyň aýdany belli däl.

* * *

Bir çarwa namaz okamasyny goýýar. Bu habary eşiden Hezreti Aly onuň ýanyna gamçyly barýar we namaz okamagy buýrýar. Çarwa Hezreti Alynyň göz öňünde namaz okaýar. Hezreti Aly ondan:

— Öňki okaýan namazyň haýyrlymydy ýa-da, şu wagtky okan namazyň? — diýip soraýar.

Onda çarwa:

— Öňki okanym — diýýär.

Hezreti Aly ondan:

— Näme üçin? — diýip soranda, ol:

— Öň Allatagalanyň razylygyny gazanmak üçin okaýardym. Häzir bolsa seniň gamçyňdan gorkunjyma, seniň razylygyňy gazanmak üçin okadym — diýip jogap berýär.

Hezreti Aly onuň beren jogabyna gülüp goýberýär.

* * *

Ibn Mesgut: «Şeýtan imany gowşak, ünssüz adamlaryň boýnuna ýüp atýar. Haçan-da olar namaza duranda, şeýtan olaryň boýnundaky ýüpi saga-çepe, aşak-ýokaryk çekip, namazdan ünsüni sowmaga çalyşýar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Musulmanlar bäş wagt namazyny bedeni arassa bolup, wagtly-wagtynda ýerine ýetirse, kyýamat güni olar nur saçyp durarlar we okan namazlary olara kepil geçer. Namazlaryny terk eden adamlar bolsa gabryndan Pyrgaun we Haman bilen bile çykarlar» diýýär.

* * *

Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) namaz wagty gelende: «Eý halaýyk! Ýanyp duran ody öçürmäge aýaga galyň» diýip gygyrardy.

* * *

Ibn Mesgut: «Namaz ölçegdir. Namazyň sogaby näçe köp bolsa, kyýamat güni mizan terezisiniň haýyr-sogap tarapy şonça agyr geler» diýýär.

* * *

Sagyt ibn Museýýip: «Namazda sejde etmek ýaly adama haýyrly zat ýokdur. Sejde musulmany Allatagala ýakyn edýär» diýýär.

* * *

Ibn Apbas: «Boş, ünssüz ybadat edeniňden ýürekden iki rekat namaz okanyň haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Bir sopudan:

— Namazda eliňi gowşuryp dursaň gowumy ýa-da eliňi goýberip dursaň — diýip soranlarynda, ol:

— Namazyňdan ünsüňi bölmän, ýürekden okamak ýaňky aýdanlaryňyzdan has neplidir — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Namazyňyzy okaň, ony terk etmäň, başardygyňyzdan köpeldiň. Kyýamat güni sizi dowzahyň odundan halas etjek zat namazdyr» diýýär.

* * *

Günleriň birinde Muhammet alaýhyssalam egindeşlerinden:

— Eger bir adam günde bäş gezek suwa düşünse (ýuwunsa), onda kir galarmy? — diýip soraýar.

Olar:

— Ýok — diýip jogap berýärler. Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Namaz hem şeýledir. Bäş wagt namaz okan adamda günä galýan däldir — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Zürýadyňyzyň maly-mülkine guwanman, onuň edep-ekramly, dindar bolup ýetişenligine guwanyň» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Namaza azan aýdylanda şeýtan şol şäherden otuz mil[1] daşlyga gaçar» diýýär.

* * *

Osman ibn Awwan (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Namaza azan aýdylanda musulmanlara: «Namaza hoş geldiňiz» diýerdi.

* * *

Bir gün azançy gün çykansoň: «Namaz ukudan haýyrlydyr» diýip, azan aýdyp namaza çagyrýar. Onuň azanyny eşiden bir aýal: «Beýle namazdan uky haýyrlydyr» diýýär.

[1] Mil uzaklyk ölçegi. 1mil 1/3 parsaha ýa-da 1920 metre deňdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Agzyňy miswak[1] bilen arassalap okalan bir namaz, agzyňy arassalaman okalan ýetmiş namazdan haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam ukudan tursa, ilki bilen agzyny miswak bilen arassalardy.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Oraza aýynda iň haýyrly iş, agzyňy miswak bilen arassalamakdyr» diýýär.

* * *

Ýene-de Muhammet alaýhyssalam: «Miswak agzyň arassalygy we Allanyň razylygydyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Agzyň arassalygy Allatagalanyň razylygyny gazanmagyň iň ýakyn ýoludyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Azançy azan aýdyp bolýança, Allatagalanyň goragyndadyr» diýýär.

* * *

«Şirin owaz bilen Alla ýoluna çagyrýanlar» diýip, aýdylan söz azançylar babatyndadyr.

---

[1] Miswak — diş arassalaýan taýajyk.

* * *

Hadary: «Kyýamat güni azançynyň sesini eşiden her bir adam ýa-da her bir zat onuň jennete girmegini dileg eder» diýýär.

* * *

Enes: «Kim-de kim sap ýürekden azan aýdyp, onuň üçin sogapdan tamakin bolmasa, kyýamat güni ol adam jennetiň gapysynda gabryndan çykar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allanyň ýagşy bendeleriniň biri wepat bolanda, ýerde onuň bu dünýäde okan namazlary we eden haýyr işleri, asmanda bolsa onuň sogaplary ýas tutup aglar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Zekat orazanyň esasy sütünidir» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Oraza tutýan günüň dowamynda iki wagtda şatlanýandyr. Agyz beklände we agyz açanda» diýýär.

* * *

Bir aýal: «Bir gün oraza tutan adam bir ýylyň dowamynda bereket tapar» diýip eşidýär. Ol irdenden tä öýläne çenli agyz bekleýär we: «Maňa alty aý bereket tapsam ýeterlik» diýip agzyny açýar.

* * *

Bir şäherli adamdan:

— Remezan aýyny halaýarsyňmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Ýok, sebäbi men bu aý üçin on bir aý garaşýan. Bu aý bolsa derrew geçip gidýär. Ýene-de garaşmaly bolýandygym üçin men bu aýy halamok — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Sogap gazanmak isleýän ýagşyzadalar remezan aýyny gowy görýändir» diýýär.

* * *

Zuhry: Muhammet alaýhyssalam remezan aýynda metjide gidip namaz, Gurhan okardy. Täret kylmak ýa-da başga işi bolmasa metjitden çykmazdy» diýýär.

* * *

Ata Horasany: «Namaz, Gurhan okaýan takwa adam misli özüni Allatagalanyň öňüne oklap: «Meniň günämi geçýänçäň ýerimden galman» diýýän adam ýalydyr.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan söz açyp, ol: «Şeýle wagt geler, adamlar Alla ýolunda çykarmaly zekatyny hem kyn görüp, gysganyp başlarlar» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Bureýde ibn Hasyp Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Zekat çykarmadyk kowumy Allatagala ygaldan mahrum eder» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Hanapyýa: «Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Garyplary aç bolsa doýurmak, ýalaňaç bolsa geýindirmek üçin Allatagala baýlara zekat çykarmagy parz etdi. Garyplar bu dünýäde ezýet çekse, Allatagala zekat çykarmadyk baýlary o dünýäde dowzahyň oduna duçar eder» diýdi» diýip, gürrüň berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalamdan:

— Eý, Resulalla! Nähili sadaka, zekat ýagşydyr? — diýip soranlarynda, ol:

— Garyba berlen we soňundan minnet edilmedik sadaka-zekat iň sogaply haýyr işdir — diýip jogap berýär.

* * *

Sadaka jennetiň galňydyr.

* * *

Şibliden [1]:

— Iki ýüz dirhemden näçe zekat çykarmaly — diýip soranlarynda, ol:

— Şerigat boýunça bäş dirhem. Alla yhlas edýän mömin bolsa hemmesini zekat çykarmaly — diýip jogap berýär.

---

[1] Abubekr Şibli Aşrusuni. Mawerannahrdaky Şibl obasyndan. Ol 248-nji hijri ýylynda eneden dogulýar. Muwaffygyň döwründe hajyplaryň ýolbaşçysy bolýar. Soňra Reýiň golaýyndaky Derbent şäherine häkim bellenýär. Muwaffyk kakasynyň ýerine geçende, Şibli onuň ýanyna gelip, döwlet işini taşlap ybadat etjekdigini aýdýar. Soň ol Bagdada gidýär we 334-nji hijri ýylynda şol ýerde wepat bolýar.

* * *

Osman ibn Affan (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allatagala bilen sadaka çykaryp sogap söwdasyny eden musulman diňe girdeji gazanar we söwdasy oňar» diýýär.

* * *

Eýýup Suhtyýany ýylda iki gezek zekat çykarardy. Ol bir zekatyny garyp-gasara paýlasa, ikinji zekady metjidiň ymamyna bererdi.

* * *

Bir eli şel bolan aýal Äşäň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýanyna gelýär. Äşe ondan nähili ýagdaýda şel bolandygynyň sebäbini soraýar. Ol:

— Meniň kakam sadaka berip, zekat çykarmagy gowy görýärdi. Ejem bolsa sadaka bermäni ýigrenýärdi. Ol ömründe iki gezek köne ýyrtyk mata bölegini we porsan ýag bölejigini sadaka berdi. Olar dünýäden ötenden soňra, men düýşümde ejemi gördüm. Ol sadaka beren köne mata bölejigi bilen owratyny ýapyp, suwsuzlykdan ýaňa porsan ýag bölejigini sorup durandygyny gördüm. Soňra kakamyň ýanyna gitdim. Ol şirin suwly howzuň başynda oturyp, musulmanlary suwsuzlykdan gandyrýardy. Men kakamdan bir käse suw alyp, ony ejeme getirip berdim we suwsuzlygyny gandyrdym. Ýokardan: «Kim-de kim, bu aýaly suwsuzlygyndan gandyran bolsa, goý, onuň eli şel bolsun» diýen ses eşidildi. Ukymdan oýananymda men seniň şu wagtky görýän halyňdadym — diýýär.

* * *

Bir aýal şähere bazara çykanda bir gedaý ondan zat dileýär. Ol aýal bazardan satyn alan etinden bir bölek berýär. Soňra

öýüne gelip, ýaş çagasyny alyp adamsyna kömek bermek üçin ekin ýerine gidýär. Ol çagasyny mellegiň çüňkünde goýup, adamsyna kömek bermäge başlaýar. Şol wagt bir ýerden möjek çykyp, çaga agyz urýar. Ol aýal aglap:

— Eý, Allam! Meniň çagamy möjegiň agzyndan halas et — diýip, dileg edýär.

Möjek agzyndaky çaga hiç hili ezýet bermän ýerde goýýar we adam dilinde:

— Garyba sadaka beren lukmaň üçin men hem agzymdaky lukmany goýmaly bolýaryn — diýýär we gelşi ýaly zym-zyýat bolýar.

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalam goýun soýýar. Ol Äşä goýny garyp-gasara paýlamagy emr edýär. Äşe:

— Men goýnuň boýnundan galanyny paýladym. Goýundan diňe boýny galdy
— diýýär.

Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Eý Äşe, sogaby doly gazanmak isleseň, onda goýnuň etiniň hemmesini paýla — diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Kimseler malyndan giden, zat üçin aglar,
Şol giden zatlar, soňunda bolar halasgär.

* * *

Nahgy: «Zulum edilen adam sadaka berse, bu sadaka ony bar bela-beterden, howp-hatardan gorap saklar» diýýär.

* * *

Bir adam gedaýa sadaka berýär we kabul bolmagy üçin dileg etmegini sorap, özi dilegçä öwrülýär. Käbir adam bolsa, gedaýa sadaka uzadyp, elini ýokarda tutup, özüniň baý, onuň bolsa gedaýlygyny görkezmek isleýän ýaly gedemlik edýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Sadaka bela geljek ýetmiş gapyny bent eder» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Dileg bilen gelen gedaýy boş goýbermedik öýden ýedi günläp perişdeler gitmez we bu öýüň aman bolmagyny dileg edip oturarlar» diýýär.

* * *

Pygamberimiz dileg bilen gelen gedaýy ýanynda oturdyp, öz eli bilen iýdirip-içirerdi.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Musulmanlardan kim-de kim ýalaňaja don geýdirse, ol beren dony ýyrtylýança Allatagalanyň penasynda bolar» diýýär.

* * *

Abdyleziz ibn Umeýr: «Namaz okan adam jennete çenli ýoluň ýarysyny geçendir. Oraza tutan adam jennetiň gapysyndadyr. Sadaka beren adam bolsa, jennetiň iň sapaly ýerindedir» diýýär.

* * *

Ibn Mesgut: «Bir adam ýetmiş ýaşyna çenli haýyr işler edip, diňe sogap gazanýar. Emma bir günä iş edip, ähli sogap işlerini biderege çykarýar. Bir gün ol adam ýoldan geçip barýarka, bir gedaý dileg bilen ýüz tutýar. Ol ýanyndaky ýekeje çöregini oňa sadaka berýär. Allatagala onuň bu eden haýyr işi üçin onuň ýetmiş ýyllap gazanan ähli sogap işlerini gaýtaryp berdi» diýýär.

* * *

Ýahýa ibn Mugaz Razy özi köne egin-eşik geýip garyp-gasara sadaka berýärdi. Ol: «Adamyň bezegi onuň lybasynda däl-de, edýän ýagşy işlerindedir» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Haýyr işler öz aralarynda dawalaşypdyrlar. Şonda sadaka: «Iň haýyr sogaply iş mendirin» diýýär. Ähli haýyr işler onuň diýeni bilen ylalaşýarlar» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Omar mydama sadaka berse, şeker paýlar eken. Ol: «Allatagala: «Özüňiziň halaýan zadyňyzy beýlekilere rowa göreniňizde sogap gazanarsyňyz» diýýär. Meniň şekeri gowy görýänime Allatagala şaýatdyr» diýýär.

* * *

Ubeýt ibn Umeýr: «Kyýamat güni adamlar gabryndan çykanda, görlüp-eşidilmedik derejede aç-suwsuz we ýalaňaç çykarlar. Kim-de kim bu dünýäde ajy doýran bolsa, Alla ony-da doýrar. Kim-de kim suwsana suw beren bolsa, Alla onuň

suwsuzlygyny gandyrar. Kim-de kim ýalaňaja don geýdiren bolsa, Allatagala oňa-da don geýdirer» diýýär.

* * *

Fazyl: «Gadym wagtda bir är-aýal bolupdyr. Olar ýüňden ony muny örüp, bazara çykaryp satyp, şonuň bilen günlerini görer ekenler. Günleriň birinde ol aýalyň adamsy ören zatlaryny bazara çykaryp bir dirheme satyp yzyna gaýdyp gelýärkä, iki sany dawalaşyp duran adama gözi düşýär. Ol olaryň ýanyna baryp dawalarynyň sebäbini soranda, olar:

— Bir dirhemiň üstünde — diýýärler.

Ol adam elindäki bir dirhemi olara berip, olaryň dawasyny çözýär we öýüne gelip bolan wakany aýalyna gürrüň berýär. Aýaly adamsynyň eden işini makul bilýär. Adamsy ertesi bazara gidip ören zatlaryny bir dirheme satýar we balyk satýandan balyk satyn alyp öýüne dolanýar. Aýaly balygy soýup bişirmekçi bolanda, balygyň içinden ullakan dür çykýar. Adamsy ony zergäre bir ýüz ýigrimi bäş müň dirheme satýar. Şol wagt onuň gapysyndan bir gedaý dileg bilen gelýär. Ol adam düri satyp gazanan pulunyň ýarysyny oňa berýär. Gedaý azrak ýöräp yzyna dolanýar we:

— Men Allatagalanyň resulydyryn. Allatagala seni synap gördi we seniň sahy, eli açyk adamdygyňa göz ýetirdi. Saňa ahyrýetde jennet garaşýandygyny meniň üstüm bilen saňa buşlady — diýip, ol adamyň beren puluny yzyna gaýdyp berýär we gözden gaýyp bolýar» diýýär.

* * *

Hasan ibn Salyh Haýýy gapysyndan gedaý gelse, altyn bolsun, kümüş bolsun, ýa-da iýer-içer ýaly zat bolsun berip, boş goýbermezdi. Halys zat tapmasa, derde ýarar ýaly näme bolsa berip goýbererdi.

* * *

Bir gije Hasan ibn Salyhyň gapysyndan bir gedaý dileg bilen gelýär. Ol öýüni dörüp gedaýa tüýdükden başga berere zat tapmaýar. Ol tüýdügi gedaýa berip: «Al, şunuň bilen adamlary örüz we olardan gerek zadyňy dile» diýýär.

* * *

Rabyg ibn Hasan her gün bir çörek sadaka bererdi we: «Meniň beren sadakam ýerine düşüp, günälerimiň ýapylmagy meniň üçin iň esasy zatdyr» diýýärdi.

* * *

Bir adam ogluna söwda öwretmek üçin haryt satyn alyp berip, daşary ýurda gidýän gämä mündürip goýberýär. Birnäçe aý geçýär. Emma oglundan hiç hili habar bolmaýar. Ol Alla ýoluna iki çörek sadaka aýdýar. Şondan soňra ýüregi aram tapýar. Bir ýyldan ol adamyň ogly söwdadan uly gazanç, köp mal-mülk bilen yzyna dolanyp gelýär. Kakasy ondan näme üçin köp wagtlap habar-hatyr bolmandygynyň sebäbini soranda, ol:

— Biziň gämimiz deňziň ortasynda gark boldy.Men gark boljak wagtym niredendir bir ýerden iki oglan çykdy. Olar meni halas edip, meniň harytlarymy kenara çykardylar. Olar maňa: «Biz seniň kakaň sadaka aýdan iki çöregidiris» diýdiler. Eý, atam! Eger sen köpräk çörek sadaka aýdan bolsaň, galan ýoldaşlarym hem halas bolardy — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Adam alaýhyssalam Käbä haj zyýaratyny edip bolandan soň, perişdeler oňa onuň hajynyň kabul bolmagyny dileg edýärler we: «Eý, Adam! Senden müň

ýyl öň biz hem bu mukaddes ýerlere zyýarat edip, haj parzyny ýerine ýetiripdik» diýdiler» diýýär.

* * *

Başga bir hadysda: «Allatagala her gün gije ýerdäki ýaşaýan adamlara seredýär. Ilki bilen onuň nazaryny Mekgäniň ýaşaýjylary we Haram metjidindäkiler duýarlar. Allatagala şol wagt Käbäniň daşyndan aýlanyp, togap edip ýörenlere, namaz okap duranlara, hatda ýüzi Käbä tarap bakyp duranlara magfyret edýär» diýilýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala her ýylda Käbä alty ýüz müň adam haja zyýarata geler diýip söz berdi. Alty ýüz müň adama ýetmedik halatynda Allatagala perişdeleri Käbä haj zyýaratyny etmäge ýollaýar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Käbir günäler diňe Arafat dagynda durmak bilen ýuwulýandyr» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Arafatda duranyň bilen günä ýuwulanok diýip, güman eden adamyň özi uly günä gazanýandyr» diýýär.

* * *

Geçenler: «Arafat güni anna güne düşse Arafat dagyndaky duran ähli adamlaryň günäsi geçilýär. Ol gün dünýäde ajaýyp günleriň biridir. Bu günde Resulalla haj etdi we hoşlaşyk hajynda Gurhanyň iň soňky aýatlary indi («Maida» süresi, 3-nji aýat). Musulmanlar bu güni baýramçylyk etmekçi bolýarlar.

Emma hajy gutaryp baýramçylyk etmegi makul bilýärler» diýýärler.

* * *

Bir aýaldan:

— Näme üçin Käbäniň içine gireňok? — diýip soranlarynda, ol aýal:

— Men aýaklarym bilen Käbäniň daş-töweregini basmaga dözemok. Käbä girmek hakynda-ha, gürrüň hem ýok — diýýär.

* * *

Abbat ibn Abbat: «Men haja gitmegi ýüregime düwdüm we bu pikirimi Ibn Awna aýtdym. Ol maňa: «Nirede bolsaň-da ýagşy häsiýetli we eli açyk, sahy adam bolgun» diýdi. Soňra düýş gördüm. Düýşümde Halat ibn Zeýdi gördüm. Ol maňa: «Saňa Ibn Awnyň aýdan iki häsiýetiniň bahasy ýokdur» diýdi», diýip gürrüň berýär.

* * *

Agşy Taý[1] we Beşşar ibn Burt[2] haja gidýärler. Yzyna dolanyp gelýärkäler Zerar diýen oba girýärler. Olaryň öňünde şerap goýýarlar welin, olar saklanyp bilmän bu şerapdan içýärler we hajyň sogabyndan mahrum bolýarlar. Muňa jany ýanan Agşy şeýle diýýär:

Men we Beşşar Mekgä gidipdik haja,
Uzak-uzak ýollar söküldi nije.

---

[1] Agşy Taýyň terjimehalyna duşulmady. Megerem nusgada ady ýalňyş ýazylan bolsa gerek.
[2] Şahyr Beşşar ibn Burtdyr.

Hajdyr iň sogaply söwdalaň biri,
Söwdasy oňanlaň bary jenneti.

Musulman haj bilen duşar sogaba,
Zerar obasynda düşdük girdaba.

Biz misli söwdada batan söwdagär,
Geçgin günämizi Eý, Perwerdigär.

* * *

Abu Süleýman Darany: «Haja diňe at gazanmak ýa-da birine görünmek üçin gidýän adam meniň üçin geňdir» diýýär.

* * *

Adam alaýhyssalam Käbäni gurup bolandan soňra, Allatagaladan: «Eý, Rebbim! Her bir edilen haýyr işiň ejri bardyr. Meniň bu eden işimiň ejri nämedir?» diýip soraýar. Allatagala: «Sen onuň daşyndan togap edeniňde günäňi geçerin» diýýär. Adam alaýhyssalam: «Ýene bir zat goş» diýýär. Allatagala: «Bu ýer seniň zürýatlaryň kyblasy bolar» diýýär. Adam alaýhyssalam: «Ýene-de bir zat goş» diýýär. Allatagala: «Seniň zürýatlaryňdan meniň ýekeligime ynanyp, şu ýerde toba edenleriniň ählisiniň günäsini geçerin» diýýär. Onda Adam alaýhyssalam: «Edeniňe razydyryn Rebbim!» diýýär.

* * *

Hasan Basrydan:

— Kabul bolan haj nähili bolýandyr? — diýip soranlarynda, ol:

— Adam haj edenden soňra günä işleri terk edip, ybadata berlip diňe jennete düşmegiň arzuwynda bolmagy, hajyň kabul bolandygynyň alamatydyr — diýýär.

* * *

Abu Şamakmak[1] şeýle diýýär:

Haram baýlygyňa haj etseň eger,
Sogabyňa derek günäň köpeler.

Alla kabul eýlär ýagşy zatlary,
Halal mallyň hasyldyr myratlary.

* * *

Yslamda Jemile Mosulyýa bin Nasyreddöwle Abu ibn Handan taryhy şahs hökmünde ýatlanylýar. Ol ömründe üç ýüz çegsen alty gezek Käbä zyýarat edýär. Ol haja gitmek üçin münmäge bäş ýüz ulag taýýarladýardy. Käbä on müň dinar sadaka berýärdi. Ol Käbäniň ähli ýerine müşk-anbar sepmegi emr edýärdi. Ol üç ýüz gul we iki ýüz gyrnagy azat edip, garyp-gasara uly pul kömegini ýardam berip ýurduna dolanýardy.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ähli adamlaryň kyblasy, Allatagalanyň öýi bolan Mekgetul Mükerremdäki Käbä zyýarat etmek her bir musulman üçin parzdyr. Bu ýerde dileg eden musulmanyň dilegi kabul bolar. Allatagala bu ýeri yslamyň tugy, ybadat edýän adamlar üçin bolsa iň mukaddes ýer edip ýaratdy» diýýär.

[1] Merdan ibn Muhammet Abu Muhammet Abu Şamakmak lakamy bilen tanalýan, asly Horasanly şahyrdyr. Ol Harun Reşidiň döwründe Bagdada gelýär.

* * *

Abu Mulgyp Esedi jahylyýet döwründe-de ýylda bir gezek haj we umra[1] eder eken.

* * *

Bir çarwa kazylykda şaýat bolýar. Şaýat bolunýan adam kaza:

— Men onuň şaýatlygyny kabul edip biljek däl. Onuň şunça puly, baýlygy bolup haja gidenok — diýýär.

Kazy şaýatdan:

— Onuň aýdýany dogrumy? — diýip soraýar.

Çarwa:

— Ýok! Men birnäçe gezek haja gitdim — diýýär.

Şaýat bolýan adam:

— Zemzem suwundan içip gördüňmi? — diýip soranda, ol:

— Alladan ant içýärin! Zemzem suwunyň guýusy men haja baryp gaýdanymdan soň gazyldy — diýýär.

* * *

Masruk Kufadan Mekgä haja gaýdanda saparda uklamak islese diňe sejde eden halda uklardy.

* * *

Bir gezek Hasan Basry Mutryp ibn Abdylla ibn Şuheýre:

— Egindeşleriň bilen mejlis gurap oturanyňda ýagşy işleri etmegi wagyz et — diýýär.

Onda Mutryp:

— Men özümiň etmeýän zadymy aýtmakdan gorkýaryn — diýýär.

---

[1] Umra — gurban aýyndan başga wagt edilen haj.

Hasan:

— Alla saňa rehim etsin. Biziň hemmämiz aýdan zadymyzy ýerine ýetirip duran däldiris. Şeýtan egindeşlerini, dost-ýaryny ýagşy işler etmäge çagyrmaýan adamlary öz kowumyndan diýip hasap edýär. Şonuň üçin ýagşy işleri etmegi we ýaman, günä işlerden daşda durmagy wagyz et — diýýär.

* * *

Amr ibn Juşuhyň[1] kowumynyň ýaş oglanlary Amrdan öň yslam dinini kabul edýärler. Olar bu kowumyň hudaýy diýip hasap edilýän butuň boýnundan ölen itiň maslygyny asyp, guýynyň düýbüne oklaýarlar. Soňra bolsa: «Eger sen hudaý bolýan bolsaň, beýdip itiň maslygyny boýnuňdan asyp, guýynyň düýbünde ýatmazdyň» diýýärler.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adamy ýaman işden saklap, ýagşy işlere gönükdirmek, oňa öwüt-nesihat etmek haýyr işleriň biridir. Soltanyň raýatlaryna adyl höküm etmegi iň bir sogaply haýyr işleriň biridir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ähli adamlar bolup agzybir boluň. Ýeke galan goýnuň möjege lukma bolşy

[1] Amr ibn Juşuh ibn Zeýt ibn Haram ibn Kagp ibn Ganam ibn Selme Ensary Hazrajy. Ol ensarylaryň we öz taýpasynyň iň abraýly adamlarynyň biridi. Onuň öýünde agaçdan ýasalan but bardy. Taýpanyň ýaş oglanlary onuň butunyň üstüne hapa zatlary zyňyp gaçardylar. Amr öýüne gelip buty hapa zatlardan arassalardy we "Saňa kimiň beýle sütem berendigini bilsem, onuň temmisini bererdim" diýýär. Başga bir gün gelende butuň itiň maslygy bilen guýynyň düýbünde ýatandygyny görüp, buty guýydan çykaryp, onuň kellesini kesýär we "Sen hudaý bolup, özüňi gorap bilmeseň boljagyň şudur" diýýär we şol günüň özünde yslam dinini kabul edýär. Ol Uhut söweşinde şehit bolýar.

ýaly ýeke galan adamyň ýüregini şeýtan eýelemäge çalşar. Agzybirlik bütewiligiň alamatlarydyr» diýýär. Soň Hezreti Alynyň bu sözleri hawaryjlylaryň[1] şygaryna öwrülýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kä adam Allatagaladan nämedir bir zat dilemek üçin ybadat edýär. Bu ybadat söwdagärleriň ybadatydyr. Kä adam özüniň Allatagalanyň sadyk guludygyny bildirmek üçin ybadat edýär. Bu gullaryň, hyzmatkärleriň ybadatydyr. Kä adam bolsa Allatagalanyň eden işlerine şükür edip ybadat edýär. Bu ybadat Allatagalanyň azat bendeleriniň edýän ybadatydyr» diýýär.

* * *

Haýsydyr bir pygamber Allatagala: «Eý, Rebbim! Açlyk, sowuk, adamlaryň ezýeti meni diýseň ýadatdy» diýip şikaýat edýär. Onda Allatagala: «Sen şikaýat edýärsiň, emma sen meniň seni dogry ýola gönükdirenime razy bolmalysyň» diýýär.

* * *

Mugaz ibn Jebel Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Ynsan, musulman bu dünýäniňem, o dünýäniňem diňe haýyrly tarapyny dilemelidir. Allatagala onuň dilegini kabul edip, oňa bu dünýäniň we ahyrýetiň diňe haýyrly tarapyny bagyş eder» diýýär.

* * *

Asym[1] her gün Gurhan okardy. Ol Gurhan okamazdan ozal: «Adam gysga wagt ýaşaýandyr, emma, her bir eden işi üçin

---

[1] Hawaryjlar — Hezreti Alynyň tarapdarlary.

jogap bermelidir. Ölüm boýnundaky amanatdyr. Dowzah ody ýakyndyr. Ähli görýän zatlaryňyz bu dünýäden geçip gidýändir. Müdimilik zat ýokdur. Geçen zat gaýdyp gelmez. Allanyň parzlaryny ýerine ýetirip, günä işden daşda durmalydyr. Adam düýnki güni üçin jogap bermelidir. Ertirki gün ýakyndyr. Ertirki günüňi haýyr işlere bagyş etmäge çalyşmalydyr» diýerdi.

* * *

Omar ibn Habyp: «Kim-de kim ýagşy işler edip, ýaman işden özüni saklajak bolsa, özüne ezýet berip görsün. Eger göwnüne ýaramasa haýyr-sogap işler etsin. Sebäbi dowzahyň ody has ezýetlidir» diýýär.

* * *

Hüseýin ibn Aly: «Adamlar baýlygyň guludyr. Yslam dini bolsa adamlara kanagatly, sabyr-takatlylygy we başga-da köp haýyr-sogap işleri ündeýändir. Olary baýlygyň gulçulygyndan azat edýändir» diýýär.

* * *

Bir gezek Osman ibn Awwan (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir ýerde ýaman, günä işler bilen meşgul bolýan kowumyň bardygyny eşidýär we olar bilen gürleşmek, olara wagyz-nesihat etmek üçin olaryň ýanyna gidýär. Emma olar Osmanyň gelýändigini eşidip, eden işlerine toba edýärler. Osman gelip bu kowumyň düýbünden ýagşy tarapa

---

[1] Asym ibn Hedle Maruf Asym ibn Nujut Esedi. Ol Kufada doglup, şol ýerde Gurhan okamak boýunça meşhur adama öwrülýär. Onuň Gurhany okaýşy we ýagşy adam bolandygy üçin Kufanyň halky oňa uly hormat goýýardy. 127-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolýar.

üýtgändigini görüp, Allatagala sena aýdýar we birnäçe guly azat edýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim ýatmazyndan ozal täret kylsa, daň agarýança düşegi onuň üçin metjit, ukusy namaz bolar. Täretsiz ýatan adama onuň düşegi daň agarýança gabyr, özi hem maslyk bolar» diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziz halynyň üstünde namaz okardy. Emma sejde edýän ýerine çäge ýazdyrardy.

* * *

Ilkinji bolup Käbäniň daşyna mata tutan adam Dibaj Abdylla ibn Zubeýrdir. Ol bu mata hoşboý ysly müşk-anbarlary sepmegi emr edýär. Metjitden uzak aralykdan hem bu atyrlaryň ysyny almak bolýardy

* * *

Amyr ibn Abdylla Zubeýr Käbäniň golaýynda ýaşaýardy. Ol her gün ähli namazyny metjitde okaýardy. Günleriň birinde ol keselleýär. Ol düşeginde ýatyrka azan sesini eşidýär. Amyr ýanyndakylara:

— Meniň golumdan tutup metjide alyp gidiň — diýýär.

Olar Amyra:

— Sen ýaraňok ahyryn — diýenlerinde, ol:

— Meni Allanyň öýüne çagyryp durkalar, men neneň edip bu ýerde ýataýyn — diýýär we metjide gidip namaza durýar.

Namaz tamam bolansoň görseler, Amyr amanadyny tabşyrypdyr.

* * *

Bir gezek Amyr ibn Abdylla ikindi namazyndan soňra öýüniň gapysynda kybla tarap seredip dileg edip otyrka, onuň gapysynyň öňünden şäher häkimi Ybraýym ibn Hyşam[1] geçip barýardy. Ol örän abraýly adamdy. Ybraýym Amyra salam berýär. Emma Amyr oňa tarap seretmeýärem. Ybraýymyň ýanyndakylar onuň Amyra zulum ederinden gorkup oňa söz gatýarlar. Amyr olara: «Ybraýym maňa ýüzlendi, men bolsa Allatagala. Men Allatagalany goýup, Ybraýyma ýüzlenmelimi? Ýok. Allatagala ýüzleneniňde ol şäriksiz bolmalydyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam Käbäniň açaryny Osman ibn Talha ibn Abu Talha[2] berýär we «Eý, Talhanyň ogly! Bu açary kime berseňem zalym adama bermegin» diýýär.

* * *

Sagyt ibn Abu Wakkas ýylyň ahyrynda mal-mülküne ser salyp, baýlygynyň üçden birini hudaý ýoluna sadaka bererdi.

* * *

Bir gün Talha ibn Abdylla söwda edip elli müň dirhemlik haryt satýar. Ol söwdada düşen ähli puluny hudaýyň ýoluna

---

[1] Ybraýym ibn Hyşam ibn Ysmaýyl Mahzumy. Hyşam ibn Abdylmäligiň daýysydyr. Hyşam ibn Abdylmälik daýysyny Mekge, Medine we Taýyf şäherine häkim belleýär. Emma 125-nji hijri ýylynda Welit ibn Ýezit Abdylmälik halypalyga gelende, Ybraýymy häkimlikden aýyrýar. Welidiň emri bilen ezýet berlip öldürilýär.

[2] Osman ibn Talha ibn Abu Talha Abdylla ibn Abdyluzza ibn Osman ibn Abdudar. Abdudar Muhammet alaýhyssalamyň egindeşidir. Onuň kakasy we kakasynyň dogany Uhut söweşinde wepat bolýar. Muhammet alaýhyssalam oňa Käbäniň açaryny gowşurýar. Osman ibn Talha 42-nji hijri ýylyna çenli Mekgede ýaşaýar we şol ýerde wepat bolýar.

sadaka berýär. Özi bolsa şol gün juma namazyna ýamaly köýnekde barýar.

* * *

Abdylla ibn Omar Muhammet alaýhyssalam näme gürlese ýatlamaga çalşardy. Saý-sebäp bilen Muhammet alaýhyssalamyň baran metjidine baryp bilmese, baranlardan bolan gürrüňleri jikme-jik sorardy. Ol Resulalla bilen köp namaz okardy we nirä gitse onuň bilen ýoldaş bolardy. Olar uzak ýola sapara gidenlerinde ulagly giderdiler. Şonda Abdylla: «Meniň münýän ulagymam Resulallanyň münýän ulagyna meňzemäge çalşardy» diýýär.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) özüniň miweli bagyna aýlanyp görýär we «Bu bag ähli musulmanlara sadaka bolsun» diýýär. Ol bu bagy ähli musulmanlaryň peýdalanmagy üçin berýär.

* * *

Muhammet ibn Kagp Karzy[1]: «Muhammet alaýhyssalamyň döwründe Hezreti Alynyň bir günde kyrk müň dinar sadaka berip, özi bolsa açlygyndan ýaňa içini tutup ýörenini gördüm» diýýär.

---

[1] Muhammet ibn Kagp ibn Selim ibn Eset Karzy. Alynyň halypalyk eden döwründe 40-njy hijri ýylynda eneden dogulýar. Medinede sylanýan iň bir abraýly adamlaryň biri. 117-nji ýa-da 118-nji hijri ýylynda Muhammet ibn Kagp metjitde wagyz edip otyrka, metjidiň üsti ýumrulyp onuň içindäki ähli adamlar heläk bolýarlar.

* * *

Abdylla ibn Apbas: «Bir gezek pygamberiň agtyklary, Hezreti Alynyň we Patmanyň ogullary Hasan bilen Hüseýin ýaş wagtlary keselleýärler. Muhammet alaýhyssalam, Abu Bekr, Omar olary soramaga gelýärler. Omar:

— Eý, Hasanyň kakasy (Hezreti Aly) Alla ýoluna bir zat nezr[1] (sadaka) aýtsaň nähili bolar? — diýýär.

Onda Hezreti Aly:

— Ogullarym sagalsa Allatagala şükür edip, üç gün agyz beklejek — diýýär.

Patmada:

— Men hem Alla şükür edip, üç gün agyz beklejek — diýýär.

Hasan, Hüseýin olaryň gyrnagy hem üç gün agyz beklejekdigini aýdýarlar. Allatagala olaryň diýenini eşidip, Hasan bilen Hüseýin tiz aýaga galyp, sagalyp gidýärler. Hezreti Aly, Patma, Hasan, Hüseýin we olaryň gyrnagy agyz bekleýärler. Emma agyz açmaga zat tapmaýarlar. Hezreti Alynyň Şymgun atly ýehudy goňşusy bardy. Ol Şymgundan ýüň alyp gelýär. Patma bu ýüňi egrip berýär. Olar egrilen ýüňi Şymguna berip, iýer-içer ýaly zat alýarlar. Şol wagt hem gapydan bir gedaý gelip zat dileýär. Olar ýaňky iýer ýaly zatlaryny gedaýa berip, özleri birnäçe gün aç galyp, agyz bekleýärler. «Ynsan» süresiniň 8-nji aýaty olaryň şanyna inendir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýetimleri gowy görerdi. Olaryň aladasyny edip, özi aç bolsa-da, olara bal satyn

---

[1] Alladan dileg edip, ol dilegiň kabul bolsa berilýän sadaka nezr diýilýär. Hajatym ýerine ýetse Alla ýoluna pylança pul ýa-da janly berjek diýseň, şol hem nezr bolýar.

alyp bererdi. Sahabalaryň biri: «Hezreti Alynyň ýetimlere seredişini görüp, menem ýetimligi arzuw edenimi duýman galdym» diýýär.

* * *

Muhammet Hanapyýa: «Kakam gündiz hoşa ýygnap, gije ony un edip, garyp-gasarlaryň gapysynda goýup gaýdardy. Men oňa:

— Eý, atam, bu edýän işiňi gündiz aç-açan etseň bolmaýarmy? — diýip soranymda, ol:

— Gizlin berlen sadaka Allatagalanyň gazabyndan halas edýändir we iň haýyr-sogaply işdir — diýdi» diýýär.

* * *

Bir gezek Hüseýin ibn Aly Käbäniň daşyndan aýlanyp togap edýär we Käbäniň gapysynyň öňünde namaz okaýar. Soňra Käbäniň gapysyna elini goýup aglaýar we «Bendäň seniň gapyň öňündedir. Dilegçiň seniň gapyň öňündedir. Garyp biçäräň seniň gapyň öňündedir» diýip, birnäçe gezek gaýtalaýar. Soňra Käbeden çykyp barýarka sadaka berlen çöregi paýlaşyp iýip oturan gedaýlaryň ýanyndan geçýär. Olar Hüseýini çörek iýmäge çagyrýarlar. Hüseýin olara: «Eger bu çörek sadaka berilmedik bolsa, men hem siziň bilen bu çörekden iýerdim» diýýär we olaryň barysyny öýüne alyp gaýdýar. Hüseýin olary iýdirip-içirýär, don ýapýar we olaryň her haýsyna birnäçe dirhem bermegi emr edýär.

* * *

Bir gezek Aly ibn Hüseýin egin-eşigini ýuwup durka, onuň arkasynda ýara bardygyny görýärler. Adamlar ol ýaranyň nähili düşendigini bilmeýärler. Aly ibn Hüseýiniň hyzmatkäri: «Ol gijesine iýer-içer ýaly zady halta saldy we arkasyna alyp garyp-

gasarlaryň öýüne daşady. Men oňa kömekleşmekçi bolanymda, ol: «Özümiň başarýan zadymy kişä etdiresim gelenok diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Bir adam Japar ibn Muhammetden: «Namaz okamaýan adam Alladan gerek zadyny, hajatyny diläp bilermi?» diýip soraýar. Onda Japar: «Kimdir birine bergiň bolup, bergiňi bermän ýene-de karz soramaga ýüzüň gyzarmazmy?» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Japar haja gidende ýany bilen otuz sany münmäge ulag alyp giderdi. Emma ol Arafata barýança ulaga münmän pyýada ýöräp giderdi. Ol Mekgede otuz guly azat edip, getiren ulaglaryna mündürip, olaryň her haýsyna müň dirhem bererdi. Ol: «Allanyň haky üçin guly azat eden adam dowzahyň odundan azat bolar» diýýär.

* * *

Bir gezek Isa alaýhyssalam ýolda bir aýal bilen ýoldaş bolýar. Ol aýal Isa alaýhyssalama: «Meniň üçin aýalyň hamyla bolup, göwresinde çaga göterip, soňra ony dünýä inderip, göwsi bilen ak süýt emdirmesi iň ajaýyp zatdyr» diýýär. Onda Isa alaýhyssalam: «Meniň üçin Muhammediň ymmatynyň Gurhany okap, ony amal etmesi iň ajaýyp zatdyr» diýýär.

* * *

Abu Jöwza[1]: «Bir gezek musulmanlar kapyrlara garşy söweşe çykdylar. Söweş meýdanynda musulmanlaryň goşuny sap-sap bolup, yslam tuguna buýsanyp durdy. Duşmanlaryň

---

[1] Abu Jöwza Basry Aws ibn Abdylla Rabygy. Basra iliniň iň dindar, takwa we hadysçy alymlarynyň biri. 83-nji hijri ýylynda Jemäjipde öldürilýär.

serkerdesi musulmanlara seretdi-de, atyndan düşdi. Ol özüniň yslam dinini kabul edýändigini aýtdy we özüniň goşunyna seredip: «Bir Alla ynanýan, ählisi bir tarapa bakyp dileg edýän, biri-birine duşanda parahatçylygy dileýän kowumy ýeňmek kyndyr. Beýle kowum dogry ýoldadyr» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Zubeýr ybadat edende üç günläp yzly-yzyna ybadat ederdi. Ol ybadatynyň birinji güni daň agarýança dik durup, dileg ederdi. Ybadatyň ikinji güni ol daň agarýança rukug[1] edip dileg ederdi. Ybadatyň üçünji güni ol daň agarýança sejde edip dileg ederdi.

* * *

Hasan ibn Aly: «Men Allanyň öýüne zyýarata barman, onuň gaşyna barmaga utanýaryn» diýýär we Medineden Mekgä ýigrimi gezek haj etmäge gelýär.

* * *

Zahhak: «Şeýle wagt geler, adamlar keramatly kitaplaryň gatyny açmazlar we bu kitaplaryň sahypalary çaň basyp gider» diýýär.

* * *

Bir gün Şagby Abu Salyh Bazany görüp onuň gulagyndan çekip: «Gurhany teswirläp, ony ýatlamaýanyň öýi ýykylsyn» diýýär.

---

[1] Rukug — namaz eglimi.

* * *

Sagyt ibn Jübeýr: «Gurhany okaň we ondaky aýdylanlary amal ediň» diýýär. Gurhany ýaşlykdan öwrenenlere bu ylym daşa salnan nagyş ýalydyr. Ony hiç hili ýagyş öçürip bilmez. Gurhan garran çagyňda öwrenilende ol çägä salnan nagyş ýalydyr. Ilkinji ýagan ýagyş bu nagyşy öçürer» diýýär.

* * *

Gadym zamanda beni ysraýyl taýpasynyň adamlary egin-eşigine ýa-da bedenine peşew (siýdik) degse, peşew degen ýeri kesip aýryp taşlar ekenler. Olardan kimdir biri haram zada seretse, barmagy bilen öz gözüni çykarar eken. Bir ýyl gaty gurak gelýär. Adamlar içere suw tapmaýarlar. Alladan Isa alaýhyssalama wahy gelýär. Ol Isa: «Günä iş edenleriň ählisi eden işine toba etsin» diýýär. Ähli adamlar toba edýär welin, bir gözi kör adam toba etmek islemeýär. Isa alaýhyssalam ondan: «Sen näme hiç günä iş etmediňmi?» diýip soraýar. Ol adam: «Men öň hammal bolup işleýärdim. Bir gün ýadap dynç almaga oturanymda, bir gözüm zenan maşgala seretdi. Men oňa seretmezligi maslahat berdim. Gözüm meniň diýenimi diňlemedi. Men ony oýup zyňdym. Men eden günäm üçin özüme jeza berdim» diýýär. Onda Isa alaýhyssalam: «Görýän welin seniň günäň ýok, emma beýleki gözüňi bir aýa» diýýär we Allatagaladan ýagyş ýagdyrmagy dileýär. Ýagyş ýagyp adamlar gurakçylykdan halas bolýarlar.

* * *

Eger beni ysraýyl taýpasyndan kimdir biri «lä ilähä illallah» diýjek bolsa, kyrk günläp aýaly bilen ýaşaşmazdy we kyrk günläp et iýmezdi. Olar günä iş edip, edil şol wagt toba etmeseler, soň tobasy kabul bolmaýar diýip pikir edýärdiler.

* * *

Abdylla ibn Marzuk Käbäniň daşyndan towap edip ýörkä, bir adam oňa söz gatýar. Emma Abdylla oňa hiç hili jogap bermeýär. Ol adam aglap başlaýar. Abdylla ol adamdan:

— Saňa näme bolýar? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Men seniň bilen gürleşmek isläp, saňa söz gatdym. Sen bolsa maňa jogap bermediň — diýýär.

Abdylla ol adamyň donunyň bir gyrasyndan tutup:

— Eger bir adam seniň donuňy sypyryp aljak bolsa, sen näme ederdiň? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Men oňa garşylyk görkezerdim — diýýär.

Onda Abdylla:

— Sen hem meni sogapdan goýjak bolduň. Men sogabymdan galmajak bolup, saňa jogap gaýtarmadym — diýýär.

* * *

Abu Hafs Kebiril Buhary[1] egindeşlerine: «Gurhany köpräk okaň. Ol sizi köp bela-beterden gorar we kalbyňyzy päkize saklar» diýýär.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Muhammet Mäti Basra gelende jemagat bilen namaz okamak üçin metjide gidýär. Ol jemagatyň öňüne geçip namaza başlamakçy bolanda, bir çarwa:

— Eý, möminleriň emiri! Meniň täretim ýok. Men bolsa Allatagalanyň öňündäki borjumy seniň yzyňda durup ýerine ýetirmekçidim! — diýýär.

---

[1] Ol adam hakynda diňe onuň Mekgedäki metjitde müjewür bolandygy hakyndaky maglumat bar.

Muhammet Mäti jemagata:

— Alla size rehim etsin! Bu adama garaşalyň — diýýär we mähraba geçip, tä ýaňky adam täret alyp geldi diýýänçäler dileg edip oturýar. Soňra ol jemagat bilen namaz okaýar. Adamlar onuň sabyr-takatlylygyna, geçirimliligine haýran galýarlar.

# ÝIGRIMI ÝEDINJI BAP

## ADAMLARY KEMSITMEK, OLARYŇ ÜSTÜNDEN GÜLMEK, SÖGÜNMEK, GYBAT ETMEK HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam: «Eý, halaýyk! Gybat eden adam adam etini iýen ýalydyr» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Gybatdan daşda duruň. Gybatyň günäsi zynadan-da agyrdyr. Zyna eden adam toba etse, Allatagala onuň günäsini geçýär. Emma gybat eden adam toba etse, gybaty edilen adam onuň günäsini geçýänçä Allatagalada onuň günäsini geçmeýär» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Zubeýr juma namazynda hutba (wagyz-nesihat) edip bolandan soň, adamlary kemsidýänlere, olaryň üstünden gülýänlere nälet okardy.

* * *

Bir çarwa: «Pylany seniň üstüňden güldi» diýenlerinde, ol: «Onuň meniň üstümden gülmegi, itiň awa seredip üýrmegi ýalydyr» diýýär.

* * *

Bir adam dana sögünýär. Ondan:

— Saňa sögülende gaharyň geldimi? — diýip soranlarynda, ol:

— Aklyndan azaşana gaharlanmagyň hiç hili hajaty ýokdur — diýip jogap berýär.

* * *

Bir dana: «Adamlaryň aýbyny gözleýän adamyň özi aýyplydyr» diýýär.

* * *

Ata-babalaryň biri: «Ýagşy söz aýdylanda şatlanmaýan, ýaman söz aýdylanda gaharlanmaýan adam meniň üçin diýseň geňdir» diýýär.

* * *

Çarwa: «Masgara bolmakdan we günä iş edip dowzaha düşmekden gorkmaýan adam edil haýwan ýalydyr. Olar öňünden näme çyksa iýip, kim çyksa öýlenip ýören adamlardyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Sokratdan:

— Kemçiliksiz adam barmyka? — diýip soranlarynda, ol:

— Adam kemçiliksiz boljak bolsa, onda ölüm diýen zat bolmazdy — diýip jogap berýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Özündäki aýby görmän, gözleme aýyp,
Başgalara şyltak atma, halamaz Gaýyp.

* * *

Abu Ubeýda: «Adamy kemsitmeýän, onuň üstünden gülmeýän, gybat etmeýän adam gapyllyk ukusynda ýatandyr» diýýär.

* * *

Danalaryň biri: «Men söweşde ýeňiji bolmagy-da halamok. Sebäbi ýeňlen tarap ýeňijä nälet okaýandyr» diýýär.

* * *

Adamlar kimdir biri ýagşylyk etse, ony ýagşy söz bilen az ýatlaýarlar. Eger kimdir biri ýamanlyk etse, onuň gybaty köpçülikleýin edilýär.

* * *

Bir gezek Hezreti Alynyň ogly Hüseýin bir adamyň gybat edip oturandygyny eşidip:

— Öýüň köýsün, gybatyň günä işdigini bileňokmy? Gybat etmeseň, kyýamat güni Allatagala seni dowzah azabyndan halas eder — diýýär.

* * *

Bir gezek Muhammet Zuhara bir adam sögünýär. Muhammet Zuhary: «Eger seniň dilegiň dogry bolsa, onda meniň üçin erbet bolar. Eger seniň diýeniň ýalňyş bolsa, onda seniň üçin erbet bolar. Kim-de kim gula nädogry sögse, ol gul azatdyr» diýýär.

* * *

Ibn Sirine:

— Näme üçin Hajjaç hakynda hiç zat diýeňok — diýip soranlarynda, ol:

— Men ol hakynda bir zat diýip günä gazanyp, Allatagalanyň azabyna duçar bolasym gelenok — diýýär.

Ibn Sirin gybat etse, derrew bir dinar sadaka bererdi.

* * *

Mugawyýa ibn Kurra: «Ýagşyzadalar päkýürekli we gybatdan daş durýan adamlar bolmalydyrlar» diýýär.

* * *

Bir arapdan:

— Siziň hojaýynyňyz kim? — diýip soralanda, ol:

— Ýanymyzdaka gorkýanymyz, ýanymyzdan gidende gürrüňini edýän adamymyz biziň hojaýynymyzdyr — diýýär.

* * *

Ibn Awnyň ýanynda kimdir biriniň aýby hakynda gürrüň edilse, ol: «Alla rehimlidir» diýerdi.

* * *

Rabyg ibn Hüseýme:

— Biz seniň birini aýyplanyňy, onuň kemçiligini gözläniňi görmedik — diýenlerinde, ol:

— Meniň özüm doly kemçiliksiz bolsadym, onda başga biriniň kemçiligini gözlärdim — diýýär we şu şygry aýdýar:

Men aglasam, özüm üçin aglaýan,<br>Jogaplydyr her bir ädimiň ynsan.

* * *

Abdylla ibn Mübärek: «Bir gezek men Sufýan ibn Sagyt Söwrä:

— Abu Hanypa nähili edip gybatdan daşda durup bildikä? — diýenimde, ol:

— Alladan ant içýärin, ol günä iş bilen sogap işi saýgaryp bilýän akylly adamdy — diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Adamlar Fazyldan:

— Erbet, nälet okalýan adamyň gürrüňini etmek gybatmydyr? — diýip soranlarynda, ol:

— Ýok, adamyň gürrüňini etmäň. Diliňizi-de beýle gürrüňe öwrenişdirmäň. Onuň deregine Allany, kyýamat gününi, jennetdir-dowzahy ýatlaň. Adamlaryň gürrüňini etmekde günä, Allany ýatlamakda bolsa sogap bardyr — diýýär.

* * *

Fazyl: «Men gybatdan daşda durmak üçin şeýtanyňda gürrüňini etmedim we oňa lagnat okamadym. Meniň üçin bir şäherde ýaşaýan iki alymyň biri-birinden abraýly görünmek üçin biri-birine şyltak atmaklary iň ýigrenji zatdyr» diýýär.

* * *

Bir adam tebibiň ýanyna gidip barýar eken. Bu şäherde iki sany keseki ýurtly tebip bardy. Ol adam Ibn Siriniň ýanyna baryp, ondan haýsy tebibiň ylymly we eli ýeňildigini soraýar. Ibn Sirin: «Men saňa aýdardym welin, meniň aýdanlarym gybat bolar öýdüp gorkýan» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Eý, oglum! Hiç haçan adama erbet söz aýtmagyn. Erbet söz suwa oklanan daş ýaly kalbyň jümmüşine çümer we şol daşyň suwuň düýbünde eremän ýatyşy ýaly ömürlik ol adamyň ýadynda galar» diýýär.

* * *

Bir gezek Sagyt ibn Abu Wakgas Mälik bilen Halyt ibn Welidiň arasynda düşünişmezlik ýüze çykýar. Olar adamlaryň arasynda biri-birine hemle atýarlar. Adamlar indi ol ikisi hiç ýaraşmaz diýip pikir edýärler. Olaryň jedelini gören adamlaryň biri olary ýaraşdyrmak üçin Sagydyň öýüne töwella gidýär. Ol Sagydyň öýüne barsa, onuň ýanynda Halyt otyrdy. Ol adam gözlerine ynanmaýar. Onuň geň görüp durandygyny aňan Sagyt:

— Eger-de biziň dinimiz geçirimliligi ündemeýän bolsa, biz hem biri-birimiz bilen uzak gürleşmän gezerdik — diýýär.

* * *

Abdylla ibn Mugtazz: «Merhumyň gybatyny etme, ony eden ýaman işleri bilen ýatlama. Beýle etseň ýer senden syr saklamakda ökde çykar» diýýär.

* * *

Muhammet Abdylmälik ibn Salyh: «Merhum adam eden ýaman işleri bilen ýatlansa, oňa gabrynda ezýet berilýär» diýýär.

* * *

Güman masgaraçylyga, gybat bolsa dowzaha elter. Şonuň üçin güman etmekden we gybatdan daşda duruň.

* * *

Muhammet ibn Harb[1]: «Ilkinji bolup sabyn ýasan Süleýman alaýhyssalamdyr. Ilkinji bolup kagyz öndüren Ýusup alaýhyssalamdyr. Ilkinji bolup sawyk (ýeňil alkogolly içgi) öndüren Isgender Zülkarneýindir. Ilkinji bolup çörek bişiren Jaradyk Nemrutdyr. Ilkinji bolup kagyz-da hat ýazan Hajjaçdyr. Ilkinji bolup yslamda şäher bina eden Hajjaçyr. Ilkinji bolup gybat eden şeýtandyr. Ol Adam alaýhyssalamyň gybatyny edýär» diýýär.

* * *

Allatagala Musa alaýhyssalama «Eger saňa ynananlaryň haýsydyr biri gybat etse, soňra eden günä işine toba etse, ol iň soňky bolup jennete girer. Eger kimdir biri gybat edip toba etmese, onda ol ilkinji bolup dowzaha girer» diýýär.

* * *

Eşkap[2]: «Kimdir biri seniň ýanyňda ýalan sözlese başga biriniň ýanynda-da ýalan sözlär. Kimdir biri seniň ýanyňda gybat etse, başga biriniň ýanynda seniň-de gybatyňy eder» diýýär.

---

[1] Damask kazysy Muhammet ibn Harp Abu Abdylla Hulany Humsy. Ol dogry hadyslary aýdardy. Onuň gürrüň beren hadyslary alty sany kitapda bardyr.

[2] Hüseýin ibn Ybraýym ibn Hurr ibn Raglan Amyry Abu Aly Bagdady. Eşkap onuň lakamy bolup, onuň asly Horasanyň Nusaý şäherindendir. Meşhur hadysçy alymlar Muhammet we Aly Eşkabyň kakasydyr. Hüseýiniň kakasy Nusaýly soňra bolsa Yspyhan häkimi Eset ibn Abdyrahmanyň dostudy. 145-nji hijri ýylynda apbaslylaryň halypalyk eden döwründe Eset ibn Abdyrahman Yspyhana häkim bellenilende dosty bilen Yspyhana göçýär. Hüseýin ylym gözleginde Bagdada gidýär. Ol Abu Ýusupdan fykh ylmyny öwrenýär. Ol ömrüniň ahyryna çenli, ýagny 216-njy hijri ýylynda wepat bolýança ylym öwrenmegini dowam etdirýär.

* * *

Abu Taýýyp Tahyry[1] Ibn Samanyň[2] üstünden gülüp, goşgy aýdar eken. Bir gün ol Nasyr ibn Ahmede[3] duşýar. Nasyr Abu Taýýyba: «Eý, Abu Taýýyp, çöregiňi adam eti bilen iýmegiňi haçan goýjak?» diýýär. Abu Taýýyp onuň diýenine diýseň utanýar we galan ömründe hyja[4] okamaýar.

* * *

Buzurgmehr ogluna: «Oglum adamlaryň arasynda aýyply bolmajak bol. Eger aýyply iş etseň, boýun alyp, ötünç soramagy utanma» diýýär.

---

[1] Tahyr ibn Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyr Huzaýy. Horasan ilinden çykan şahyrlaryň we akyldarlaryň biri. Ol ýaş wagty maşgalasyny taşlap, Buhara gaýdýar. Samanlylar döwletiniň şalaryna hyzmat etse-de, ýürekde olary ýigrenerdi. Ol özüniň ähli betbagtçylygyny olardan görerdi. Tahyr Samany emirleri Şehit we Sagyda hyja ýazýar. Ol Samanlylar şalaryny masgaralap goşgy goşan ilkinji şahyrdyr.

[2] Samanlylar döwleti derýanyň aňyrsynda, ýagny Mawerannahrda kesralar neslinden bolan Saman ibn Haýýa tarapyndan döredilen döwletdir. Samanlylar döwletiniň paýtagty Buharadyr. Saman Abu Müslim Horasanynyň egindeşleriniň biridir. Abu Müslimiň we onuň ogly Esediň Apbaslylar döwletini gurmakda eden işi uludyr. Eset Harun Reşidiň halypalyk eden döwründe wepat bolýar. Esediň Nuh, Ahmet, Ýahýa, Ylýas diýen dört ogly galýar. Mamun halypalyga gelende olaryň kakasynyň eden işini göz öňünde tutup, 204-nji hijri ýylynda olara Samarkant, Fergana, Şaş we Hyrat şäherlerini mülk ýeri edip berýär. Samanlylar döwleti 305-nji hijri ýylyna çenli dowam edýär.

[3] Nasyr ibn Ahmet ibn Ysmaýyl Abu Hasan Samanly. Ol Mawerannahryň we Horasanyň emiridir. 293-nji hijri ýylynda Buharada dogulýar we 301-nji hijri ýylynda kakasy öldürilenden soňra emirlige gelýär. Ol örän edermen we başarjaň serkerdedi. Onuň emirlik eden döwründe onuň döwletiniň çägi ulalýar. Indi oňa Horasan, Gürgen, Reý we Nişapur degişlidi. Ol ýumşak häsiýetli we adyl adamdy. 331-nji hijri ýylynda Buharada wepat bolýar.

[4] Hyja — biriniň üstünden gülüp, kemsidip ýazylýan goşgy.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kimdir biri iliň aýbyny görüp, özüniň şeýle aýbyny inkär etse, onda ol baryp ýatan akmakdyr» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Özüniň kimligini il içinde boýun alyp bilýän adam il içinde aýdylýan öwgä mynasypdyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Hajjaç Eýýup ibn Zeýt ibn Karyýadan:

— Iň ýaman, günäkär adam nähili bolýandyr? — diýip soraýar.

Onda Ibn Karyýa:

— Adamlaryň ýalňyşyny görüp, öz ýalňyşyny görmeýän adam iň bir ýaman, günäkär adamlaryň biridir — diýýär.

* * *

Bir gezek Saffah Ahmet ibn Ýusuba[1]: «Eger men saňa münbere çykyp, Mugawyýa lagnat okamagy emr etsem, şony edermiň?» diýýär. Ahmet onuň diýeninden boýun gaçyrýar we Lubeýdiň goşgusyny aýdýar:

Amyr oňa sögmegi emr etse-de,
Gaçyr boýun, ajal alyp gitse-de.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kimdir biri mömin adama ýa-da mömin aýala töhmet atsa, Allatagala onuň

[1] Bu Ahmet ibn Ýusubyň kimdigi bize mälim däldir. 213-nji hijri ýylynda wepat bolan Ahmet ibn Ýusup Kätip bilen bu Ahmediň hiç hili baglanyşygy ýok.

mömine aýdan sözi teninden çykýança, ony dowzahyň odunyň üstünde oturdýar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Gybat diýilýän güýçsüz, ejiz adamyň işidir» diýýär.

* * *

Mutanebbi[1] gybat barada şeýle diýýär:

Gybat edip jeza bermek naçar zenanyň işi,
Gybat ejizlere mahsus, gelişmez erkek kişä.

* * *

Abu Ýezit Amyry[2] şeýle diýýär:

Seni hyja bilen öldürmäge synandym,
Itler uzak ýaşaýandyr, indi ynandym,

Men hyja aýdanym bilen sen hiç ölmediň,
Başyňy dik tutdyň-da, maňa üns bermediň,

Sen aýa seredip, üýren iti gören ýaly,
Ýüregimde düwenimi gözlerimden bilen ýaly,

Meniň sözlerimi jogapsyz goýup gitdiň,
Şeýdip ulus-illere meni masgara etdiň.

---

[1] Mutanebbi — arap şahyry.
[2] Abu Ýezit ibn Muhammet ibn Abu Semäme Abdy. Ol we onuň kakasy şahyr bolupdyr.

* * *

Bir adam danadan:

— Ýylan, içýanyň zäherinden güýçli adama howply, zeperli zat barmyka? — diýip soraýar.

Ol dana:

— Kimdir biriniň saňa sögmegi, töhmet aýtmagy, seniň ýagşy tarapyňy aýtman ýaman eden işleriňi çişirip gürrüň bermegi, ol gürrüňleri halkyň içinde ýaýratmaga çalyşmasy ýylan bilen içýanyň zäherinden has güýçlüdir we howpludyr — diýip jogap berýär.

* * *

Abu Derda: «O dünýäsinden gorkman adamlaryň gybatyny edýän, olara töhmet atýan adamdan gorkuň» diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziz özüniň başga ýerdäki emirlerine hat ýazýar. Ol kim-de kim Omar Hattaba ýa-da Abubekr Syddyga sögen bolsa, başgalar bu işi gaýtalamaz ýaly ile göz edip urmagy emr edýär.

* * *

Bir adam Ibn Sirinden:

— Men saňa sögündim welin, meniň bu edenime rugsat berýäňmi? — diýip soraýar.

Onda Ibn Sirin:

— Allanyň haram eden zadyny men saňa halal edip bilerinmi? — diýýär.

* * *

Amyr ibn Abdylla ibn Zubeýr: «Beni Ümmiýe (emewiler) ýetmiş ýyllap metjitleriň münberlerinden hezret Ala nälet

okadylar. Olar nälet okadygyça Allatagala, şonça-da Hezreti Alynyň mertebesini beýgeltdi» diýýär.

* * *

Mugawyýa ibn Kurra: «Ata-babalarymyza yslamy berk tutmak we gybat etmezlik ýaly häsiýetler mahsus bolupdyr» diýýär.

* * *

Bir adam aýalyny talak etjek bolýar. Adamlar ondan:

— Seniň aýalyň talak eder ýaly näme aýby bar? — diýip soraýarlar.

Ol adam:

— Haýsy adam aýalynyň aýbyny ile ýaýýar — diýýär.

Ol adam aýalyna talak berenden soň, ondan:

— Aýalyň näme aýby bardy? — diýip soranlarynda, ol:

— Ol indi meniň aýalym däl, şonuň üçin meni onuň aýby gyzyklandyrmaly däl. Eger onuň aýbyny size aýtsam, onda gybat etdigim bolýar — diýip jogap berýär.

* * *

Bir ýagşyzada adam bir aýalyň gybat edip oturandygyny eşidip:

— Kömege geliň, ýangyn» diýip gygyryp ugraýar.

Goňşulary ylgaşyp gelseler, hiç hili ýangyn ýokdy. Ol adam:

— Ol aýalyň agzyndan çykýan gybat, dowzahyň odunyň howrudyr. Bu howur meni, meniň maşgalamy we ol aýalyň özüni dowzahyň oduna ýakyp biler — diýýär.

* * *

Käbir ýagşyzada adamlar ýanynda halwa göterer ekenler. Eger kimdir biriniň gybat edýändigini görseler, halwany görkezip: «Bu seniň edýän gürrüňiňden süýjüdir. Gybat, bihuda gürrüň bolup, süýji-de bolsa, soňy ajydyr. Şonuň üçin beýle gürrüňlerden daşda dur» diýer ekenler.

* * *

Bir adam Hasan Basrynyň gybatyny edýär. Muny eşiden Hasan ol adama bir tabak hurma iberýär. Ol adam Hasanyň ýanyna gelip:

— Men-ä seniň gybatyňy etdim, sen bolsa maňa bir tabak hurma iberipsiň. Munuň sebäbi nämedir? — diýip soraýar.

Onda Hasan:

— Men sogap gazanmak üçin köp haýyrly iş etmeli bolýan. Sen meniň gybatymy etmek bilen maňa örän köp sogap bagyş etdiň. Şonuň üçin hem men saňa hödür-kerem goýberdim — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Isra gijesi[1] asmana çykanymda jeset iýip oturan adamlary gördüm. Men Jebraýyldan: «Eý, Jebraýyl bular kimler?» diýip soranymda, ol: «Bular adamyň etini iýenler, ýagny gybat edenler» diýip jogap berdi» diýýär.

* * *

Fazyl: «Ähli zat gowulyk bilen gutarsa gowudyr. Gybat terk edilende gowy bolýandyr» diýýär.

---

[1] Isra gijesi — Muhammet pygamberiň asmana galan gijesi.

* * *

Bir gezek Amr ibn As egindeşleri bilen gidip barýarka eşegiň maslygynyň üstünden barýar. Ol egindeşlerine seredip: «Adam etini iýeniňizden şu eşegiň etinden iýip garnyňyzy gerk-gäbe doýuryň» diýýär.

* * *

Abu Hureýra: «Maňa iki günäden birini saýla diýseler, ýagny remezan aýynda agyz bekli wagty suw iç ýa-da gybat et diýseler men suw içip agzymy açardym» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim gybat edilýän ýeri terk edip gaýtsa, Allatagala onuň günäleriniň ýarysyny geçýär» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Gybat etmek, oraza tutanyň agzyny açýar, täret alan adamyň täretini-de, namazyny-da bozýandyr» diýýär.

# ÝIGRIMI SEKIZINJI BAP

## ALLATAGALANY ÝATLAMAK, OŇA DOGA ETMEK, MYNAJAT ETMEK, ONDAN GEÇIRIMLILIK SORAMAK, PYGAMBER ALAÝHYSSALAMA DOGA ETMEK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam egindeşlerine: «Dileg-doga edeniňizde: «Alladan başga Hudaý ýokdyr. Ol şäriksizdir. Ol ýer ýüzüniň şasydyr we öwgä mynasypdyr. Diňe Ol ähli zatlara kadyrdyr (başarýandyr)» diýip dileg ediň. Ilki öwgi aýdyp, soňundan edilen dileg kabul bolýandyr» diýýär.

* * *

«Adam adamdan dileg edýär. Onsoň bütin dünýäni, ýeri Ýaradandan, beýik Taňrydan zat dilenmezmi?».

* * *

Hezreti Alynyň dogasy. Ol: «Eý, Allam! Meni özüňden başga mätäç etme. Özüňden başgadan pes etme» diýerdi.

* * *

Atyka bint Halyt Hyzagy: «Men Ümmi Magbadyň gyrnagydym. Ümmi Magdat batyl (gözi kör) bolandan soňra, men ony idip gezýärdim. Ol Muhammet alaýhyssalamyň köp

gaýtalaýan dilegini okardy. Ümmi Magbat: «Eý, Allam, meniň dilimi ýalan sözlerden, ýüregimi ýaman niýetden, gözümi hyýanatdan, eden amalymy görünmek üçin etdi diýen pikirden özüň gora we päk sakla» diýerdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bela-beteriň möwç urýan tolkunyny doga bilen gaýtaryň» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Doga-dileg ediň. Bela-beterden, heläkçilikden diňe Alla ýüz tutylyp halas bolunýandyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Doga edip, umydyňyzy üzmäň, entek doga-dileg edip heläk bolan ýokdur» diýýär.

* * *

Jabyr Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Allatagala bendesine bereket berende eden doga-dilegine laýyk edip berýär» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Eý, Allam! Meniň dinimi gowula, ol meniň päkligimdir. Meniň bu dünýämi gowula, ol meniň ýaşaýan ýerimdir. Meniň ahyrýetimi gowula, ol meniň gaýdyp barmaly ýerimdir. Ýaşan ömrümde eden haýyr işlerimi zyýada et. Ölümimi rahat, asuda et. Ähli şer işlerden özüň gora» diýerdi.

* * *

Şureýih: «Eý, Allam, sogap iş etmän, Senden jenneti dileýärin. Hiç bir günä işi terk etmän, senden dowzahyň odundan halas etmegiňi soraýaryn» diýerdi.

* * *

Bir çarwadan:

— Sen dileg etmäni halaýarsyňmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Hawa! Men şeýle dileg edýärin, ýagny «Eý, Allam! Biz Senden yslam dinini soramasakda, Sen bize bu dini peşgeş berdiň. Indi bolsa biz senden jenneti dileýäris» diýýärin — diýip jogap berýär.

* * *

Şureýih dileg edende: «Eý, Allam! Günäleri terk etmedik hem bolsam günämi geç. Ammallaryňy berjaý etmedik hem bolsam jenneti dileýärin» diýýär.

* * *

Bir çarwa özüni naharlan adama: «Meni naharlanyň, iýdirip-içireniň üçin Allatagala seni jennetde pygamberleriň iýýän naharyndan iýdirip-içirsin» diýip dileg edýär.

* * *

«Bilim günäleriň degirmenidir».

* * *

Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eý, Allam! Seniň geçirimliligiňi dileýärin. Gapyl bolmakdan özüň gora. Ýüregime ýagşy niýetleri guý. Senden başga Hudaý ýokdur» diýýär.

* * *

Muaryk Ajaly: «Men kyrk ýyllap Allatagaladan bir zady diledim. Emma hajatym ýerine ýetmedi. Men onda-da hajatymyň ýerine ýetmeginden umydymy üzmedim» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Eý, Allam! Meniň ýüregimdäki hyýanaty we kezzaplygy aýryp, ýerine dogruçyllygy we ynamdarlygy guý» diýip dileg edýär.

* * *

Maruf şeýle wakany gürrüň berýär. Ol: «Haja baran adamlar Arafat dagynda ellerini göge uzadyp dileg edýärdiler. Türkmenlerden bir adam sesini çykarman durdy. Ol dileg edip bilenokdy. Ol türkmen aglap öz içinden: «Eý, Allam! Şu adamlar näme dileýän bolsa, men hem şony dileýärin» diýýärdi. Şol gije ýagşyzada adamlaryň düýşüne Allatagala girip: «Arafat dagynda dileg eden türkmeniň dogasy üçin, şu ýylda haj eden ähli adamlaryň hajy kabuldyr» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Doga-dileg mömininiň ýaragydyr, yslam dininiň sütünidir, asman-zemininiň nurudyr» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Mübärek namaz okap otyrka, bir adam gelip tiz-tizden namaz okap, dileg etmän, turup gitmekçi bolýar. Abdylla ibn Mübärek onuň donunyň synyndan çekip: «Sen

näme Allatagaladan hiç zada mätäç dälmi?» diýip soraýar we ony ýerinde oturdýar.

* * *

Bir adam emewiler halypasy Omar ibn Abdylezize:

— Yslam dininden haýyr tap — diýeninde, Omar ol adama:

— Men yslam dini üçin haýyr işler etsem has gowy bolar — diýýär.

* * *

Zuhary Gurhan ýa-da hadys okanda: «Eý, Allam! Men Senden bu dünýäde we ahyrýetde bar bolan ähli haýyr işleriňi dileýärin we bu dünýäde we ahyrýetde bar bolan şer işlerden Özüň penakärlik etmegiňi soraýaryn» diýip dileg ederdi.

* * *

Wahhap: «Amal etmän dileg edýän adam misli kirişsiz ýaýdan ok atýan ýalydyr» diýýär.

* * *

Tawus ibn Kiýsan: «Eý, Allam! Ilki bilen iman we amal ber. Soňra zürýat we baýlyk ber» diýip dileg ederdi.

* * *

Amyr ibn Abdylkaýs her gün daň bilen turup, ertir namazyny okandan soňra: «Eý, Allam! Häzir adamlar ukudan turup, her kim öz işi bilen meşgul bolarlar. Olaryň her haýsynyň öz isleýän zady, hajaty bardyr. Men senden günälerimi geçmegiňi soraýaryn» diýerdi.

* * *

Zübeýt Ýamy bir kiçijik halta hoz salyp, olary metjide elterdi. Ol çagalary ýygnap, kim meniň üçin dileg etse, bäş hoz berjek diýerdi. Çagalar ellerini göge galdyryp: «Eý, Allam! Zübeýdiň günäsini geç!» diýip dileg ederdiler. Zübeýt bolsa: «Eý, Allam! Bu çagalaryň dilegini kabul et, olaryň zirre ýaljakda günäsi ýokdur» diýip dileg ederdi.

* * *

Baky ibn Welit: «Bir gezek deňizde ýüzüp barýarkak, apy-tupan turdy. Hemme adamlar aglap başladylar. Ybraýym Edhem bu wagt uklap ýatyrdy. Ol adamlaryň agy sesine oýandy we oturan ýagdaýynda elini göge galdyryp: «Eý, Allam! Sen bize gudratyňy görkezdiň, indi bolsa geçirimliligiňi görkez» diýip dileg etdi. Deňizdäki apy-tupan şol wagtyň özünde köşeşdi» diýýär.

* * *

Şagby dileg edende: «Eý, Allam! Meniň günäm köpelip, görlüp-eşidilmedik derejä ýetdi. Emma meniň bu günälerim Seniň geçirimliligiň ýanynda örän kiçidir. Şonuň üçin meniň günälerimi geçmegiňi soraýaryn» diýýär.

* * *

Jebraýyl perişde Adam alaýhyssalama: «Dileg-doga edeniňde: «Eý, Allam meni bu dünýäde-de, ahyrýetde-de geçirimlilik donuna büre. Ylahym akybetim magfyretli bolsun» diý diýýär. Adam alaýhyssalam Jebraýylyň diýenlerini gaýtalaýar. Jebraýyl Adam alaýhyssalama doga-dileginiň kabul bolandygyny buşlaýar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allatagala hazynasynyň açarlaryny Adama we onuň zürýatlaryna berdi. Adamlar dileg edende, Allatagalanyň hazynasynyň gapylary açylyp, olaryň dilegleri kabul bolýandyr we hajatlary ýerine ýetýändir» diýýär.

* * *

Bir çarwa Abdylla ibn Jarda: «Allatagala ähli bela-beterden üstün çykmak üçin sabyrlylygy ýaratdy. Allatagalanyň adamlara beren nygmaty üçin näçe şükür aýtsaň hem az bolýandyr. Allatagala gije bilen gündiziň yzygider ýerini çalyşyp, durmagy adamlara delil edip ýaratdy. Allatagala ähli zulum işleri, bela-beteri dep etmek üçin doga-dilegi ýaratdy» diýýär.

* * *

Doga asmandaky ähli nygmatlaryň açarydyr.

* * *

Allatagala adamlara toba etmek üçin doga-dilegi, günäsini ýuwmak üçin bolsa magfyreti ýaratdy.

* * *

Bu günki gün Allatagala ynanyp, oňa ybadat eden adam ertirki gününden arkaýyndyr.

* * *

Sufýan ibn Söwrä «Doga et» diýenlerinde, ol: «Günä işleri terk etmegiň özi dogadyr» diýip jogap berýär.

* * *

Asmagy: «Bir çarwa arabyň: «Eý, Allam! Eger meniň yrsgalym asmanda bolsa, ony maňa ýere inder. Eger ýeriň aşagynda bolsa, ýeriň ýüzüne çykar. Eger daş ýerde bolsa ýakynlaşdyr. Eger ýakyn ýerde bolsa yrsgalymy gazanmasyny ýeňilleşdir. Eger yrsgalym az bolsa köpelt. Eger köp bolsa onda ony meniň üçin bereketli bolar ýaly et» diýip, dileg edenini eşitdim» diýýär.

* * *

Amr ibn Ubeýt: «Eý, Allam! Meniň ýüregimde saňa bolan mätäçligi köpelt. Bu dünýäde nebsime kanagat we dinime berklik ber» diýip dileg edýär.

* * *

Bir adam Hasan Basrynyň ýanyna gelip, bir adamyň oňa azar berýändigini aýdyp şikaýat edýär. Onda Hasan Basry ol adama:

— Agşam namazyndan soň iki rekagat namaz oka. Egniňe salam bereniňden soň, sejde edip Allatagala doga-dileg et. Soňra Muhammet alaýhyssalama doga oka, soňra: «Eý, Allam! Pylanynyň zulmundan özüň gora» diýip, dileg et — diýýär.

Ol adam Hasana sag bolsun aýdyp, öýüne gaýdýar. Gijäniň bir wagty Hasan jynaza çagyrylýan sese oýanýar. Ol:

— Kim dünýäden ötdi? — diýip soranda, jynaza çagyrýan adam:

— Pylany tarpa-taýyn wepat boldy — diýýär.

Wepat bolan adam gündiz Hasanyň ýanyna gelen adama zulum eden adamdy.

* * *

Bir gezek Musa alaýhyssalam: «Eý, Rebbim! Sen maňa meniň umyt edip garaşýan nygmatymdan-da köp nygmat eçilýärsiň?» diýýär. Onda Allatagala oňa: «Eý, Musa! Şeýle ýagdaýda «Maşalla!» ýa-da, «Alladan başga-da güýç-kuwwat ýokdur» diý» diýýär.

* * *

Bir dana: «Enäniň dogasy çagasy üçin gorag ýapynjasydyr» diýýär.

* * *

Çarwa: «Eý, Allam! Maňa gorkýanlaryň amalyny we amal edýänleriň gorkusyny ber» diýip dileg edýär.

* * *

Bir gezek Aly ibn Isa ibn Mahan[1] Balh[2] şäherinde Ysam ibn Ýusup Zahyda[3] duşýar. Aly oňa salam berýär. Emma Ysam onuň salamyny alman, ondan ýüz öwürýär. Onda Aly elini göge galdyryp: «Eý, Allam! Bu adam saňa ýakynlaşmak üçin

---

[1] Aly ibn Isa ibn Mahan apbaslylar halypasy Reşidiň we onuň ogly Muhammet Eminiň serkerdeleriniň biri. Muhammet Emine Mamuny tagtdan agdarmagy maslahat berenem Aly ibn Isady. Muhammet Emin ony Yspyhan, Hemedan, Jebel, Kum we şol ýerdäki obadyr şäherlere häkim belleýär we 40 000 atla baş edip Mamunyň üstüne ugradýar. Ol Reýde Mamunyň goşunyna duşýar. Mamunyň goşunyna Tahyr ibn Hüseýin serkerdelik edýärdi. Bu söweş 195-nji hijri ýylynda bolýar. Bu söweşde Ibn Mahan öldürilip, goşuny derbi-dagyn edilýär.

[2] Balh Horasanyň meşhur we owadan şäherleriniň biridir. Bu şäherde örän köp haýyr işler edilendir we örän köp ulamalar bu şäherden çykandyr. Bu şäher Osman ibn Awwan (goý, Alla ondan razy bolsun!) halypalyk eden döwründe Ahnaf ibn Kaýs tarapyndan basylyp alynýar.

[3] Ysam ibn Ýusup Balhy Ybraýym ibn Ýusubyň dogany. Meşhur hadysçy. Ol 215-nji hijri ýylynda Balhda wepat bolýar.

maňa özüni ýigrendirýär. Eý, Allam! Şonuň üçin meniň günämi geç» diýip dileg edýär.

* * *

Mamunyň weziri her gün Mamun bilen Hysrow Anuşirwanyň salamlaşyşy ýaly salamlaşardy. Salamdan soň Mamuna: «Ýaşaýyşa gadam basdyň, ýetişdiň, emma zenan maşgalanyň tagatyna düşmejek bol» diýerdi.

* * *

Abdylla ibn Abu Awfy: «Muhammet alaýhyssalam ir bilen ukudan turanda: «Ýeke-täk Allatagalanyň ýaradan ähli janly-jandarlaryna şu wagt jan girdi, ukudan oýandy. Eý, Allam! Günüň birinji ýarymyny ýagşy işleri eder ýaly et. Olara günüň ortasynda olary günä işlerden halas et. Günüň ahyrynda bolsa, ähli işlerimizde üstünlik ber. Bu dünýäde we ahyrýetde-de haýyr işlere gönükdir. Eý, rehimlileriň iň rehimlisi!» diýip, dileg ederdi» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Omar Abu Eýýup hakda şeýle wakany gürrüň berýär. Ol: «Men Muhammet alaýhyssalamyň yzynda durup namaz okap görmedim. Bir gezek ol metjitden çykyp barýarka: «Eý, Allam! Meniň ähli günälerimdir, ýalňyşlarymy magfyret et. Meni günä işlerden daşlaşdyryp, ýagşy haýyr işlere gönükdir. Senden başga hiç kim ýagşy işlere gönükdirip, günäni magfyret edip bilýän däldir» diýdi diýýär.

* * *

Awzagy: «Muhammet alaýhyssalam: «Eý, Allam! Meniň ýagşy işlerimi ugruna et, Sen hakynda oýlananymda ýagşy

pikir we Saňa bolan çäksiz ynam we söýgi ber» diýip dileg edýärdi» diýýär.

* * *

Bir gezek Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) haj edip ýörkä, bir adamyň Käbäniň matasyndan asylyp: «Eý, doga-dileglere jogap berýän, ýalňyş işlerden päkleýän, ýeriň, asmanyň, ähli mahluklaryň Şasy! Maňa magfyretiň, geçirimliligiň lezzetini dadyr» diýip dileg edýär. Onda Hezreti Aly:

— Alladan ant içýärin, bu sözlerden soň seniň günäň ýer bilen asman aralygyny dolduryp duran hem bolsa, Allatagala saňa magfyret eder — diýýär.

* * *

Abu Zerr: «Doga-dilegsiz namaz, duzsuz tagam ýalydyr» diýýär.

* * *

Doga-dileg etmegiň hem öz edebi bardyr. Azan bilen kamatyň aralygynda edilen doga-dileg jogapsyz galmaýar. Muhammet alaýhyssalam: «Azan bilen kamatyň aralygynda, sejdede, daňdan wagty kybla bakyp, eliňi galdyryp edilen dileg kabul bolýandyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala kerimdir, sahydyr. Ol elini galdyryp, dileg eden bendesini boş goýmakdan utanar» diýýär. Muhammet alaýhyssalam elini galdyryp dileg edip bolandan soňra, elini ýüzüne sylardy, emma ýere seredip durardy. Ol dileg edende sesiňi gataltman ýwaşjadan dileg etmegi ündeýärdi.

* * *

Ýagşyzadalaryň biri metjitde otyrka bir Habyp Ajamy: «Eý, Allam! Meni ýagşy işler eder ýaly et. Kyýamat gününiň ezýetinden halas et. Eden ýagşy işlerimde üstünlik ber» diýip dileg edýär. Onda onuň dilegini diňläp oturan ýagşyzada:

— Dileg edeniňde özüňi pes tutmaly, sesiňde we ýüregiňde mätäçlik duýulmaly. Doga-dileg ýedi sözden köp bolmaly däl — diýýär.

* * *

Dileg edeniňde ilki Allany ýatla, zikir et. Soňra bolsa hajatyňy aýt.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Doga-dileg eden adam dogadan soňra «Ähli ýagşy we salyh işler onuň emri bilen ýerine ýetýän Allatagala öwgüler bolsun» diýmelidir ýa-da gysgaça: «Her halda-da, Allatagala öwgüler bolsun» diýip aýtmaly» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam doga okanda ilki bilen «Subhana Rebbil-agla al-wehhaba»[1] diýip başlardy.

* * *

Abu Süleýman Darany: «Dileg edeniňde ilki bilen Muhammet alaýhyssalamyň ruhuna doga okamaly, soňra dilegiňi aýdyp, ýene-de Resulalla doga okamalydyr. Bu iki dogany kabul eden Allatagala aralykdaky dilegi kabul etmän goýmaz» diýýär.

---

[1] Peşgeş beriji Beýik Alla ähli zatlardan päkdir.

* * *

Köplenç rysgalyňy güýç-kuwwat bilen däl-de, diliň bilen hem gazanyp bolýar, ýagny Allatagaladan dileg edip.

* * *

Doga-dileg edilende «Ämin» diýmeklik «Eý, Allam! Biziň dilegimizi kabul et» diýmeklikdir.

* * *

Bir adam Muzebbide: «Allatagala seniň janyňy alsyn» diýýär. Onda Muzebbit: «Ämin» diýýär, soňra bolsa: «Müň ýyldan soňra» diýýär.

* * *

Bir adamdan:

— Mugawyýa babatynda näme aýdyp bilersiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Alla oňa rehim etsin we ondan razy bolsun! — diýýär.

Onda ol adamdan:

— Onuň ogly Ýezit hakynda näme aýdyp bilersiň? — diýip soranlarynda, ol adam:

— Oňa we onuň ata-babasyna Alla lagnat etsin — diýip jogap berýär.

* * *

Araplarda «Allatagala onuň nuruny öçürsin» diýip, dileg etmek biriniň kör bolmagyny dileg etmekdir. Haçan-da «Allatagala onuň köwşüni çykarsyn» diýlende, ol adamyň aýagynyň şel bolmagyny dileg etmeklikdir.

* * *

Bir gezek Müslim ibn Ýasar bir adamyň özüne zulum eden adama jeza bermegini sorap, Allatagala dileg edip oturandygyny eşidýär. Müslim ol adama:

— Zulum edeni üçin oňa jeza sorap dileg etme. Allatagalanyň özi ol adama eden işi üçin jeza berer. Seniň dileýän jezaňdan Allatagalanyň oňa berjek jezasy güýçliräkdir — diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziz: «Eý, adamzat! Daşyňdan Iblise lagnat aýdyp, içiňden oňa tagat edýänlerden bolmagyn» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Eý, Allam! Seniň didaryňdan doýmakdan, seniň hak ýoluňdan azaşmakdan, seniň beýikligiňi kemsitmekden, saňa mätäç bolmazlykdan özüň sakla» diýip dileg edýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eý, Allam! Meniň ýüzümi utanç perdesi bilen gora, namarda mätäç etme, onuň öňünde meni kemsitme. Ähli şer işlerden özüň gorap, hak ýolunda eden işimi rowaç eýle» diýip dileg edýär.

* * *

Hasan Basry: «Eý, Allam! Gorkmaýan ýürekden, Saňa sena aýtmaýan dilden, Seniň goýan parzlaryňa garşy gelýän amallardan özüň gora» diýip dileg edýär.

* * *

Rabyýa Kaýysyýanyň gapysy kakylsa, ol elini göge galdyryp: «Eý, Allam! Meni Seniň ybadatyňdan goýjak bolýan myhmandan özüň gora» diýip dileg edýärdi.

* * *

«Eý, Allam! Kyýamat gününiň şerinden we namarda mätäç bolmakdan özüň gora».

* * *

Adamlar üýşmek-üýşmek bolup Arafat dagyna haja gidip barýarkalar, olar bilen deň ýöräp barýan bir çarwa: «Eý, Allam! Şu barýan adamlar seni güýmäp ýetişmänkä, meniň günämi geç» diýip dileg edýär.

* * *

Bir gezek Jebraýyl Muhammet alaýhyssalama: «Eý, Muhammet! Dileg edeniňde: «Eý, Allam! Küpür (ýaman) işden, garyplykdan, mätäçlikden we utançly ýa-da masgara bolmakdan özüň gora» diýip dileg et» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Eý, Allam! Saňa ynanandan soň şek etmekden, şeýtanyň alyndan, kyýamat gününiň muşakgatlaryndan özüň gora» diýip dileg edýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kyýamat güni azap berilmejekleriň arasynda durmagyň özi iň uly nygmatdyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!):

— Dowzahyň odundan halas bolmagyň açary adamyň öz elindedir — diýýär.

Onda Hezreti Alydan:

— O nähili? — diýip soranlarynda, ol:

— Allatagaladan günäňi geçmegini dileg etmek, dowzahdan halas bolmagyň ýoludyr — diýýär.

* * *

Bekr ibn Abdylla Mezini: «Kim-de kim köp günä iş eden bolsa Allatagaladan günäsiniň geçmegini sorap, köp dileg etmeli. Kyýamat güni ol adamyň günä-sogap işleri ýazylan kitabynda günä iş edendigi ýazylan sahypanyň ýekeje ýerinde «Bu adam şu gün toba edip dileg etdi» diýip ýazylan bolsa, onda adamyň şol günki günäsi geçiler» diýýär.

* * *

Omar ibn Ubeýt haj edip ýörkä keselleýär. Ol: «Eý, Allam! Sen maňa iki zatdan, seniň razylygyňy ýa-da bu dünýäniň aýşy-eşretinden birini saýla» diýdiň. Men seniň razylygyňy saýladym. Meniň günämi geç we kyýamat azabyndan gora» diýip dileg edýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Mis küýzäniň owadanlanyp nagyşlanyşy ýaly, ýüregiň hem öz owadanlygy hem görki bardyr. Allatagala ynanmak, iman getirmek we oňa dileg etmek ýüregiň zynatydyr» diýýär.

* * *

Salym Merri: «Eý, Allam! Saňa ýaramaýan işleri etmekden özüň gora. Saňa dileg edenimde dileýän zadymdan mahrum etme. Eý, Allam, Senden magfyret soranymdan soň, Sen maňa azap berme» diýip dileg edýärdi.

* * *

Bir adam:

— Men günde özümiň günä işlerimi kagyz otlan ýaly otlaýaryn — diýýär.

Onda başga adamlar ondan:

— Ol nähili? — diýip soranlarynda, ol adam:

— Men günde Allatagala meniň günämi geçmegini sorap dileg edýärin — diýip jogap berýär.

* * *

Günä iş etmäge eltýän zatlardan we Allanyň berýän yrsgalyna böwet bolýan päsgelçiliklerden Allanyň özi gorasyn.

* * *

Danalaryň biri: «Gijäni gaflat ukusunda geçirip, daňdan ökünmekden Allanyň özi gorasyn» diýýär.

* * *

Alymlaryň biri: «Adam günä işi bilen nygmatyň aralygynda durandyr. Haçan-da ol bu ikisiniň birini edende ýa-ha Allatagala öwgi, sena ýa-da oňa toba edip günäsini geçmegini soramaly bolar» diýýär.

* * *

Rabyga ibn Haýsam: «Hiç haçan «Eý, Allam! Men saňa toba edýän, meniň günämi geç» diýmäň. Eger beýle diýip

soňra diýeniňi etmeseň, ýalan sözlärsiň we günä gazanarsyň. Şonuň üçin: «Eý, Allam! Meniň günämi geç we tobamy kabul et» diýip, dileg etmeli» diýýär.

* * *

Fazyl: «Allatagaladan günäňi geçmegini sorap, soňra günä iş etmegiňi dowam etmek kezzaplaryň tobasy ýalydyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Asmagy Harun Reşide:

— Seni bize beren Allatagala öwgüler we sena bolsun! — diýýär.

Onda Harun Reşit:

— Ol näme diýdigiň bolýar? — diýip soraýar.

Asmagy:

— Adyl we sahy patyşa Allatagalanyň ýaradanlaryna (bendelerine) beren nygmatydyr. Menem Allatagalanyň beren nygmaty üçin oňa öwgi aýtdym — diýýär.

* * *

Eden işine ökünip, Allatagala toba eden adamyň tobasy kabul bolup, günäsi geçilýändir. Emma onuň özi bu hakynda bilýän däldir.

* * *

Ows ibn Hajar ýagmyr ýaganda Allatagala öwgi aýdyp şeýle diýýär:

Seniň başarýanyň hiç kes başarmaz,
Sungat eýeleri saňa taý bolmaz.

Biribardyr asman-zeminiň şasy,
Mätäçdir ynsanlar — baýdyr-gedasy.

* * *

Bir gezek Sira Sakty[1]: «
— Men kyrk ýyl bäri Allatagaladan günämi geçmegini we oňa öwgi aýtmagy dilimden düşüremok — diýýär.
Adamlar ondan:
— Ol näme üçin? — diýip soranlarynda, ol:
— Kyrk ýyl mundan ozal bazardaky dükanlara ot düşdi. Meniň bazarda dükanym bardy. Men bazardaky dükanlaryň ýanýandygyny eşidip, egin-eşigimi geýip bazara tarap ylgadym. Bazara gelsem meniň dükanyma ot düşmändir. Şonda men Allatagala öwgi we sena aýtdym we şu güne çenli günde Oňa öwgi aýtmagymy dowam edýärin — diýýär.

* * *

Bir gezek Ady[2] ibn Rukkag Omar ibn Abdyleziziň huzuryna barýar. Emma Omar ony kabul etmeýär. Onda Ady gapyda duran hyzmatkäre:
— Omara aýt, men Allatagala öwgi aýtmak bilen başlaýan goşgy goşdum — diýýär. Omar ony ýanyna çagyrýar. Ady oňa şeýle diýýär:

Öwgüdir-sena bolsun Omary ýaradan Alla,

[1] Sira ibn Musellis Sakty Abu Hüseýin Bagdatda sopuçylyk we towhyt (Allanyň birligi hakyndaky ylym) hakynda söz açan adam. Ol bagdatlylaryň ymamy we iň sylag-hormat goýulýan adamlarynyň biridir. Ol takwa, hudaýhon adamdy. Sira ibn Sukty 251-nji ýa-da 253-nji hijri ýylynda Bagdatda wepat bolýar we Şuniziýa gabrystanlygynda jaýlanýar.
[2] Ady ibn Zeýt ibn Mälik ibn Ady ibn Rukkag Amyly. Ol emewiler halypalarynyň köşk şahyrlarynyň biri we Jeririň döwürdeşidir. Onuň halkyň içinde “Şam iliniň şahyry” diýen lakamy ýörgünlidi. 95-nji hijri ýylynda Damaskda wepat bolýar.

Halkyň howandary sensiň Hatam Taý kimin ylla.

Kuraýşyň oglusyň sen hem-de halkyň halany,
Halkdyr äşgär ediji ýagşy bilen ýamany.

Bu goşgyny eşiden Omar Ada özüniň gymmatbaha daşlar bilen zynatlanyp ýasalan gylyjyny sowgat berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam sapara gidip barýan adama: «Allatagala seni öz penasynda aman saklap, haýyr işe gönükdirsin. Saparda seniň takwalygyňy we yrsgalyňy zyýada etsin» diýip dileg edýär.

* * *

Jahyz: «Käbir patyşalar asgyranda Allatagala öwgi aýdýan däldir we dileg edende kabul boljagyna ynanýan däldir» diýýär.

* * *

Enes: «Kimdir biri asgyrsa: «Alla öwgiler bolsun!» diýmelidir. Onuň öwgi aýdanyny eşiden adam: «Allatagala saňa rehim etsin!» diýmelidir. Onda asgyran adam: «Allatagala seni dogry ýola salsyn we öz penasynda saklasyn» diýmelidir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kim-de kim asgyryp Allatagala öwgi aýtmasa, kyýamat güni sorag ediler» diýýär.

* * *

Halyt ibn Welit beni bakylanyň galasynyň daşyna goşuny bilen baryp düşýär. Galadan üç ýüz elli ýaşan bir garry adam çykýar. Onuň elinde awy bardy. Halyt ondan:

— Sen ony näme etmek isleýärsiň? — diýýär.

Onda ol garry:

— Eger sen meniň halkym bilen ylalaşsaň, onda men Allatagala öwgüdir sena aýdyp, bu awyny içerin. Eger meniň halkym bilen ylalaşyp bilmeseň, onda men kemsidilen adam hökmünde halkymyň arasyna bararyn we olardan ötünç sorap awyny içip, bu dünýäden öterin — diýýär.

Halyt ol garrynyň elindäki awyny alyp:

— Ýeri we asmany ýaradan beýik Allanyň ady bilen, onuň ady tutulanda hiç bir zat zyýan ýetirip bilmeýändir — diýip, awyny içýär.

Ol az-kem uklan ýaly bolup, soňra oýanýar. Garry adam öz kowumynyň arasyna baryp:

— Olar şeýtanyň gaşyndan gelipdirler. Olar näme talap etse, şony berip başyňyzy gutaryň — diýýär. Beni bakyla Halyt ibn Welide ýüz müň dirhem berip ýaraşyk baglaşýarlar.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir adama eden günä işi üçin gamçy urmagy emr edýär. Ol adam aýak aldygyna tesbi sanap ugraýar. Onda Omar gamçy urmakçy bolýanlara:

— Duruň, günä iş eden adam tesbi sanaýan bolsa, diýmek onuň kalbynda tobanyň uçgunlary dörän bolmaly — diýýär we ol adamy jezadan boşadyp goýberýär.

* * *

Hasan Basry: «Alladan başga hudaý ýokdur» diýmek jennetiň bahasydyr» diýýär.

* * *

Fazyl: «Allatagala öwgüdir sena aýdan adamlar kyýamat güni oňa iň ýakyn we onuň iň gowy görýän adamlary bolarlar» diýýär.

* * *

Ibn Semmäk: «Adamy ýaradan Beýik Allatagala öwgüler bolsun. Ol adama gözüň üsti bilen görmek nygmatyny, gulagyň üsti bilen eşitmek nygmatyny, diliň üsti bilen gürlemek nygmatyny bagyş etdi» diýýär.

* * *

Sagyt ibn Jübeýr: «Kyýamat güni ähli haýyr-sogap iş eden adamlar jennete girmäge garaşyp durarlar. Şonda özüniň gynançly ýa-da begençli ýagdaýyna seretmezden Allatagala öwgi aýdan adamlar ilkinji bolup jennete girmäge çagyrylarlar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Gapyl, Allany ýatlamaýan adamlaryň arasynda ýaşap, Allany ýatlap oňa öwgi aýdýan adam guran agaçlaryň içinde ýaşyl ýapraga bürenip oturan agaç ýalydyr» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: Allatagala: «Men, Meni ýatlan bendäm bilendirin diýdi» diýýär. Ondan: «Haýsy amal haýyrlydyr»

diýip soranlarynda, ol: «Ölјek wagtyňda-da Allany ýatlamak iň haýyr-sogaply işdir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Ertirden agşama çenli Allany ýatlamak, oňa öwgüdir sena aýtmak, din üçin gylyç syryp söweşmekden ýa-da Alla ýoluna mal-mülk sarp etmekden haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Uýaýna: «Haýsydyr bir kowumyň adamlary üýşüp Allany ýatlaýarlar. Bu halaty gören şeýtan bilen baýlyk olardan daşlaşýarlar. Şeýtan baýlykdan:

— Olaryň näme bilen meşgul bolýandygyny görýärsiňmi? — diýip soranda, baýlyk:

— Sen hiç zady gaýgy etme, olar dagaşanda men olary ýeke-ýekeden seniň ýanyňa elterin — diýýär.

* * *

Dawut alaýhyssalam: «Eger meniň zikir edip, Allany ýatlaýanlaryň mejlisini taşlap, gapyllaryň mejlisine gitsem, meniň aýagymy döwüň. Zikir edýänleriň mejlisine gatnaşmak uly nygmatdyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Hureýra bazara baryp, bazarda söwda-satyk bilen meşgul bolup oturan adamlara:

— Siz-ä bärde otyrsyňyz, metjitde bolsa Muhammet alaýhyssalamdan galan miras paýlaşylýar — diýýär.

Söwdagärler işi-pişesini taşlap, metjide eňýärler. Az salymdan söwdagärler lapykeç halda yzyna dolanyp gelip, Abu Hureýra:

— Eý, Abu Hureýra! Bizä metjitde paýlaşylýan miras görmedik — diýýärler.

Onda Abu Hureýra olardan:

— Metjitde näme gördüňiz? — diýip soraýar.

Olar:

— Bir topar adam Allatagalany ýatlap otyr, ýene bir topary Gurhan okap otyr — diýýärler.

Onda Abu Hureýra:

— Ynha şol hem Muhammediň bize goýup giden mirasyda — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Agşamdan daň atýança Allany ýatlan adam ertirden agşama çenli Allatagalanyň penasynda aman bolar» diýýär.

* * *

Bir gezek Süleýman alaýhyssalam gidip barýarka äpet bir guş onuň üstünden uçup geçýär. Bu guşy gören beni ysraýyl taýpasyndan bir adam: «Dawudyň zürýady yzyna uly bir perişdäni salyp gelýär» diýýär. Onuň aýdanyny eşiden Süleýman: «Musulman adamyň tesbihi Dawudyň maşgalasyna berlen ähli zatdan haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim maňa doga, salawat okasa perişdeler oňa doga okarlar we onuň üçin Allatagaladan dileg ederler» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Musulmanlardan kimdir biri meniň üçin doga edip, nämedir bir zada ýazsa, onuň ýazan

dogasyndaky Meniň adym öçýänçä ol adama perişdeler doga ederler we Allatagaladan onuň günäsini geçmegini dilärler» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalam babatda şeýle diýýär. Ol: «Günä işlerden päk bolan zürýatlarymyň we olaryň çagalarynyň dogalary mustejapdyr[1]» diýýär.

* * *

Şumeýr ibn Harys ibn Derrar Saba şeýle diýýär:

Gije-gündiz Alladan örän köp dileg etdim,
«Eşdilmedi dileglem» diýip gümana gitdim.

* * *

Amr ibn Jurmuh Ensary şeýle diýýär:

Eden günälerime edýärin toba,
Dowzah odyndan gözläp gaçybatalga.

Bardygy üçin oňa aýdýaryn öwgü-sena,
Onuň barlygy aýan ähli garry, juwana.

[1] Mustejap — kabul bolýan doga.

* * *

Nabyga Jagdy[1] şeýle diýýär:

Alla öwgüler bolsun oňa hiç şärik ýokdur,
Kalby imanly kişiň mydama ýoly akdyr.

* * *

Musa alaýhyssalam Allatagaladan: «Eý, Rebbim! Seniň menden razy bolanyňy men nähili edip bilerin?» diýip soranda, ol: «Eý, Ymranyň ogly! Maňa öwgüdir sena aýtmagyň meni razy etdigiňdir» diýip jogap berýär.

* * *

Beni ysraýylyň: «Alladan başga hiç kimde güýç-kuwwat ýokdur» diýenleri üçin Allatagala olary alty ýüz ýyllap azapdyr ezýetden boşadýar.

* * *

Bir gezek Musa alaýhyssalam beni ysraýylyň bir obasyndan geçip barýarka, bu obanyň baýlarynyň ýamaly eşik geýip, kellelerinden gum sowrup aglaýandyklaryny görýär. Olaryň gözýaşlary sil dek akýardy. Musa alaýhyssalam bu ýagdaýy görüp, olara rehimi inýär we «Eý, Allam! Bu adamlar saňa arzlaryny ýetirmek üçin guş deý saýradylar, möjek deý uwladylar, it deý üýrdüler. Olara rehim et» diýip dileg edýär. Musa alaýhyssalama wahy inýär. Oňa: «Eý, Musa! Sen olaryň näme üçin beýle edýändiklerini bilmeseň-de, men bilýän. Maňa

[1] Kaýs ibn Abdylla ibn Adas ibn Rabyga Jagdy Abu Leýla Amyry. Muhammet alaýhyssalamyň egindeşidir we şahyrdyr. Nabyga onuň lakamydyr. Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna barýar we yslam dinini kabul edýär. Soňra Kufa göçýär. Mugawyýa halypalyk eden döwründe ony Yspyhana göçürýär. Ol 50-nji hijri ýylynda Yspyhanda wepat bolýar.

olaryň kalbyndaky ähli syrlary aýandyr. Men olaryň kalbynda dünýä malyna bolan söýgüden başga hiç zat göremok» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Söwri mydama: «Eý, Allam! Ähli bela beterden aman sakla» diýip dileg ederdi.

* * *

Dawut Taýy bolsa: «Eý, Allam! Ähli bela-beterden we dowzahyň odundan özüň halas et» diýip dileg ederdi.

* * *

Bir gezek Herem ibn Haýýan Uweýs Karny bilen hoşlaşanda ony öz öýüne myhmançylyga çagyrýar. Onda Uweýs Hereme: «Meniň bu ýerde oturyp, saňa dileg edip oturmagym, seniň öýüňe zyýarata baranymdan has haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Abu Müslim Hulanyny eger nämedir bir zat biynjalyk etse, ol: «Eý, kyýamat gününiň Şasy. Saňa ybadat edýäris we Senden kömek soraýarys» diýip dileg ederdi.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eý, Allam! Halkyň içinde meniň gürleýän gürrüňim gowy görülip, ýüregimdäkini ýigrenilmegimden özüň gora» diýip dileg edýär.

* * *

Bir dana: «Allatagala öwgi, sena aýdýan, oňa zikir edýän dil paýyş sözleri aýtmaly däldir» diýýär.

* * *

Bilal ibn Sagt[1]: «Zikir iki görnüşde bolýandyr. Birinji Allany ýatlamak, oňa öwgi we sena aýtmak. Ikinji bolsa Allanyň halal we haram eden zatlaryny ýatlamakdyr» diýýär.

* * *

Bir adam emewiler halypasy Abdylmälik ibn Merwanyň garşysyna çykýar we onuň gazabyndan gorkup ýurduny taşlap gaçyp gidýär. Ol adamyň hyzmatkäri bardy. Ol hojaýynynyň düşen ýagdaýyna gynanyp, bir gün gije täret kylyp, daň atýança doga-dileg edip oturýar. Hyzmatkäriň dogasyndan soň Allatagala Abdylmäligiň ýüregine rehim şepagat guýýar. Abdylmälik ol adamy yzyna çagyrýar we oňa: «Seniň jadygöýlikden habaryň barmy?» diýip soraýar. Onda ol adam: «Allatagala hajatyňy aýtmak üçin jadygöýlik gerek däldir» diýýär we hyzmatkäriniň eden işini gürrüň berýär. Abdylmälik ol adama we onuň hyzmatkärine gymmatbaha halat-serpaý ýapyp öýüne ugradýar.

* * *

Emewiler halypasy Hyşam ibn Abdylmälik ibn Merwan baýram namazynda hutbadan öň: «Eý, Allam! Saňa bihasap öwgüdir sena bolsun. Sen kime yrsgal eçilýärsiň, kimleri bolsa ondan mahrum edýärsiň. Kimi beýik derejelere galdyrýarsyň. Kimi peseldýärsiň, kime peýda edýärsiň, kime zyýan edýärsiň» diýip dileg ederdi.

---

[1] Bilal ibn Sagyt ibn Temim Aşgary Abu Amr Damasky. Damaskyň alym, zahyt, takwa we iň sylanýan adamlarynyň biri. Ol günde 1000 rekat namaz okardy. Ol we onuň kakasy Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleridir. Hyşamyň halypalyk eden döwründe wepat bolýar.

* * *

Amyr ibn Abdylla ibn Zubeýr ol Abdyllanyň iň dindar, hudaýhon, takwa ogludy. Amyryň kakasy ölüm ýassygynda ýatyrka ogluna: «Eý, oglum! Men Abu Bekri, Omary gördüm. Emma olar seniň ýaly dindar we takwa däldi» diýýär. Amyr kakasy öldürilenden soň bir ýyllap kakasyna doga edip gezýär. Ol namazdan soň metjitde galyp gijäniň bir wagtyna çenli doga edip oturardy. Bir gün ol metjitden gijäniň bir wagty öýüne çykyp gaýdýar. Ol öýüne girjek wagty doga-dileg edesi gelýär. Ol şol duran ýerinde elini göge galdyryp, doga edip başlaýar we daň atanyny duýman galýar. Bir gün ol metjitde doga edip otyrka, köwşüniň ogurlanýandygyny görýär. Emma dogasyny bölmeýär we öýüne aýakýalaňaç gaýtmaly bolýar. Ol Allatagalanyň adyny tutup ýa-da sypatlaryny (häsiýetlerini) sanap doga ederdi. Emma özüniň hajatyny aýtmazdy».

* * *

Sagt ibn Abu Wakgasyň kätibiniň eden dogasy mydama kabul bolýardy. Bir gezek kätibiň hyzmatkäri ondan pul dileýär. Onda kätip: «Meniň saňa berere zadym ýok» diýýär. Ol pullaryny köwşünde gizläp goýýardy. Şol gün onuň köwşi ogurlanýar.

* * *

Aly ibn Hüseýin: «Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim günüň dowamynda ýüz gezek «Alladan başga hudaý ýokdur» diýse, ol adam garyplykdan, gabyr azabyndan amandyr we özüni jennetiň gapysynda diýip duýup biler» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Japar ibn Muhammet: «Göze görünmeýän bela-beterden diňe Allatagala edilen dogadyr dilegler halas edip biler» diýýär.

* * *

Zuhary her mejlisiň ahyrynda doga dileg ederdi. Ol: «Eý, Allam! Biz senden bu dünýäde we ahyrýetde bar bolan ähli haýyr işleri dileýäris we bu dünýäde we ahyrýetde bar bolan ähli şer işlerden özüňiň goramagyňy soraýarys» diýýär.

* * *

Bir gije Amr ibn As namaz okap bolup soňundan «Eý, Allam! Sen maňa maly-dünýe berdiň, Sen maňa bala-çaga we uly dereje, wezipe berdiň. Emma men dowzaha düşmeli bolsam, şu beren zatlaryň deregine dowzahyň odundan halas et» diýip dileg edýär.

* * *

Ukba ibn Abdylgafyr[1]: «Içiňden edilen dileg daşyňdan eden dilegiňden ýetmiş esse sogaby köpdür. Kimdir biri daşyndan dileg edip, soňra içinden dileg etse, Allatagala ol adamy perişdelerine görkezip: «Bu meniň hakyky bendämdir» diýýär» diýip gürrüň berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim irden Allatagala zikr etse, ýatjak wagty magfyret dilese, Allatagala ol adamyň ertirden agşama çenli eden günä işlerini bagyşlaýar» diýýär.

---

[1] Ukba ibn Abdylgafyr Awzy Azady Abu Nahar Basry. Basraly meşhur hadysçylaryň biri. 82-nji ýa-da 83-nji hijri ýylyndaky bolup geçen gowgalaryň birinde şehit bolýar.

* * *

Ibn Mesgut: «Allatagala zikr etmek imanyň esasy bölegidir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalamyň ýaşan döwründe bir adam ogluny onuň ýanyna getirýär. Pygamber alaýhyssalam ol oglanyň maňlaýyna elini goýup, Alladan oňa bereket bermegini dileýär. Ol oglanyň maňlaýyna üýtgeşik saç bitýär. Ol oglan ulalýar. Gujur-gaýratly ýigit bolup ýetişýär. Hawaryjlar ýüze çykanda, ol hawaryjlaryň tarapyna geçýär welin, onuň maňlaýyndaky saç düşýär. Onuň kakasy oglunyň ýanyna baryp: «Eý, oglum! Sen ýalňyş ýola düşeniň sebäpli pygamberiň dileginden soň biten saçyň düşdi» diýýär. Ol oglan şolbada toba edýär. Birnäçe wagtdan soň, onuň maňlaýyna ýene-de şol öňküsi ýaly saç bitýär.

* * *

Musawwir ibn Mukryma[1] bilen Mugawyýa gürleşip otyrka, Mugawyýa ondan: «Eý, Musawwir! Seniň dileg edip heläk bolaryn diýip gorkýan zadyň barmy?» diýip soranda, Musawwyr: «Hawa! Eger sen maňa «Alladan günälerimiň geçilmegini dileg et» diýseň. Meniň üçin iň gorkuly zat bolar» diýip jogap berýär.

---

[1] Musawwyr ibn Mukryma ibn Nowfyl ibn Uhyp Zuhary. Onuň ejesi Atyka bint Awf Abdyrahym ibn Awfyň dogany. Hijretiň 2-nji ýylynda eneden dogulýar. Muhammet alaýhyssalamdan köp hadys ýatlan, akylly, dindar adam. Daýysy Abdyrahmandan, sahabalardan örän köp zat öwrenýär. Abdylla ibn Abu Siraj (Sirah) bilen Afrikanyň basylyp alynmagyna gatnaşýar. 64-nji hijri ýylynda şäher gabawyndaka manjanykdan atylan daş degip wepat bolýar.

# ÝIGRIMI DOKUZYNJY BAP

## HOŞBOÝ YSLY SERIŞDELER, ATYRLAR, OLARYŇ GÖRNÜŞLERI, DÜZÜMI WE ULANYLŞY HAKYNDA

Osman ibn Muzgyn[1] atyr söwdasyny edýärdi. Bir gün ol Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna barýar. Onuň eline atyryň reňki urup gyzaryp durdy. Muhammet alaýhyssalam oňa: «Erkek adam üçin atyryň ysy gowy ýaýrap, reňki çykmasa, zenan maşgala üçin bolsa atyryň reňki köp çykyp, ysy az bolup ýaýrasa haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam Köwser[2] suwy hakynda: «Onuň suwy müşkdir, damjasy dürdir» diýýär.

* * *

Enes: «Bir gezek Muhammet alaýhyssalam biziň öýümize gelende, uklap galdy. Ol derläp, maňlaýyndaky der syrygyp,

---

[1] Osman ibn Muzgyn ibn Habyp ibn Wahap Abu Saýyp Jamhy. Jahylyýet döwrüniň dana adamlarynyň biri. Ol jahylyýet döwründe-de aragy haram hasaplaýardy. 13-nji adam bolup yslam dinini kabul edýär. Hebeşistana iki gezek hijret edýär. Bedr söweşinde şehit bolýar. Muhammet alaýhyssalam onuň jynazasyna gelip, onuň maňlaýyndan ogşaýar. Onuň gözünden akýan gözýaş damjalary Osman ibn Muzgynyň egnine damyp durdy. Medinä gelip wepat bolan ilkinji muhajyrdyr we Bakyg gabrystanlygynda jaýlanan ilkinji musulmandyr.

[2] Köwser jennetdäki howzuň adydyr.

ýere damyp durdy. Meniň ejem deriň damýan ýerine gap getirip goýdy. Muhammet alaýhyssalam oýananda ýanynda duran gaby görüp:

— Eý, Ümmi Selim! Seniň bu edýän işiň näme? — diýip sorady.

Onda ejem:

— Eý, Resulalla! Seniň deriň biziň üçin iň ýagşy atyrdyr — diýip jogap berdi» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eger men täjir bolan bolsam, atyr söwdasyny ederdim. Bu söwdanyň düşewüntliligi üçin däl-de, atyryň ýakymly ysy üçin» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Japar Mugawyýa atyr sowgat berýär. Mugawyýa ondan:

— Bu atyryň bahasy näçe? — diýip soranda, ol:

— Bu atyr örän gymmatdyr. Şonuň üçin onuň ady hem galyýa[1] — diýýär.

* * *

Abu Katada: «Ibn Mesgut öýünden metjide gitse, onuň ähli goňşulary Ibn Mesgudyň atyrynyň ýakymly ysy boýunça onuň metjide gidendigini bilýärdiler» diýýär.

* * *

Ekreme[2]: «Ibn Apbas müşk çalnanda ol müşküň içine çümüp çykan ýaly bolýardy. Ol köçeden geçip gitse, adamlar:

---

[1] Galyýa — arap dilinde gymmat diýmegi aňladýar.
[2] Abdylla ibn Apbasyň hyzmatkäri.

«Ýa-ha Ibn Apbas ýa-da müşk geçip gitdi» diýerdiler» diýip gürrüň berýärler.

* * *

Abu Feýha: «Ibn Apbasyň çalýan müşküniň bahasy meniň ähli baýlygymdan gymmatdyr» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Zeýt[1] bir ýere gitmekçi bolsa, ilki bilen hoşboý ysly atyr sepinip soňra giderdi.

* * *

Köp ýagşyzadalar gije turup, täret alardylar, soňra sakgallaryna ýagşy ysly atyr seperdiler.

* * *

Temim Dar sekiz ýüz dirheme atyr satyn alýar we gijelerine turup suwa düşünerdi we satyn alan atyryndan sepinip namaza durardy.

* * *

Şagby: «Ýagşy ysly atyrlar aklyňy zyýada edýändir» diýýär.

* * *

Silm ibn Kuteýba: «Pylanyň gyzy ýanymdan geçende, onuň atyrynyň ysy meniň başymy aýlardy. Bu gyzyň atyrynyň ysy onuň aşyk ýigdiniň iň ýakymly lezzeti bolsa gerek» diýýär.

---

[1] Abdylla ibn Zeýt ibn Aslam Adawy Abu Muhammet Medeni. Ilki Omar ibn Hattabyň guly bolup, soňra azat edilýär. Ondan birnäçe adam hadys gürrüň berýär. 164-nji hijri ýylynda Mätiniň halypalyk edip başlan döwründe wepat bolýar.

* * *

Pasyk adam iň gymmatbahaly atyry sepinse-de nejasatdyr.

* * *

Sagyt ibn Zeýt: «Abdylla ibn Galybyň gabryna baryp, oňa doga okadym, soňra gabrynyň topragyndan alyp ysgap görsem, atyryň ysy gelip durdy» diýýär.

* * *

Jahyz: «Piliň maňlaýyndan akýan der müşküň ysyny berýändir» diýýär.

* * *

Harun Reşit Antakyýa göçmek isleýär. Emma onuň akyldarlarynyň biri garşy çykýar. Ol Harun Reşide: «Eý, möminleriň emiri! Antakyýa dynç almaga sapaly ýerdir. Ol ýeriň howasy atyrdyr. Emma hoşboý ysly ýerde ýaşamak adamy arkaýyn edýändir, ýaragy zeňledýändir. Seniň bolsa dolandyrmaly uly döwletiň bardyr. Şonuň üçin Antakyýa göçseň, döwletiňi ýitirersiň» diýýär. Şondan soňra Harun Reşit Antakyýa göçmek pikirinden dänýär.

* * *

Pars ýurdunyň şäheri bolan Sirabyň atyryň ysy ýaly howasy bardy.

* * *

Müşk Çyn-Maçynda öndürilýär. Keýigiň garnynyň aşagynda, göbeginiň ýanynda gan üýşýär. Awçylar keýigi awlap etini iýerdiler we garnynyň aşagyndaky gany alyp onuň ysyny aýyrmak üçin arpa gömüp goýýardylar. Şondan soňra müşki ýasaýardylar.

* * *

Jahyz: «Bir gezek men atyr ýasaýan dostlarymyň birinden:

— Müşk barada näme aýdyp biljek? — diýip soranymda, ol:

— Gan haramda bolsa, müşk halaldyr. Eger Muhammet alaýhyssalam müşk ulanmadyk bolsa, men atyr söwdasyny etmezdim — diýip jogap berdi» diýýär.

* * *

Anbary kenara deňziň tolkunlary çykaryp taşlaýar. Ony iýen ölýärdi. Guş oňa çüňküni ursa, çüňki ýelmeşip galýardy. Bu zadyň (anbaryň) düzüminiň, nämedigi hiç kime aýan däldi. Täjirler, atyrçylar ony tapanda onda guşuň dyrnagy, çüňki bardy. Soňra bu zatdan ýagşy ysly atyr ýasap müşki-anbar diýip at berýärler.

* * *

Mekgeliler: «Anbar deňziň ýagydyr. Ol Hindi deňzinde bolýar. Onuň iň ýagşysy kül reňkde, soňra gök reňkde bolýar. Erbedi gara reňkde bolýar» diýýärler.

* * *

Ibn Apbas: «Anbar üçin zekat tölenmeli däldir. Ol deňizden çykan zatdyr» diýýär.

* * *

Bir adam ýerden Allanyň ady ýazylan kagyzy tapýar we ýanynda bar bolan bir dinara atyr satyn alyp, bu kagyza sepýär. Ol adam uka gidende düýşünde biri: «Meniň adyma ýagşy ysly atyr sepeniň üçin seniň geljegiň hem ýagşydyr» diýýär.

* * *

Halyt ibn Safwan: «Ýezit ibn Muhatap meniň doganymy tutup, zyndana oklady. Men ony boşatmak üçin Ýezidiň ýanyna gitdim. Men onuň gapysynyň agzyndaky hyzmatkäre: «Meniň Ýezide kelam agyz gürrüňim bar» diýip, rugsat soradym. Hyzmatkär Ýezidiň ýanyndan dolanyp gelip, meni onuň ýanyna alyp gitdi. Men Ýezidiň ýanyna girenimde, elinde altyn gapdaky atyry saklap duran owadan gyrnaga gözüm düşdi. Men öňki diýmekçi bolup gelen sözlerimiň deregine:

— Men ömrümde seniň atyryň ysy ýaly ys alyp görmändim. Bu müşk-anbar dünýäde ýeke-täk bolsa gerek — diýdim. Ol menden:

— Näme hajat bilen geldiň? — diýip sorady. Men oňa:

— Agam seniň zyndanyňda tussaglykda ýatyr — diýdim. Onda Ýezit: Gaýdyber, ol senden öň öýüňe barar — diýdi. Hakykatdan hem öýe gelsem, agam öýde eken» diýýär.

* * *

Abubekr Muhammet ibn Apbas Horezmi şeýle diýýär:

Atyrlaryň bary deň däl, bardyr tapawut,
Müşk jennetden inen, misli dür-ýakut.

Magşugyň gelýändigin buşlaýar hoşboý yslar,
Kalplar lerzana gelip, sämeder juwan başlar.

Misli burun aşyk kalbyň içalysy ýalydyr,
Aşygy maýyl edýän onuň hoşboý ysydyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam zenan maşgalalara: «Garaňky gatlaşanyny görseňiz, ýagşy ysly atyr sepinmegi unutmaň» diýýär.

* * *

Hindistanyň bir obasy hurma ýetişdirmekde, ýüzüge nagyş salmakda, ajaýyp egin-eşik tikmekde örän meşhurdy. Ýöne bu obany ýaňkylardan-da has meşhur eden zat bu ýerde ýasalýan atyrdy. Bu atyrdan egin-eşigiňe sepseň, birnäçe hepde atyryň ýakymly ysy aýrylmazdy. Şonuň üçin hem bu obanyň täjirsiz wagty bolmazdy.

* * *

Abu Eýýup Süleýman[1] Mansuryň weziri mahalynda Mansur oňa Ahwazyň töwereginden birnäçe obany bagyş edýär. Abu Eýýup bu obalara aýlanmaga gidende, gymmatbaha atyrlardan sepinip giderdi. Obanyň adamlary onuň atyrynyň ysyna haýran bolup ony diňlärdiler, oňa doly boýun egerdiler. Şondan soňra bu obada kimiň sözi diňlense oňa «Abu Eýýubyň atyryny sepinen ýaly» diýerdiler.

* * *

Itiň ysy nejasatdyr. Araplarda kimdir birinden erbet ys gelse, itiň ysy ýaly diýilýär.

---

[1] Abu Eýýup Süleýman ibn Muhammet Muryýany Huzy. Süleýman ibn Habyp ibn Muhallabyň kätibi. Apbaslylar halypasy Mansur ony Halyt ibn Barmakdan soňra özüne wezir edip, ýanyna alýar. Emma 153-nji hijri ýylynda Mansur bilen tersleşýär. Mansur onuň ähli mal-mülküni elinden alýar we onuň özüni tussag edýär. Abu Eýýup şol ýylda wepat bolýar.

* * *

Bir gezek Imrulkaýsyň[1] aýaly adamsyna:

— Sen derläniňde senden itiň ysy gelýär — diýýär. Onda Imrulkaýs:

— Hawa! Ýaş wagtym ejem-kakam süýt tapman meni itiň süýdi bilen eklediler — diýýär.

* * *

Isa alaýhyssalam ýagşy atyryň ysyny alanda burny gyzarardy. Oňa bu hakynda aýdanlarynda ol: «Esasy zat burnumyň ýagşy atyryň ysyny alanda gyzarmagydyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattaba (goý, Alla ondan razy bolsun!) Bahreýinden müşk sowgat goýberýärler. Bu müşk Omaryň aýaly Atyka bint Zeýdiň göwnünden turýar. Ol müşki özüne almakçy bolanda, Omar: «Müşkden boýnuňa çal, galanyny ähli musulmanlara paýla. Bu müşkde olaryň-da paýy bardyr» diýýär.

* * *

Enes: «Muhammet alaýhyssalamyň-da müşki bardy. Ol mydama şol müşki sepinýärdi» diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziziň özi musulmanlara müşki paýlaýardy. Ol müşk paýlanda burnuny tutup: «Müşkiň esasy zady ýagşy ysdyr. Şondan olaryň hakyny iýmäýin. Olary hoşboý ysdan mahrum etmäýin» diýerdi.

---

[1] Imrulkaýs ibn Hajar Kindi. Jahylyýet döwrüniň meşhur şahyrlarynyň biri.

* * *

Bir gezek Abu Eýýup Ensary Muhammet alaýhyssalama sarymsak salyp, nahar bişirip berýär. Muhammet alaýhyssalam bu nahardan datmaýaram. Abu Eýýup ýene bir nahar bişirýär. Ol bu nahara-da sarymsak salýar. Muhammet alaýhyssalam bu nahary-da ellemeýär. Abu Eýýuba gelip: «Ol bu naharyň-da duzuny datmady» diýenlerinde, ol Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna girip:

— Sarymsak harammydyr? — diýip soraýar. Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Ýok, meniň iýmeýänimiň sebäbi agzymdan erbet ys gelerinden gorkýan — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gezek Selme Aýýaş[1] Japar ibn Süleýman Ibn Ala şeýle diýýär:

Entäk-entäk müşküň alyp ysyny,
Seniň müşküň aýlandyrdy başymy.

* * *

Japar Selmä müň dinar, ýüz mysgal müşk, ýüz mysgal anbar bermegi emr edýär.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) Rum şasyna sowgat goýberýär. Omaryň aýaly Aly ibn Abu Talybyň gyzy Ümmi Gülsüm[2] bir dinara müşk satyn alyp, gaba

---

[1] Selme ibn Aýýaş Basry — emewiler we apbaslylar döwletiniň şahyry.

[2] Ümmi Gülsüm bint Aly ibn Abu Talyp. Onuň ejesi Patma Zahra Muhammet alaýhyssalamyň gyzy. Ol Resulalla dirikä eneden dogulýar. Omar onuň üçin 40 müň dirhem galyň töleýär. Ondan Omaryň Zeýt we Rukyýa diýen çagalary

salýar we Rum şasynyň aýalyna sowgat goýberýär. Sowgatlary alyp giden çapar gaýdyp gelende, Ümmi Gülsüme Rum şasynyň aýalyndan bir gap jöwher sowgat getirýär. Ol öz otagynda jöwherleri ýere ýazyp synlap otyrka, Omar girýär. Ol Ümmi Gülsümden: «Bu zatlary nireden aldyň?» diýip soraýar. Ümmi Gülsüm bolan wakany gürrüň berýär. Onda Omar:

— Bu baýlyklaryň bary musulmanlaryňkydyr — diýýär. Ümmi Gülsüm:

— Ol nähili bu jöwherler meniň sowgadymyň öwezine gelen zatlar ahyryn — diýýär. Omar:

— Goý, ikimiziň dawamyzy kakaň çözsün — diýip, Hezreti Alyny çagyrýar. Hezreti Aly olaryň ikisinide diňläp, gyzyna:

— Jöwheri satda bir dinary özüňe al, galanyny ähli musulmanlara paýla. Seniň sowgadyňy äkidip, deregine sowgat getiren musulmanlardyr — diýýär.

* * *

Bir dana: «Ýagşy ysy almak uly nygmatdyr» diýýär.

* * *

Hindistanda kafur (kamfara) atly agaç bardy. Onuň içinde öz ýagy bolýardy. Bu agajy ýaranyňda onuň içindäki ýag dessine doňup galýardy. Ol agajyň ýagyndan hoşboý ysly atyrlar ýasalýardy.

* * *

Müşk gyzyl ýalydyr. Satsaň pul bolar. Ulansaň ýagşy ys bolar.

---

dogulýar. Omar wepat bolandan soňra, Awf ibn Japar ibn Abu Talyba durmuşa çykýar. Awf wepat bolandan soň, Awfyň dogany Abdylla ibn Gülsüm we ogly Zeýt bir günde wepat bolýarlar.

# OTUZYNJY BAP

## ADAMLARYŇ BIRI-BIRI BILEN DUŞUŞMAGY, ELLEŞIP SALAMLAŞMAK, OTURYŞMAK, GATNAŞYK ETMEK, MYHMANÇYLYGA BARMAK, SALAM BERMEK WE ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ EDEPLERI HAKYNDA

Jabyr ibn Abdylla Ensary: «Muhammet alaýhyssalam: «Birine duşanyňda salamlaşmak onuň bilen mylakatly gürleşmek pygamberleriň we ýagşyzadalaryň häsiýetidir. Gelen myhmany kabul etmek, oňa hyzmat, hödür-kerem etmek her bir musulmanyň borjudyr» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Abu Hureýra: «Muhammet alaýhyssalam: «Kimdir biri musulman doganynyň öýüne myhmançylyga barsa, ol öýüň eýesine gökden: «Eger myhmanyň göwnüni tapsaň, jennetde jaýyň taýýardyr» diýip ses gelýär» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Kagkag ibn Şur[1] kimdir biri bilen mejlisde otursa, ýanynda oturan adama maly-dünýäsinden paý bererdi, kyn ýagdaýa

[1] Kagkag ibn Şur Zehli. Kufanyň tanymal we abraýly adamlarynyň biri.

düşse kömek bererdi. Soňundan oňa mejlisde ýanynda oturany üçin minnetdarlygyny bildirerdi.

* * *

Günleriň birinde emewiler halypasy Mugawyýa mejlis geçirip otyrka, bir adam girýär. Mugawyýa oňa ýanyndan ýer görkezýär. Mejlisden soňra Mugawyýa ol adama ýüz müň dirhem bermegi emr edýär. Ol adam Mugawyýa şeýle diýýär:

Kagkag bilen mejlisde oturyp gördüm,
Bu gün Mugawyýadan sylagym aldym.

* * *

Bir pelsepeçiden:

— Pygamberleriň haýsysy köp üstünlik gazandy? — diýip soranlarynda, ol:

— Görk-görmeklisi we akyllysy — diýip jogap berýär.

* * *

Soramadyk adama jogap berme, jogap bermejek adamdan zat sorama.

* * *

Bir sopudan: «Sen nädip beýle derejä ýetdiň?» diýip soranlarynda, ol: «Düýnki günüme ökünip, bu günümi ýigrenip, ertiriň aladasyny edip» diýip jogap berýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Hyşam ibn Abdylmälik mejlisde otyrka ýerinden turanda egnindäki dony ýere gaçýar. Mejlisde oturanlaryň biri dona elini uzadanda, Hyşam onuň elinden tutup:

— Hoş geldiň! Biz mejlisimize gelen adamlary bimaza edemzok. Şonuň üçin arkaýyn otur we arkaýyn dynç al — diýýär.

* * *

Bir gezek Asmagy Harun Reşidiň elinden ogşaýar we oňa:

— Eý, möminleriň emiri! Seniň eliňdäki ýaly ýagşy ysy ömrümde ysgap görmändim. Allatagala seniň ýaşaýşyňy mundan-da ýagşy etsin, seniň yrsgalyňy mundan-da köpeltsin we seni öz penasynda saklasyn — diýýär.

* * *

Günleriň birinde Halym ibn Ahmet okuwçylarynyň biriniňkä myhmançylyga barýar. Ol okuwçysyna: «Eger sen meni soramaga zyýarata barsaň, bu seniň edepliligiň alamatydyr. Eger men seniň hal-ahwalyňy soramaga gelsem, onda seniň hormata mynasyp bolandygyň alamatydyr» diýýär.

* * *

Bir adam Hyşam ibn Abdylmäligiň elini ogşamakçy bolýar. Onda Hyşam ol adama: «Parslarda köşk emeldarlary, araplarda bolsa tamakin adamlar el ogşaýandyr. Şonuň üçin bu işiňi gaýtalama» diýip ündeýär.

* * *

Talha ibn Ubeýdylla: «Öý eýesiniň gapysynyň agzynda oturmagyny sahylygynyň, keremliliginiň alamatydyr» diýýär.

* * *

Bir adam apbaslylar halypasy Abu Japar Mansura: «Eliňi ber ogşaýyn» diýende, ol: «Men seni we başgalary şu elimden goramaga çalyşýaryn. Elimi hem sizden goraýaryn» diýýär.

* * *

Abu Hanypanyň egindeşleriniň biri Şapygydan bir mesele babatynda soraýar. Şapygy jogap berýär. Onda ol adam Şapyga:

— Ýalňyş aýtdyň — diýýär.

Şapygy oňa:

— Eger men seniň ýeriňde bolup, seniň şu gürleýşiň ýaly gürlesem, ýene-de birnäçe ýyllap edep öwrenerdim — diýýär.

* * *

Enes: «Bir gezek Hüseýin ibn Aly bilen otyrkak, onuň gyrnagy eli jamly gapydan girdi we bize salam berdi. Hüseýin onuň salamyny aldy we «Allatagalanyň haky üçin sen azatsyň» diýdi. Men Hüseýinden:

— Sen ony azat eder ýaly ol saňa näme etdi? — diýip soranymda, ol:

— Bu Allatagalanyň bize öwreden zadydyr. Ol bize «Kim-de kim size salam berse, ony ýagşy görnüşde gaýtaryň ýa-da jogap beriň» diýdi. Gyrnagy azat etmegim bolsa, onuň salamyny gowy görnüşde gaýtardygymdyr — diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Bir gezek Abdylla ibn Ýahýa Ibn Uýaýnadan:

— Men ýok wagtym, wagtyňy nähili geçirdiň? — diýip soranda, ol:

— Wagtymy her hili, ýagdaýa görä geçirdim. Gowy ýagdaýymda öwdüm, erbet ýagdaýymda gybatyňy etdim — diýýär.

* * *

Semäme ibn Aşras Abdylla ibn Tahyr sapardan gelende, elini ogşaýar. Abdylla ondan:

— Men gidemden soň nähili ýagdaýda bolduň? — diýip soraýar.

Ol Semäme:

— Seni göresim geldi, wagtym geçmedi we adamlary ýigrendim. Seni hormatlaýanym üçin seni göresim geldi. Seniň ýoklugyň zerarly wagtym geçmedi. Seniň ýeriňi hiç kim tutup bilmändigi üçin başga adamlary ýigrendim — diýýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Abdylmälik ibn Merwan ýanyna gelen ol adama özi çaý guýup berýär. Ol adam özüne goýulýan hormaty geň görýär. Abdylmälik onuň geň görendigini bilip:

— Dört ýagdaýda, soltana, kakaňa, öýüňdäki myhmana we ýatagyňdaky mallara hyzmat etmek utanç däldir — diýýär.

* * *

Araplarda yslamdan öň: «Ertiriň nygmatly bolsun» ýa-da «ýagşy tagamlar arzuw edýärin» diýip salamlaşar ekenler.

* * *

Durmuşyň her bir halaty adama sapak berýändir. Emma iň esasy sapak alymlaryň mejlisinden alýnýandyr.

* * *

Bir çarwa: «Salamlaşanda adamyň elini ogşamak bozuklykdyr. Iň şatlykly zat bolsa buşlukdyr» diýýär.

* * *

Samsyklaryň mejlisinde oturmak howp-hatarlydyr. Ondan turup gaýdyp bilmek ýeňişdir.

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalam ders okap oturan çagalaryň duşundan geçip barýarka, durup olara salam berýär we ýene-de ýoluny dowam etdirýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Her bir ýurdy ilçisi boýunça tanaýarlar we göz öňüne getirýärler. Adamyň akyly mejlisdäki ilçisidir» diýýär.

* * *

Bir gezek Ahmet ibn Ýusup apbaslylar halypasy Mamunyň ýanynda onuň duşmanlarynyň birine hat ýazyp otyrka, Mamundan pyçak soraýar. Mamun pyçagy uzadanda Ahmet elini pyçaga kesdirýär. Mamun oňa geň galyp seredýär. Onda Ahmet ibn Ýusup:

— Eý, möminleriň emiri! Hatyňda gan gören duşmanlaryň senden gorksun diýip men bilgeşleýin elimi kesdirdim — diýýär.

Mamun onuň ugurtapyjylygyna haýran galýar.

* * *

Patyşalaryň mejlisine barmasaň, onuň gazabyna duçar bolarsyň.

* * *

Bir adam Ybraýym Edhemden:

— Sen nähili edip bu derejä ýetdiň? — diýip soranda, ol:

— Mejlisde hiç kime biderek gürrüňler bilen azar bermän — diýip jogap berýär.

* * *

Käbir şalar mejlisde pallap ugrasa, ýadawlyk duýsa, aýagy guruşsa, elinden galam ýa-da nämedir bir zat gaçyrsa adamlary huzuryndan çykaryp dynç almaga haky bardyr. Beýle edilmegi şanyň özüne, adamlara, kabul ediljek perman üçin neplidir.

* * *

Erdeşir mejlisde ýadasa ýerinden turup gerinerdi. Kubat ýadawlyk duýsa mejlisden daş çykyp, uzak wagtlap asmana seredip durardy.

* * *

Şagby: «Gözi bilen gören zadyny iki hili edip gürrüň berýän adam ýalan sözleýändir» diýýär.

* * *

Erdeşir ýa-da Anuşirwan[1] weziriniň ýa-da kimdir biriniň öýüne myhmançylyga barsa, ol gün taryhy waka hökmünde kitaplara ýazylardy. Myhman alan öý öň sylanmaýan adam hem bolsa, indi ol tanymal, sylag-hormatly adama öwrülerdi. Onuň kowumdaşlary sylag-hormaty ýitirmejek bolup jenaýatdan daşda durardylar. Şanyň sag tarapynda oturmak iň bir sylagly ýerdi. Şa ýerinden turup, daş çyksa hiç kim onuň ýerinde oturmaga milt etmezdi.

[1] Sasanlylar şasy Anuşirwan Adyl. Sasanlylar şalarynyň içinde iň adyl şa hökmünde tanalýar.

* * *

Eger kimdir biri bilen mejlis gurap oturmakçy bolsaňyz onda dindar ýa-da ulamalar we asylzadalar bilen otur. Olaryň mejlisinde erbet gürrüň edilmez.

* * *

Bir adam apbaslylar halypasy Mamundan:

— Nähili mejlis ýagşydyr? — diýip soranda, ol:

— Adamlaryň wezipesine ýa-da abraýyna laýyklykda geçirilen mejlisden, ýönekeý adamlar gelip, akylly gürrüňler edilen mejlis haýyrlydyr — diýýär.

* * *

Ahnaf: «Güler ýüzli adam halkyň söýgüsini tiz gazanar» diýýär.

* * *

Pyntygyň geljekki miwäniň alamaty bolşy ýaly, güler ýüzlülik sahylygyň alamatydyr.

* * *

Kimdir biri seniň ýanyňa hajat bilen gelse güler ýüz ber şonda sen onuň hajatyny ýerine ýetirmeseňem ol senden nägile bolmaz. Gülerýüzlülik üstünlik gazanmagyň hilesidir.

* * *

Lukman Hekim: «Eý, oglum, nirädir bir ýere ilçi goýbermekçi bolsaň, akmak adam goýbermegin. Sebäbi ilçi seniň adyňdan gürläp, seniň ýeriňi tutýandyr. Onuň nadan gürlemegi seniň nadan gürlediginň diýip düşünerler. Eger dana adam tapmasaň onda ilçi goýbermekçi bolan ýeriňe gowusy özüň gitgin» diýýär.

* * *

Fazyl: «Kim-de kim ahyrýetiniň gowy bolmagyny islese misginler bilen mejlis gurasyn» diýýär.

* * *

Tiz-tizden zyýarata barmak myhman ýeriňi ýadadar. Az zyýarata barýan adam baran ýerinde sylag-hormata mynasyp bolar.

* * *

Lukman Hekim ogluna: «Eý, oglum! Eger kimdir birine ýolda duşsaň ony yslam dininiň oky bilen atgyn, ýagny salam bergin. «Essalamu aleýkum we rehmetullahi we berekatuhu» diýmek ol adamda saňa bolan dostluk we söýgi döreder» diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Hezil Mamun bilen saçagyň başynda otyrka Mamuna:

— Eý, möminleriň emiri! Men bu ýerde dok otyryn welin daşarda meniň gulum bilen eşegim açdyr. Şu bereketli saçakdan şolara bir zat bolaýsa — diýýär.

Onda Mamun:

— Eý, Abu Hezil, dogry aýdýarsyň — diýýär we hajyplarynyň birine Abu Heziliň guly bilen eşegini naharlamagy emr edýär.

Şol wakadan soňra Muhammet ibn Jahymyň[1] nähilidir bir işi ýüze çyksa, Mamunyň ýanyna baryp oňa:

---

[1] Muhammet ibn Jahym Barmaky. Mamun halypalyk eden wagtynda birnäçe welaýata häkim edip belleýär. Bir gezek Mamun ondan risa (elegiýa), madh (oda, öwgi), hyja (birini masgaralamak) we gazal (söýgi) žanrynda goşgy okamagy emr

— Eý, möminleriň emiri! Abu Heziliň guly bilen eşeginiň hajatyny ýerine ýetirene meniň hajatymy ýerine ýetirmek has ýeňildir — diýip, söze başlardy.

* * *

Bir gezek Abu Gassan Nowruz baýramçylygynda Horasan häkimi Nasyr ibn Ahmede öz kitabyny sowgat berýär. Abu Gassan edepsiz adamdy. Ahmet ibn Nasyr ondan:

— Eý, Abu Gassan bu kitap näme hakynda? — diýip soranda, ol:

— Özüňi alyp barmagyň edebi» hakynda — diýýär.

Ahmet ibn Nasyr oňa:

— Sen näme üçin ile aýdýan zadyňy özüň amal edeňok? — diýýär.

Bir şahyr şeýle diýýär:

Edep dersin öwredenden kesekä,
Pikir et, öz ylmyň ýeterlikmikä?

* * *

Attaby: «Mejlisde köp gürlegen dil, adamy pes eder» diýýär.

* * *

Bir gezek Apbas ibn Abdylmuttalypdan:

— Sen ulumy ýa-da Muhammet alaýhyssalam? — diýip soranlarynda, ol:

— Muhammet uludyr, emma men ondan öň doguldym — diýýär.

---

edýär. Ol Mamunyň emrine ýerine ýetirýär welin, Mamun ony Deýnur, Hemedan, Nehawent we Susa häkim belleýär.

* * *

Şeýle waka emewiler halypasy Mugawyýa bilen hem bolup geçýär. Ol Sagyt (bagtly) ibn Merre Kindiden:

— Sen Sagytmy? — diýip soraýar.

Onda Sagyt:

— Möminleriň emiri bagtlydyr. Men bolsa Merräniň ogludyryn — diýýär.

* * *

Mamun Seýit (hojaýyn) ibn Enesden:

— Sen Seýitmi? — diýip soranda, ol:

— Möminleriň emiri hojaýyndyr. Men bolsa Enesiň ogludyryn — diýýär.

* * *

Bir gezek Hajjaç ibn Ýusup Muhallapdan: «Meniň boýum uzynmy seniň?» diýip soraýar. Onda Muhallap: «Meniň boýum uzyn hem bolsa, sen ýokardan seredýänsiň» diýýär.

* * *

Jahyz: «Tuweýs[1] diýen adam sözi aýlap gürlemäni oňarardy. Ol edepsiz adam görse oňa: «Seniň ejeň mübärek ýüzli, kakaň ýagşy adam» diýerdi. Onuň beýle diýdigi: «Sen nireden dörän zat diýdigidi».

* * *

Bir arapdan:

— Halyň niçik? — diýip soranlarynda, ol:

[1] Aýdymçy Tuweýs Isa ibn Abdylla.

— Deňizde ýüzüp barýan gämi gark bolup, ondaky adamlar hem agaçdan ýapyşyp dursa, şolaryň haly niçik bolar? — diýip, soraýar.

Ol adam:

— Erbet — diýýär.

Onda beýleki adam:

— Meniň halym şolaryňkydan-da erbet — diýýär.

* * *

Bir gezek Sagyt ibn As bir kuraýşy ýigidiň ýeke özüniň ýöräp barýandygyny görüp, onuň bilen ýöräberýär. Ol Sagydyň ýüzüne seredip:

— Sen menden nämedir bir zat isleýäňmi? — diýip soraýar. Onda Sagyt:

— Ýok, ýöne seniň ýeke ýöräp barýanyňy görüp, saňa ýoldaş bolaýyn diýdim — diýýär.

Ol ýigit öýüne girip az wagtdan eline gapjyk alyp çykýar. Gapjykda müň dirhem bardy. Ol ýigit gapjygy Sagyda berip:

— Bu seniň ýagşy edebiň üçin sylag-serpaýdyr — diýýär.

* * *

Bir adam Abu Derda: «Pylany saňa salam aýtdy» diýende, ol: «Salam söz hem bolsa, salam iberilýän üçin sylag-hormatdyr we uly sowgatdyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Basrada Nehşemiýa öýlenende sekiniň üstünde oturýar. Onuň sag gapdalynda ogly Hasan, çep gapdalynda ogly Hüseýin we öňünde-de ogly Muhammet Hanapyýa oturýar. Ol Muhammet Hanapyýanyň ýanynda oturtmanyna öýkelärinden çekinip:

«Eý, oglum! Sen meniň oglum bolsaň, bular Resulallanyň agtyklarydyrlar» diýýär.

* * *

Iki adam Hezreti Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) öýüne myhmançylyga barýarlar. Hezreti Aly olara ýassyk oklaýar. Olaryň biri oturyp beýlekisi dik durýar. Onda Hezreti Aly: «Otur, myhmançylyga baranyňda dik durmak diňe eşege gelişýändir» diýýär.

* * *

Habyp: «Kimdir biri bilen gürrüňdeş bolanyňda, onuň ýüzüne ýylgyryp gürlemek ýagşy häsiýetliligiň alamatydyr» diýýär.

* * *

Lukman Hekim ogluna: «Eý, oglum! Eger kimdir biri seniň öýüňe myhmançylyga gelse, oňa salam ber. Soňra oňa öýüň töründen ýer berip, hödür-kerem et. Ilki myhman gürleýänçä gürleme. Haçan-da gürläninde Allany ýatlasa onda oňa sylag-hormat etgin» diýýär.

* * *

Bähram Gur: «Adamyň ýüregindäki söýgüsi ýagşy gylyk-häsiýetler we güler ýüz bilen gazanylýandyr» diýýär.

* * *

Habyp: «Mejlisde oturanyňda diňe bir adam bilen gürleşmän, olaryň her birine aýratyn söz gatyň» diýýär.

## MAZMUNY

**On altynjy bap.** Sylag-serpaý etmek, haýyr işe çykdajy etmek hem onuň öwezini dolmak we şulara meňzeşler hakynda......... 8

**On ýedinji bap.** Samsyklyk, kemakyllyk, sözlände säwlik goýbermek, ýalňyşlyk, hata we şuňa meňzeşler hakynda ....... 18

**On sekizini bap.** Akmaklyk, jynlylyk, samsyklyk, gam-gussalyk, gyssanmaçlyk, sabyr-takatlylyk we dereksiz işler bilen meşgul bolmak hakynda ................................................ 37

**On dokuzynjy bap.** Kinaýaly gürlemek, jaýdar jogap bermek, özgäniň sözüne garşy çykmak, öz diýeniňi tutmak, dawa, jedel we şuňa meňzeşler hakynda .................................................. 45

**Ýigriminji bap.** Jenaýat, günä, erbet iş etmek, eden işiňe ökünmek, toba etmek we şuňa meňzeşler hakynda................. 83

**Ýigrimi birinji bap.** Utanç-haýa, dymmaklyk, agraslyk, köpçülikde özüňi alyp barmak, ýekelik (ýalňyzlyk), çen-çaky bilmek we nebsiňe buýurmak hakynda ................................ 105

**Ýigrimi ikinji bap.** Mekirlik, ikiýüzlülik, dönüklik, erbet niýetlilik, güman etmeklik, aldaw we şuňa meňzeşler hakynda............................................................................ 128

**Ýigrimi üçünji bap.** Ýagşy we haýyr işler, ýagşyzadalar we salyh adamlar hakynda ........................................................136

**Ýigrimi dördünji bap**. Häsiýetler we olaryň görnüşleri. Ýagşy we ýaman häsiýetler. Uzyn we gysga, uly we kiçi, semizlik we horluk hakynda ...........................................................154

**Ýigrimi bäşinji bap.** Ýagşy we ýaman endikler, gahar-gazap we mylaýymlyk, zalymlyk we geçirimlilik ýaly häsiýetler hakynda....................................................................................174

**Ýigrimi altynjy bap.** Din we onuň bilen baglanyşykly namaz, oraza, haj, sadaka bermek hem-de beýleki dürli ybadatlar hakynda....................................................................................198

**Ýigrimi ýedinji bap.** Adamlary kemsitmek, olaryň üstünden gülmek, sögünmek, gybat etmek hakynda ............................250

**Ýigrimi sekizinji bap.** Allatagalany ýatlamak, oňa doga etmek, mynajat etmek, ondan geçirimlilik soramak, pygamber alaýhyssalama doga etmek we şuňa meňzeşler hakynda .......264

**Ýigrimi dokuzynjy bap.** Hoşboý ysly serişdeler, atyrlar, olaryň görnüşleri, düzümi we ulanylşy hakynda....................295

**Otuzynjy bap.** Adamlaryň biri-biri bilen duşuşmagy, elleşip salamlaşmak, oturyşmak, gatnaşyk etmek, myhmançylyga barmak, salam bermek we özüňi alyp barmagyň edepleri hakynda....................................................................................305

**Abulkasym Mahmyt ibn Omar**
**Jarulla Zamahşary**

## Ýagşyzadalaryň bahary

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämejikow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 14.06.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 20.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №1736.
A-14562

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.